**Türkmenistanyň bilim ministrligi**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**M. Hudaýýarow**

# “Geografiki etraplaşdyryş”

**“Geografiýa” hünäri üçin okuw gollanmasy**

**Aşgabat - 2010**

**OUT 01.08/00-09**

M.Hudaýýarow

Geografiki etraplaşdyryş. Okuw gollanmasy.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti

*Syn ýazanlar:* geografiýa ylymlarynyň kandidaty,
geografiýa ylymlarynyň kandidaty T.Babaýewa

2010-njy ýyl. 98 sah.

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi.

Ylmy redaktor: geografiýa ylymlarynyň kandidaty,

## 1. Geografiki etraplaşdyrmagyň maksady we öňünde durýan wezipeleri.

Geografiki etrapladyrmaklygyň ylmy we hojalyk ähmiýeti. Ýer üstünde geografiki gabygynyň(litosferanyň, gidrosferanyň, atmosferanyň, biosferanyñ) dürlüligi. Ýer gabygynyñ wertikal we gorizontal üýtgeýşi. Geografiki toplumlar barada düşünje. Landşafty öwreniş, fiziki geografiki we ykdysady geografiki raýonlaşdyrmak ugurlaryň emele gelmegi. Olaryň hususy fiziki geografiki raýonlaşdyrmakdan tapawudy. Etraplaşdyrmaklygyň öňünde durýan wezipeleri.

Ýerlerde meýdan çäkleri fiziki-geografiki we ykdysady geografiki etraplaşdyrmaklygyň hojalyk ähmiýeti uludyr. Sebäbi, fiziki-geografiki etraplaşdyranda ýerli tebigy toplumlar ýüze çykarylýar. Ýerli-tebigy toplumlar tebigatyň kanuny, kanunalaýyklyklary esasynda ýaşaýarlar. Şol kanunlary, kanunalaýyklyklary öwrenip etraplaşdyryş işleri geçirilýär. Islendik döwletiň meýdan-çägi fiziki-geografiki etraplaşdyrandan soňra olary özleşdirmek, hojalykda ulanmak, tebigy baýlyklary tygşytly ulanmak, tebigaty goramak, ekologik meseleler ýüze çykýarlar. Eger-de öwrenilýän ýer öň özleşdirilen bolsa, şol ýerlere adamyň hojalyk işiniň täsiri nähili, tebigata ýaramaz täsir edýärmi, ýa-da tersine tebigatyň ösüş kanunlaryna sepleşip gidýärmi. Etraplaşdyrmak boýunça barlag işleriň netijesi hojalygy ösdürmeklige ýardam eder ýaly, tebigy baýlyklary rejeli ulanyp, antropogen, ýagny adamzadyň hojalyk işleri tebigata ýaramaz täsir etmez ýaly teklipleri hödürlemelidir.

Ykdysady-durmuş geografiki barlaglaryň soňy ýurdy ykdysady-durmuş taýdan sebitlere bölmek bilen tamamlanýar.Ykdysady-geografiki barlaglarda esasy üns berilýän mesele ýerlerde önümçiligiň ýöriteleşmegi. Ykdysady sebitlere bölmekligiň esasy sebitara, döwletara we halkara

önümçilik ýörüteleşişini anyklamakdan ybarat bolup durýar. Islendik sebit öndürýän önümi bilen öz etrabyny, sebitini haryt bilen üpjin edýän bolsa, bu hili ýöriteleşişe etrapara ýöriteleşiş diýip aýdylýar. Öndüren önümi, harydy bilen sebitiň, welaýatyň daşyna çykyp bilse, onda şol sebite ýa-da welaýata ýöriteleşen diýip bolýar. Diýmek welaýatyň öz halkyny öndürýän önümi bilen üpjin edip, artykmajyny daşyna çykarýar.

Ykdysady-durmuş geografiki barlag işleri geçirlende ýerlerde-nirelerde önümçilik kärhanalary gurmaklygyň wajyplygy, zerurlygy anyklanylýar. Soňra teklip bilen degişli guramalara çykylýar. Ykdysady-durmuş geografiki sebitlere bölünende köp zatlar (ilatyň artyşy bilen baglanşykly köp meseleler) ýüze çykarylýar. Geljekde ilata gerekli önümleri öndürer ýaly önümçilik kärhanalary gurmaklyk degişli guramalara maslahat berilýär.

Geografiýa hünäri boýunça ýokary bilim aljak hünärmenler ýerli tebigy şertleriň aýratynlykda häsiýetlerini, bir-birlerne bolan gatnaşyklaryny, arabaglanyşyklaryny, olaryň emele geliş kanunalaýyklyklaryny öwrenmek zerurdyr. Olaryň aýratyn meýdan-çäklerde bir-birlerinden tapawutly tebigy-çäk toplumlary emele getirýändiklerini geljekki hünärmenler bilmelidirler. Bu düşünje olara fiziki- geografik etraplaşdyrmagyň esaslary dersiniň üsti bilen berilýär. "Ykdysady-durmuş sebit" diýen adalga hakda köp maglumat eşidýärler. Şonuň üçin şu sapagyň kömegi bilen "Ykdysady-durmuş sebitleri" emele getiriji şertler, agrosenagat toplumlar, olaryň sebit emele getirmekde tutýan orny barada giňden taglymat düşünje alýarlar. Türkmenistanyň çäginde ykdysady sebitleriň we ýerli-çäk bölünişigiň üýtgeýşi barada doly maglumat berilýär. Olaryň syýasy, ykdysady, durmuş sebäpleri bilen tanyş bolýarlar. 1930-njy ýyllardan tä döwletimiziň Garaşsyzlyk günlerine çenli ykdysady-durmuş sebitleriň üýtgeýşi barada, soňra 1991-nji ýyldan tä şu günlere çenli

etraplarda, welaýatlarda, ykdysady sebitlerde önümçiligiň ýörüteleşişiniň üýtgeýşi barada talyplar anyk maglumat alýarlar.

Fiziki – geografik etraplaşdyrmagyň esaslary dersinde islendik öwrenilýän ýeriň ýerli tebigy şertleriniň emele geliş taryhy – geologiýasy; ýerüstüniň gurlyşy –geomorfologiýasy; howa şertleri-klimaty; ýer üsti we ýer asty suwlary; toprak we ösümlik örtügi; haýwanat dünýäsi öwrenilip, olaryň özara baglanşykly gatnaşygyndan emele gelýän dürli derejeli tebigy çäk toplumlaryň aralyk giňişlikde kesgilemäni; olaryň çäklerini dogry geçirmäni geografiýadan, kartografiýadan hünärmen boljak talyplara öwretmekden ybaratdyr. Dersi talyplara çuňňur öwretmek üçin ykdysady we durmuş taýdan döwletleriň çägini raýonlaşdyrmak barada ýazylan, çap edilen taglymat hem-de amaly ylmy işleri peýdalanyp, olara taglymat düşünjeleri bermeklik zerur hasaplanýar. Geçiljek umumy okuwlarda berilýän maglumatlar, düşünjeler amaly sapaklarda geografiki we sudur kartalaryň, türkmen alymlarynyň ýazan ylmy işlerini giňden ulanyp Türkmenistanyň çägini ykdysady we durmuş taýdan sebitlere bölmekligiň zerurlygy talyp ýaşlara düşündiriler.

Ýer şary, geosfera esasan atmosferadan, gidrosferadan, litosferadan we biosferadan ybarat. Bu sferalar biri-birleri bilen aýrylmaz baglanyşykly. Olar barada Siz 5-nji synpyň “Fiziki geografiýa” we “Ýer öwreniş” dersleri arkaly esasy düşünjäni alansyňyz.

Ýeriň atmosferasy 5 sany gatlakdan durýar. Onuň Ýeriň üstüne golaý ýerleşen gatlagyna Troposfera diýilýär. Onuň polýuslarda beýikligi 8 km, ekwatoryň üstünde -17 km-e golaý. Ondan ýokarky gatlagyna Stratosfera(beýikligi 8-17 km-den 50-55 km-e çenlidir. Üçünji gatlagy-Mezosfera- 55-80 km aralykda ýerleşýär. Dördünji gatlagy-Termosfera – 80-800 km aralygy tutýar. 800 km-den ýokary giňişlige Ekzosfera diýilýär. Bu gatlaklar Ýeriň üstüni kosmosdan gelýän meteoritlerden,

asteroidlerden goraýar. Ýeriň üstüniň çalt gyzmazlygy, sowamazlygy we ýaşaýşyň dowam etmekligi üçin hem ähmiýeti ulydyr.

Litosfera hem atmosfera ýaly birnäçe böleklerden: Ýer gabygyndan, ýokary we aşak mantiýadan, daşky we içki ýadrodan durýar. Ýer gabygy materikleriň aşagynda 80-100 km, okeanlaryň astynda 6-7 km, mantiýanyň galyňlygy ortaça 2900 km, litosferanyň merkezine çenli radiusy 6371 km-dir. Ýeriň ýokary mantiýa bölegine wulkan atylmalay häsiýetlidir. Wulkanlaryň atylmagy netijesinde Ýeriň üstüniň we okean suwlarynyň astynda relýefi üýtgedýär. Okean suwlarynyň aşagynda wulkanlar atylanda "sunami" emele gelip, kenarýakada ýerleşen ýerleri okean suwlary basýarlar, uly weýrançylyklary emele getirýärler.

Gidrosferada bolup geçýän hadysalar Ýeriň üstüni üýtgetýär. Ýer üstüniň häzirki zaman relýefiniň emele gelmeginde akar suwlaryň ähmiýeti ulydyr. Akar suwlaryň täsiri netijesinde Ýeriň üstünde allýuwial we prolýuwial düzlükler emele gelipdir, emele gelmekligi henize çenli dowam edýär.

Ýeriň üstüniň şar şekilli bolmagy, onuň üstünde daglaryň, belentlikleriň, peslikleriň ýerleşmegi, giňişlikler we belentlikler boýunça tebigy zonalaryň emele gelmegine getiripdir. Giňişliklerdäki we belentliklerdäki tebigy zonalara häsiýetli klimat, çyglyk, toprak, ösümlik örtügi we haýwanat dünýäsi bar. Olar Ýer ýüzünde milliardlarça tebigy ýerli toplumlary emele getirýärler. Tebigy ýerli toplumlar geografiki giňişliklerde öz uýgunlaşan ýerlerinde emele gelýärler.

Türkmenistanyň ähli ýeri çöller zonada ýerleşýänligi sebäpli, tebigy baýlyklaryny tygşytly ulanmak, ekologiki deňagramlylygy saklamak maksady bilen onuň çägini geografik taýdan etraplaşdyrmaklygyň ylmy we amaly ähmiýeti uludyr. Bu meselä döwlet derejesinde uly ähmiýet berilýär. Hormatly

Prezidentimiz oba hojalyk işgärleri bilen duşuşanda, Türkmenistan Ministrler Kabinetiniň mejlislerini geçirende, ýurdumyz boýunça geçirilýän Halk Maslahatlarynda ýer-suw we beýleki tebigy baýlyklarymyzy tygşytly ulanmak meselesine uly üns berýär. Şu nukdaý nazardan alanda geografiki etraplaşdyrmak meseleleri döwrüň talaplaryna laýyk gelýär. Okuw gollanmada Türkmenistanyň çägini landşaft-ekologik we ykdysady geografik taýdan raýonlaşdyrmak esasynda, onuň meýdan-çäginde bar bolan ýer-suw baýlyklary tygşytly ulanmak meselelerine uly üns beriler.Ýer-suw, toprak baýlyklary rejeli ulanylmaýan etraplarda ekerançylyk ýerler şorlaşýar, hapa-haşal otlara basdyrylýar. Ýerasty suwlaryň derejesi ýokary galýar. Netije-de, ekilip ýörlen ýerler kähalatlarda hojalyk dolanşygyndan galýar.

Soňky ýyllarda dünýäniň ähli döwletlerinde adamzat jemgyýetiniň hojalyk işleriniň tebigata täsiri ýylsaýyn güýçlenýär. Garaşsyzlyk ýyllaryndan öň, käbir ýagdaýlarda wagtlaýyn ykdysady girdejilere kowalaşyp tebigy şertleriň, baýlyklaryň hojalyk ulgamlarynda ulanmak mümkinçiliginiň kadalary ýatdan çykaryldy. Landşaft-ekologik taýdan köptaraplaýyn barlaglar geçirilmezden, ylmy-tehniki taýdan kämilleşmedik taslamalar(proýektler) durmuşa ornaşdyrylýardy. Soýuz imperiýasy döwründe Merkezi Aziýada pagtaçylygy, däneçiligi, miweçiligi ösdürmek maksady bilen Amyderýanyň, Syrderýanyň suw baýlyklary ekerançylyk meýdanlarda bisarpa ulanyldy. Bu derýalara ekin meýdanlardan ýygnanýan zeý suwlar akdyrylýardy. Ekerançylyk meýdanlarda agrotehniki çäreler berjaý edilmezden, täze ýerleri ekerançylyga girizmek ýola goýuldy. Ýer-suw baýlyklar kadasyz ulanyldy. Şorlaşan ýerleriň meýdany ýylsaýyn artýardy. Şol sebäpli bu sebitde geçen asyryň ýetmişinji ýyllaryndan başlap, atlary agzalan derýalardan Arala suw barmasy ýylsaýyn azaldy. Netije-de Merkezi Aziýada Aral we Garabogaz betbagtçylygy emele

geldi. Özbegistanda, Gazagystanda, Türkmenistanda ekerançylyk meýdanlary artdyrmagyň hasabyna ekilen ekinlerden senagat kärhanalaryň çig-mallara we ilatyň azyk önümlerine bolan islegleri kanagatlandyrylýardy. Ekilýän ekinlerden ýokary hasyl almaklyga ykdysady we tehniki mümkinçilikler döredilmeýärdi.

Atlary agzalan döwletler garaşsyzlygyny alanlaryndan soňra olaryň senagat we oba hojalyk kärhanalarynda tebigy baýlyklary tygşytly peýdalanmaklyga uly üns berlip başlandy. Şu babatda Türkmenistanda hem ekerançylyk ýerleriň meloratiw şertlerini gowulandyrmaklyga uly harajatlar çykaryldy. Oba hojalygy intensiw ösdürmek maksady bilen mineral dökünleri öndürýän zawodlar guruldy. Ykdysady taýdan ösen döwletlerden dünýä ülňüne laýyk gelýän gerekli tehniki enjamlar satyn alyndy we alynýar.

Ýer-suw, biologiki, mineral baýlyklarymyzy hojalyklarda rejeli ulanmaklyga döwlet derejesinde uly üns berilip başlandy. Bu mesele tebigaty goramak we ekologiki meseleler bilen birlikde döwletimiziň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan döwlet syýasatyna öwrüldi. Şu jähtden döwletiň çägini zonal, azonal, genetiki kanunlara we kanunalaýyklara esaslanyp, ýurduň territoriýasyny landşaft-ekologik taýdan öwrenmek döwrüň talabyna laýyk gelýän problema hasaplanýar. Bu mesele döwletiň tebigy genefonduny we onuň çäginde biodürlüligi saklamak, tebigy baýlyklary goramak, olary hojalykda rejeli peýdalanmak, olaryň ýitip gitmezligine ýardam etmek, ylmy esasda tebigy ätiýaçlyklaryny artdyrmak bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ylmy we hojalyk işgärleriň esasy maksady ol baýlyklary häzirki durkunda saklap, öňküden hem gowulandyryp, geljekki neslimize galdyrmakdyr.

Dersiň öňünde şu aşakdaky wezipeler durýar:

1. Türkmenistanyň meýdan çägini fiziki geografik we landşaft-ekologik taýdan öwrenmekligiň prinsipleri we usullary işlenip düzüler;
2. Bölünen regional landşaft-ekologik birlikleriň çäginde hojalyk pudaklaryny ygtybarly ösdürmek maksatlary üçin tebigy şertleri ulanmaklygyň usullaryny önümçilige hödürlemek;
3. Bölünen regional fiziki geografik, landşaft-ekologik birlikleriň tebigy baýlyklaryny hojalyk hajatlary üçin tygşytly ulanmaklygy ýola goýmak;
4. Hojalygy ösdürmek üçin tebigy şertler, baýlyklar ulanylanda geçirilýän işler landşafty düzüji komponentlere we tebigy ýerli toplumlara zyýansyz bolar ýaly edip guramak;
5. Fiziki geografik, landşaft-ekologik birlikleriň tebigy şertleri we baýlyklary hojalykda ulanylanda landşafty döredijі komponentleriň tebigy genofondyny, biodürlüligini we olaryň arasynda deňagramlylygy saklamak barada teklipleri işläp düzmek;
6. Döwletimiziň welaýatlary boýunça meýdan barlaglaryň esasynda öri meýdanlaryň ot-iým, suw ätiýaçlygyny we ekerançylyk ýerleriň hasyllylygyny artdyrmak barada teklipleri taýýarlamak;
7. Welaýatlaryň, etraplaryň çäklerinde ekin ekmeklige ýaramly ýerleriň meýdanyny, mehaniki, suw-fiziki, himiki düzümlerini we suwaryş ulgamlaryna golaý ýerleşişine baglylykda ekin dolanşygyna giriziljek nobatyny anyklamak;
8. Welaýatlaryň, etraplaryň suw üpjünçiligine, topragynyň mehaniki, himiki, melioratiw ýagdaýyna baglylykda geljekde ekiljek ýerleriň möçberini seljermek we taslama taýýarlamak;
9. Öwrenilen landşaft-ekologik birlikleriň suw ätiýaçlyk ýagdaýyna görä irrigasion, meliorasion ulgamlary bilen üpjünçiligini anyklamak;

10. Ekilen ekinlere suwuň sarp edilişine geografik nukdaý nazardan baha bermek; 11. Oba hojalyk ekinleriň suwaryş kadalarynyň berjaý edilişini meýdan barlaglary döwründe synlamak;
12. Oazislerde oba hojalyk ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmaklylygyň geografiki meselelerini işläp düzmek;
13. Suwaryş suwuny tygşytly ulanmagyň häzirki zaman dünýä tejribeligine esaslanýan ýollaryny hojalyklara salgy bermek;
14. Türkmenistanda ilatyň artmagy bilen baglanyşykly 2030-njy ýyllara çenli we geljekde ýer-suw, bilogiki, mineral baýlyklary hojalyklarda tygşytly ulanmak meselelerini çözmek;
15. Öri meýdanlary we ilat mesgenlerini arassa suw bilen üpjün etmekde ýerasty süýji suw ýataklaryny ulanmak barada teklipleri taýýarlamak;
16. Şäherleriň, şäherçeleriň, ilat mesgenleriniň ilatyny arassa agyz suwy bilen üpjün etmek meselesi;
17. Türkmenistanyň düzlük we daglyk bölekleriniň landşaft-ekologik, ýer-suw baýlyklaryny tygşytly ulanmaklygyň birnäçe kartalary düzüler.

Işiň ylmy we amaly ähmiýeti. Döwletimiziň çäginde fiziki geografiýadan ýerine ýetirilýän ylmy işlerde bu özbaşdak ugur hasaplanýar. Türkmenistanyň territoriýasy üçin ilkinji gezek landşaft-ekologik taýdan raýonlaşdyrmaklygyň prinsipleri we usullary işlenilip düzuler. Işlenilip düzülen landşaft-ekologik prinsipleriň we usullaryň esasynda Türkmenistanyň düzlük böleklerini—landşaft ýurda, prowinsiýalara, kiçi prowinsiýalara, okruglara, landşaft-ekologik raýonlara, daglyk böleklerini—daglyk ýurtlara, landşaft-ekologik oblastlara, okruglara we raýonlara bölmekligiň ylmy ähmiýeti uludyr. Landşaft-ekologik barlaglaryň esasynda Türkmenistanyň çägindäki regional landşaft birlikleriň amatly ekologik ýagdaýyny, olaryň sazlaşykly ýaşaýşyny, ýurdumyzyň tebigy genefondyny we biodürlüligini saklamak hakynda ylmy teklipler hödürlener.

Türkmenistanyň ýer-suw baýlyklaryny hojalyklarda mundan beýläk hem tygşytly peýdalanmagyň meseleleri işlenip düzüler. Türkmenistanyň öri meýdanlarynyň, ekerançylyk ýerleriniň melioratiw we ekologik ýagdaýlary öwreniler. Türkmen kölüniň we oňa zeý suwlary getirýän Baş akabanyň ugrunda ekologik ýagdaýyň gowulanyşy, zeý suwlardan boşan kölleriň ýerinde täze tebigy ýerli toplumlaryň döreýşi, "Altyn asyr" Türkmen kölüniň gurluşygynyň häzirki wagtda, ýakyn geljekdäki hojalyk ähmiýeti işde öz beýanyny tapar. Welaýatlaryň, etraplaryň ekerançylyk meýdanlary öwrenilende Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň oba hojalygyny ösdürmekde ekin ýerleriň melioratiw ýagdaýynyň gowulandyrylyşyna, ekin dolanşygynyň berjaý edilişine, ekin meýdanlary, olardaky oba hojalyk ekinleri tomsuň epgek ýellerinden goraýan tokaý zolaklarynyň döredilişine uly üns beriler. Ekilýän ýerleri hojalykda tygşytly peýdalanmakda agrotehniki çäreleriň geçirilişi göz öňünde tutular. Suw baýlyklary tygşytly ulanmakda ýerli tejribeleri öwrenmek bilen çäklenmän, dünýä tejribeligine esaslanyp, suwy has tygşytlaýjy öňdebaryjy usullary-tehnologiýalary ulanmaklyk maslahat beriler.

Edebiýat

Исаченко.А.Г. Ландшафтоведение и физико-географическое районирование. Москва, «Высшая школа», 1991.

Исаченко.А.Г. Ландшафтные методы исследования для нужд хозяйства. Ленинград, ЛГУ, 1999.

Исаченко А.Г. Методы ландшафтных исследований и физико-географическое районирование. М.1998.

Федина А, Е Физико-географическое районирование Москва, Изд, МГУ, 1979.

## 2. Fiziki-geografik etraplaşdyrmanyň döreýiş we ösüş taryhy.

Ýer ýüzünde tebigy zonalar we zonal birlikler ulgamy. Geografiki guşaklyk. Geografiki zona. Geografiki kiçi(ýa-da aşaky) zona. Dag we belentlik päsgelçilikleriň(barýerleriň) döremeginiň sebäpleri. Olaryň fiziki geografiki we landşaft birlikler ulgamy. Ýokary guşaklyklar we ýokary guşaklyklaryň birlikler ulgamy.

Ýeriň tebigy zonalary: Tebigy zonalaryň emele gelşi Ÿeriň üstüniň şar şekilli bolanlygy sebäplidir. Ÿeriň üstüne düşýän gün şöhleleriniň deň derejede kabul edilmeýänligi sebäp bolýar. Ekwatora golaý ýerlere gün şöhlesiniň dik, beýleki ýerlere, ekwatordan daşlaşdygyňça onuň gytaklaýyn düşmekligi tebigy zonalary döredýär.

**Arktiki we Antarktiki çöller.** Subarktiki we Subantarktiki guşaklykda ýerleşen meýdan-çäkler ýerlere klimaty gazaply bolany üçin çöller diýilýär. Bu guşaklyklarda buzluklaryň we köpýyllyk garlaryň ýatan ýerleri hakyky çöllükleri ýatladýar. Ol ýerlerde üsti gar we buz bilen örtülen meýdanlarda ösümlik örtügi düýpden ýok. Haýwanat dünýäsi örän garyp.

**Tundra we tokaýly tundra.** Bu tebigy zonalar Arktikanyň adalaryny we Demirgazyk buzly okeana golaý ýerleşen kenarýakalary birleşdirýär. Tokaýly Tundra Tundradan günortada insiz zolagy öz içine alýar. Bu zolakda pesejik boýly gyrymsy agaçlara gabat gelip bolýar.

**Taýga. Garyşyk we ýasyýaprakly tokaýlar.** Bu tebigy zona Aram guşaklykda pürli, garyşyk, giň ýaprakly tokaýlary özüne birikdirýär. Bu tebigy zona, esasan, Demirgazyk ýarym şarda Kanadanyň, ABŞ-nyň, Günbatar, Gündogar Ýewropanyň, Aziýanyň demirgazyk böleginde ýerleşýär.

**Tokaýly sähra we sähra.** Tokaýly Şähra we Şähralar zonasy bilen taýga(tokaýlar) zonasynyň aralygynda ýerleşýär.

Bu zona Demirgazyk Amerikanyň, Ýewraziýanyň demirgazyk böleklerinde giň meýdanlary tutýar.

**Ýarym çöl we çöl (Sawannalar we seýrek tokaýlar).** Bu zonalar Demirgazyk ýarym şaryň aram guşaklyklarynda ýerleşýärler. Sawannalar we seýrek tokaýlar tropik, subekwatorial we ekwatorial guşaklyklarda Günorta Amerikada, Afrikada(Saharadan günortada), Günorta Aziýada, Awstraliýada giň meýdanlary eýeleýär.

**Ýasy ýaprakly we mydama gök öwüsýän tokaýlar we gyrymsy agaçlar(Ortaýer deňiz)** bu zona Ortaýer deňiz kenary üçin häsiýetlidir.

**Musson tokaýlar, çygly tropiki tokaýlar.** Bu tokaýlar Günorta Amerika, Afrika, ekwatorial Aziýa mahsusdyr. Bu tokaýlarda çyglygy gowy görýän ýasy ýaprakly agaçlar agdyklyk edýärler.

**Beýiklik guşaklygy.** Ýewraziýanyň, Afrikanyň, Amerika materikleriň ähli beýik daglary üçin häsiýetlidir. Şol sanda Türkmenistanda Köpetdagda, Köýtendagda beýiklik (çöl-sähra, tokaýly-sähra zolaklary) guşaklyklary bar.

**Tebigy zolaklaryň şol bir geografik giňlikde tapawutlanmagynyň sebäpleri.** Ýeriň tebigatyna, häzirki durkuna onuň içki we däsky güýçleri täsir edýär. Ýeriň içki (tektoniki) güýçleri tebigy zolaklaryň ýaýraýyş kanunlaryna, kanunalaýyklyklaryna boýun egmeýärler. Meselem: Kawkaz, Pamir, Týan-Şan daglary Çöller zonasynyň çäklerinde Ýeriň içki güýçleriniň täsirleri netijesinde emele gelipdirler. Şol sebäpli, olaryň dag gerişlerinde beýikligine baglylykda beýiklik guşaklyklary (zonalary) häsiýetlidir. Tebigy zolaklaryň (zonalaryň) Ýer ýüzünde araçäkleriniň deň ýaýramazlygyna ummanlar hem täsir edýärler. Olar hem emele gelişleri boýunça Ýeriň içki (tektoniki) güýçleri bilen baglanyşyklydyr. Dürli tebigy zolaklaryň (zonalaryň) çäklerinde daglaryň, belentlikleriň, kölleriň, deňizleriň, ummanlaryň emele gelmekligi **azonallyk** hadysalaryň netijesidir.

**Tebigy ýerli toplumlar**(tebigy territorial kompleksler). Ýer ýüzünde biri-birinden ýer üstüniň gurluşy, toprak, ösümlik we haýwanat dünýäsi boýunça tapawutlanýan meýdan-çäklere häli-şindi duş gelýäris. Şolara tebigy ýerli toplum diýilýär. Olarda ýer üstüniň görnüşi, topragy, çyglylygy üýtgese ösümlik we haýwanat dünýäsi hem üýtgeýär.

Ýer ýüzünde adamlaryň sanynyň artmagy bilen tebigy zonalaryň köpüsi hojalyk maksatlary üçin özleşdirilýär. Hojalyk maksatlary üçin tebigy zonalaryň hemmesi diýen ýaly ýaramlydyr. Tokaýlar, tokaýly sähra, sähralar, çöller, zubtropik, subekwatorial zonalaryň ekerançylyga ýaramly ýerleri oňat özleşdirilen. Bu tebigy zonalarda dürli oba hojalyk ekinleri we miweli agaçlary ekilýär. Zonalar özleşdirilende olaryň tebigatyna belli bir dereje-de zyýan ýetirilýär. Ekwatorial, subekwatorial zonalarda ýerleşen ösýän döwletler tokaý agaçlaryny çapyp ykdysady taýdan ösen döwletlere eksport edýärler. Şeýlelikde, tropiki tokaýlaryň meýdany azalýar. Afrikanyň sawannalarynda hojalyk mallaryň köp bakylmagy sebäpli olaryň araçäkleri günorta süýşýär diýip edebiýatlarda ýazýarlar. Çöller, ýarym çöller zonalaryň öri meýdanlarynda köp mal bakylýanlygy zerarly çölleriň meýdany köpelýär. Ýagny «Çölleşmek» hadysasy bolup geçýär. Çölleriň meýdany artýar. Çöller, ýarym çöller, sähralar zonalarda suwarymly ekerançylygyň alnyp barylýan ýerlerinde suwuň tygşytly ulanylmaýanlygy sebäpli, şorlaşýan ýerleriň meýdany köpelýär. Tokaýlar zonasynda batgalyklaryň guradylmagy netijesinde Russiýada torply ýerlerde ýangyn döredi. Soňky ýyllarda ol ýerlerde batgalyklary guratmaklyk gadagan edildi.

Ýeri örtüp durýan bardalar – litosfera, gidrosfera we atmosfera hemişe jebis özara baglanyşyklydyr we biri-birine täsir edýärler. Bu baglanyşyklar we täsir etmeler jebislikde bolup geçýärler.

Atmosferanyň howasy suwa-da, dag jisimlerine-de aralaşýar. Suw bugaryp atmosfera garyşýar. Ondan ygal

görnüşinde ýer gabygyna siňýär. Dag jynslaryny ýuwup kem-kemden owradýar. Ýer gabygyndaky owunjak jynslar tozan görnüşinde atmosfera aralaşýarlar. Ol ýerden dargap gaýdyp suwa hem-de gury ýere düşýärler. Şeýlelikde, bir wagtda litosfera, atmosfera we gidrosfera aralygynda özara baglanyşyk we täsir etmeler bolup geçýär. Ine, şuňa bolsa özara baglanyşyk diýilýär. Şeýlelikde, ýer gabygynyň ýokarky gatlagynyň, tutuş gidrosferanyň we atmosferanyň aşaky gatlagynyň biri-birine galtaşýan, özara aralaşýan we täsir edýän Ýeriň bardasyna hem-de biosfera geografik barda diýilýär.

K.Weýsow Türkmenistanyň Demirgazyk, Günorta, Orta Amyderýa etraplarynynyň tebigatyny, landşaftlaryny öwrendi. Onuň çapdan çykan işleri respublikanyň dürli etraplarynyň territorial kompleksleriniň tebigatyna, olary tebigy etraplaşdyrmaga bagyşlanandyr.

Türkmenistanyň aýry-aýry sebitleriniň tebigy komplekslerini öwrenmeklige M.P.Petrowyň, A.G.Babaýewiň, Ç.B.Köpekowyň, L.N.Babuşkinyň we L.N.Kogaýyň, K.Weýsowyň, G. Gurbanmyradowyň, A.Magtymowyň, D. Nurmedowyň, G. Nurberdiýewiň, Ç. Hojaýewiň, S.K.Weýsowyň, H.Töräýýewiň, O.Atahanowyň. M.Hudaýýarowyň, Ýo.Itibaýewiň, D.Gurtmyradowyň, N.Myradowyň, B.Babaýewiň, we başga-da birnäçe awtorlaryň işleri bagyşlanandyr. Ýokardaky awtorlaryň işlerinde uly bolmadyk belli bir tebigy sebitleriň, tebigy territorial kompleksleriň haýsy-da bolsa bir komponentine analiz berilýär. Olaryň işlerinde tebigy landşaftlaryň dinamikasyna aýratyn üns berilýär. Adamyň hojalyk işi netijesinde tebigy landşaftlaryň üýtgeýşi, olaryň ýerinde medeni landşaftlaryň peýda bolşy hem-de onuň hojalyk işiniň tebigy landşafta položitel we otrisatel täsiri hakyndaky meseleler esasy orny eýeleýär.

Häzirki wagtda ýurduň territoriýasyny tebigy etraplaşdyrmakda dürli taksonomik birlkleri-ulgamlar

ulanylýar. Aşakda birnäçe taksonomik birlikleri-ulgamlar analiz edilýär.

1. Taksonomik ulgamlary deňeşdirmek
(A. Ýe. Fedina, 1963).

A.A. Grigorýew, W.B. Soçawa, F.N. Milkow, W.I. Prokaýew, Ýu.P. Parmuzin

| (1957) | (1956) | (1959) | (1955, 1959) | (1958) |
|---|---|---|---|---|
| sektor ýa- | | guşaklyk | | |
| da | oblast | ýurt | sektor | ýurt |
| prowinsiý | zona | zona | zona | zona |
| a | prowinsiýa | prowinsiý | prowinsiý | prowinsiý |
| zona | okrug | a | a | a |
| oblast | raýon | polosa | podzona | podzona |
| podzona | uroçişeleri | raýon | okrug | polosa |
| okrug | ň gruppasy | | raýon | raýon |
| raýon | uroçişe | | | |

landşaft

2. D.L. Armandyň işi boýunça taksometrik birligiň sistemasy (1952)

Geografik sreda
Guşaklyk materik, okean
zona prowinsiýa, deňiz
podzona okean basseýni
polosa podprowinsiýa
podpolosa podoblast
Raýon
podraýon
uroçişe
poduroçişe
fasiýa
podfasiýa

uçastok
podučastok

3. Tebigy-geofrafik raýonlaşdyrmakda A.G. Isaçenkowyň işi boýunça taksonomik birligiň sistemasy (1965)

ýurt zona zona
podzona
ýurt zona zona
podzona
prowinsiýa
oblast
podzona
podprowinsiýa
landşaft

4. W.M. Çetyrkiniň işi boýunça landşafty öwreniş taksonomik birligiň sistemasy (1947)

Geotip
Geofasiýa
Prowinsiýa
Podprowinsiýa
Regional kompleks
Raýon (landşaft)

5. Tebigy-geografik raýonlaşdyrmakda N.I. Mihaýlowyň işi boýunça taksonomik birligiň sistemasy (1963)

Geografik perde
Gury ýer
Materik Dünýä okeany
Ýurt
Zona Daglyk ýurtlardaky
Prowinsiýa oblastlar
Raýon
Landşaft
Uroçişe
Fasiýa

6. Tebigy-geografik raýonlaşdyrmakda birlik sistemalary.

| Agroklimatik raýonlaşdyr. L.N. Babaşkin, 1961 | Tebigy geografik raýonlaşdyr. L.N. Babuşkin, N.A. Kogaý, 1965 | Tebigy geografik raýonlaşdyr. K. Weýsow, 1969 | Tebigy geografik raýonlaşdyr. K. Weýsow, D. Nurmedow, 1973 |
|---|---|---|---|
| Demirgazyk ýarym şaryň subtropik | Materik | Materik | Prowinsiýa |
| zonasy | Ýurt (Orta Aziýa, G.b. Sibir) | Ýurt (Turan) | |
| Aziýanyň kontinental | Prowinsiýa | Prowinsiýa | Podprowinsiýa |
| subtropiki oblasty, prowinsiýa | (Turan, Merkezi Gazagystan) | Turan | |
| | | Podprowinsiýa (düzlük, daglyk, belentlik) | okrug rayon |
| okrug | podprowinsiýa (düzlük, daglyk) | okrug (Sarygamyş, Üňüz Garagumy) | Elementar landşaftlar |
| raýonlaryň gruppasy | okrug (Üstýurt, Köpetdag) | | |
| Raýon | Raýon (Bathyz, Obruçew sähralygy) | raýon podraýon | |

elementar
landşaft
landşaftlaryň
gruppasy

7. Tebigy-geografik raýonlaşdyrmakda W.I. Prokaýewiň işi boýunça taksonomik birligiň sistemasy (1966).

Geografik perde

| Gury ýer | | Dünýä okeany |
|---|---|---|
| Materigiň territoriýasyndaky geografik guşaklyk | Kontinentdäki (podkontinent) geografik guşaklyk | Podkontinent (kontinent) |
| | Ýurduň içindäki geografik guşaklyk | Azonal yurt |
| Materigiň territoriýasyndaky ýa-da onuň bölegindäki tebigy zona | Landşaft oblast | |
| | Landşaft prowinsiýa | Azonal ülke |
| | Landşaft podprowinsiýa | |
| Materigiň ýa-da onuň bölegindäki podzona | landşaft okrug | Azonal okrug |
| | landşaft raýon | |
| | landşaft podraýon | |
| | landşaft guşaklygy | |
| | landşaft podzonasy | |
| | landşaft uroçişesi | |
| | landşaft fasiýasy | |

Tebigy geografik raýonlaşdyrma K.W.Weýsowyň pikiriçe örän çylşyrymly prosesdir. Tebigy raýonlaşdyrmakda seljerilýän territoriýanyň tutýan meýdanyna hem-de raýonlaşdyrmagyň maksadyna baglylykda dürli taksonomik birlikleriň ulanylmagy mümkin. Ýurduň territoriýasyny tebigy-geografik taýdan raýonlaşdyrmak esasy problemalaryň biri bolup durýar. Bu meseläni çözmekde S.W. Kalesnigiň, I.P.

Gerasimowyň, D.L. Armandyň, N.A. Gwozdeskiniň, A.A. Grigoryýewiň, A.G. Isaçenkowyň, F.N. Milkowyň, I.S. Lupinowiçiň, N.I. Mihaýlowyň, E.M. Mürzäýewiň, W.I. Prokaýewiň, N.A. Solnsewiň, W.S. Preobraženskiniň, W.B. Soçawanyň, Orta Aziýa möçberinde W.M. Çetyrkiniň, L.N. Babuşkiniň, N.A. Kogaýyň, M.P. Petrowyň, A.G. Babaýewiň we beýleki alymlaryň bitiren işleri uludyr.

Tebigy raýonlaşdyrmagyň prinsipleri, usullary, shemalary köpdür. Sebäbi her bir awtor tebigy raýonlaşdyrmakda öz öňünde belli bir maksady hem-de wezipäni goýýar. Şoňa görä-de tebigy raýonlaşdyrmakda dürli sistemalar, taksonomik birlikler peýda bolýar, shemalar, sistemalar ulanylýar. Türkmenistanyň territoriýasynda tebigy-geografik taýdan raýonlaşdyrmakda biziň käbir prinsiplerimiz Orta Aziýanyň belli geograflary L.N. Babuşkiniň, N.A. Kogaýyň ideýalary bilen ýakynlaşýar. Türkmenistanyň bütin territoriýasy geografik taýdan Turan tebigy geografik prowinsiýasynyň günbatar we günorta-günbatar bölegini tutýar.

Türkmenistanyň territoriýasy günbatardan gündogara 1000-1100 km, demirgazykdan günorta 550 – 650 km çemesinde uzalmagy klimatik elementleriň dürli-dürli bolmagyna sebäp bolýar. Meselem, günbatarda – Kaspi kenarlarynda wegetasion döwür 270 güne çenli dowam etse, respublikanyň demirgazyk böleginde ol 200 günden geçmeýär. Edil şonuň ýaly ýagdaýy atmosfera ygallarynyň paýlanyşynda hem görmek bolýar. Meselem, Türkmenistanyň demirgazyk ýarymynda ygalyň ortaça mukdary 75 – 80 mm bolsa, Merkezi Garagumda ol 100 – 115 mm-e ýetýär. Günortada – Köpetdag eteklerinde, Garabilde, Bathyzda, Köýtendagda 200 – 250 mm-den hem ýokarydyr. Ýa-da termiki ýagdaýy alyp görsek, onda temperaturanyň iki hili giňlik we diklik boýunça üýtgeýşini görmek mümkin. Bu ýerde giňlik boýunça demirgazykdan günorta ýa-da günortadan demirgazyga tarap 100 km çemesi tapawut edilende, düzlüklerde temperaturanyň 0,6 – 1°-a çenli

ýokary ýa-da aşak düşýänligini görmek bolýar. Respublikanyň daglyk, belentlik oblastlarynda temperaturanyň bir gradus aşak düşünşine ýa-da ýokary galşyna syn etmek üçin bary-ýogy 100 m ýokary galmaly ýa-da aşak düşmeli. Edil şeýle ýagdaýy respublikanyň territoriýasynda ygallaryň paýlanyşynda hem görmek kyn däldir. Meselem, deňiz derejesinden 200 m ýokarda ýerleşen düzlüklerde, takmynan ortaça 110 – 120 mm ygal düşýän bolsa, deňiz derejesinden 400 m ýokarda ýerleşen ýerinde 150 – 170 mm, 500 m-den ýokarda – 200 mm-den köpräk, 600 – 700 m-de 250 – 300 mm, deňiz derejesinden 2000 m ýokardaky daglyk ýerlerde 500 mm-den gowrak ygal düsýär. Diýmek, Türkmenistanyň territoriýasy tutuşlaýyn düzlük ýa-da belentlik – daglyk däldir. Türkmenistanyň fiziki kartasyna göz aýlap, ony gipsometrik taýdan seljersek, onda Türkmenistanyň territoriýasyny düzlük we belentlik – daglyk diýip, tebigaty boýunça bir-birinden tapawutlanýan iki bölege bölmek bolýar. Düzlük diýlende şol düzlügiň hemme ýeri hem birmeňzeş däldir. Onuň içinde belentlikler, çöketlikler, gadymy derýa hanalary, relýefiň eol formalary, takyrlar, şorluklar ýaýrandyr. Respublikanyň daglyk – belentlik böleginde hem dürli – dürli gerişleri, dag massiwlerini, belentlikleri görmek mümkin. Olar (daglyklar, düzlükler) geologik – geomorfologik, genetik taýdan birmeňzeş däldir. Beýle ýagdaý daglyk – belentlikleri, düzlükleri ýene-de aýry-aýry tebigy raýonlara, podraýonlara, landşaftlara bölmegi talap edýär. Diýmek, Türkmenistanyň territoriýasyny uly regionlara bölende geomorfologik prinsipe daýanmaly. Ýokardaky prinsipden ugur alynsa, Türkmenistanyň territoriýasyny tebigy raýonlaşdyrmakda şu aşakdaky taksonomik sistema (Weýsow K.W.)esaslanmaly: Prowinsiýa; Podprowinsiýa; Okrug; Raýon; Podraýon; Landşaft (tipologik).

“Prowinsiýa” diýlende ähli düzlükleri we daglyklary göz öňüne getirmek mümkindir. Şundan ugur alynsa, Türkmenistanyň ähli territoriýasy Turan tebigy geografik

prowinsiýasyna degişlidir (Kogaý, 1969). Turan prowinsiýasy iki podprowinsiýa (daglyk-belentlik we düzlük) bölünýär (Babuşkin, Kogaý, 1971). Diýmek, Türkmenistanyň territoriýasy-da ýokardaky ýaly, daglyk-belentlik we düzlük podprowinsiýadan ybaratdyr. Türkmenistanyň territoriýasy tutuşlygyna Turanyň bir bölegi bolanlygy üçin, ony tebigy raýonlaşdyrmakda taksonomik sistemanyň birligi prowinsiýa-podprowinsiýa-okrug-raýon-podraýon hökmünde alyp, has kiçi tebigy raýonlara bölende, landşaft tipologik birlige esaslanyldy.

## 3.Fiz-geografik etraplaşdyrmagyň esasy edähetleri.

Etraplaşdyrmada emele geliş edähediniň orny. Etraplaşdyrmagyň usullary. Pudaklaýyn fiz-geografik etraplaşdyrmak we umumy fiz-geografik etraplaşdyrmak.

Toplumlaýyn etraplaşdyrmanyň usulýet we ylmy esasy fiziki-geografiki etraplaşdyrmanyň düzgünlerine daýanýar.

Regional fiziki-geografiki birlikler ilki bilen tebigatyň umumy kanunalaýyklyklary esasynda kemala gelýär we ösýär. Alymlaryň köp bölegi öz derňew işlerinde, ýagny fiziki-geografiki toplumlary ýüze çykarmakda we olary öwrenmekde, olary fiziki-geografiki etraplaşdyrmada ilkinji nobatda tebigatyň umumy kanunlaryndan ugur alýarlar. Ol alymlar birnäçe düzgünlere hem esaslanýarlar, olary bolsa öz gezeginde şeýle toparlara bölmek bolar: zolaklaýyn, zolaklaýyn däl, toplumlaýynlyk prinsipler.

1. Zolaklaýynlyk düzgün Ýewropa Orsiýetiň (Tonfilýew), Orta Aziýanyň (Abolin), öňki Sowet Soýuzynyň tutuş çäginiň, Afrikanyň (Zobrodskaýa) fiziki-geografiki etraplaşdyrmasynyň esasynda

ýatýar. Bu düzgüniň tarapdarlary geografiki gurşawyň esasy kanunalaýyklygynyň-onuň zonalaýyn gurluşlydygyny nygtaýarlar. Ilkinji bolup giňişlik we beýiklik tebigy taryhylyk zolaklygyň kanunyny B.B.Dokuçaýew açýar. Bu alymyň açan kanunyna esaslanan tebigatyň zolaklary dogrusyndaky ylmy işler, soň L.S. Berg, A.A.Grigorýew ýaly geograflar tarapyndan has içgin öwrenýärler.

Geografiki çäkleriň (territoriýalaryň) birlikleriň zolaklaýyn üýtgemegi Ýeriň görnüşine (şar şekilliligine) we plenetamyzyň Güne görä ýerleşişine baglydyr. Sebäbi gün energiýasy (ýylylyk) we çyglylyk zolaklaýyn paýlanandyr. "Gün-energiýasy-buzolaklaryň döremegi üçin esasy şertdir" diýip Kolesnik belleýär (1955). Ýylylygyň we çyglylygyň zolaklaýyn paýlanyşy topraklaryň, ösümlikleriň, akymlaryň, relýefiň ekrogen görnüşleriniň we beýleki geografiki gurşawyň düzgünleriniň zolaklaşmagyna getirýär.

A.A.Grigorýew geografiki gurşawyň esasy differensial kanunalaýyklygy-zolaklylyk (zonalylyk) diýip belleýär. Ol etraplaşdyrma içinde şol ýere düşýän gün energiýasynyň mukdaryna we hiline, ýygylygy we çyglylygy kesgitlemäge (has takyk bellesek balansynyu) ýardam edýän howa massalarynyň mukdaryny we hilini göz öňünde tutmalydygyny nygtaýar. Soňra A.A.Grigorýew we M.I.Budyko dagy zolak birlikleriniň kemala gelmegine täsir edýän esasy faktoryň ýylylyk bilen çyglylygyň özara gatnaşygyny belleýärler. Çünki bu gatnaşyk ýylyň dowmynyň ygalyny, onuň bugaryşyny, ýagny guraklygyň indeksiniň san görkezijileri dürli zolaklarda üýtgeýärler.

Meselem: ulyýaprakly tokaýlarda 1-den ujypsyzja az, baýyrlykly zolaklarda 1-2 ýarymçölleşen zolaklar 2-3 we ş.m.

Eger-de guraklygyň indeksi birdeň ýä-da oňa golaý bolsa, onda geografiki gurşawyň biodüzüjileriniň ösmegi üçin amatly şert döreýär. guraklygyň indeksinin birliginiň ol ýa-da beýleki gyşarmagy geografiki gurşawyň biodüzüjilerine oňaýsyz täsir edýär. Ondan başgada guraklygyň indeksi beýleki ýagdaýülarda-da, ýagny, gidrologik we giomorfologik hadysalarda-da täsir edýär. Guraklygyň indeksiniň 1-e deň ýerinde uly akmymlaryň, derýa ulgamlarynyň köpligi bellenilýär. Çöllik zolaklarda guraklygyň indeksi 3-5 deň, şonuň üçin hem ol ýerlerde ýerüsti akymlar ýok diýen ýalydyr.

Ýokarda bellenen dellillere garamazdan, guraklygyň indeksi tebigatyň zolaklara bölünmeginde anyk alamat bolup durmaýar. Ýe.N.Lukaşewa guraklygyň indeksiniň dürli zolaklarda hem birmeňzeş köpelip bilýändigini belleýär.

Demirgazyk-Gündogar Kawkazyň fiziki-geografiki toplumlarynyň guraklyk indeksiniň hasaplamalary, şol bir ululykly guraklyk indeksiniň köplenç dürli zolaklarda tebigy şertlere görä, dürli giňişlik we beýleki zolagydygy bellenilýär. Bu tapawutlar, esasan, hem r=1,9-2,0 ýagny daglaryň tekiz baýyrlykly we tokaýbaýyrly zolaklarynda, r=0,6 beýik gerişli Dagytanyň subniwol we niwol zolaklary bilen taýga zolaklarynda has aýdyň bildirýär.

Geografiki zolaklyk diňe bir tekizliklerde bolman, eýsem, daglyk ýerlerde beýiklik zolaklylygy

şol çägiň giňişlik zolagyna görä üýtgeýär. Meselem, günorta giňişliklerde ýerleşen, okeanlardan-ummanlardan daşda ýerleşen daglarda dagly tokaýly zolak düýbünden diýen ýaly ýitip gidýär. Onuň aşaky böleklerinde ýalym çölleşen we sähraly daglar ýerleşýär. Meselem, Týan-Şýanda. Şeýlelikde, toplumyň beýikligi näçe ýokary bolsa, onuň beýiklik zolaklygynyň gurluşy şonçada çylşyrymlaşýar. Daglyk zolaklarda daşkeşbi boýunça giňişlik zolagyna hiç bir meňzemeýän çäkler hem bar.

Zonalylyk düzgünine esaslanýan alymlar fiziko-geografiki etraplaşdyrmanyň kartalarynda fiziki-geografiki toplumlaryň zolaklarynda – zolaklara we zolakastlara, daglarda – beýiklik zolaklaryna bölmeklik ýaly usullardan peýdalanýarlar.

**2**. Zolaklaýyn däl aýratynlyklary seljerilip, fiziki-geografiki etraplaşdyrylan ýerlere Orenburg sähralygy, Burýatiýa döwletiniň Preobraženst we beýleki ýerleri, GDA we FRG (Gellert), Polşada Kondraskiý we ş.m degişlidir. Bu etraplaşdyrmanyň çyzgysyny gurnan alymlaar indi zolaklylygyň kanuna laýyklyklaryna däl-de, geografik gurşawyň ösüş we üýtgeýiş aýratynlyklaryna esaslanandyrlar. Bu aýratynlyklar ol ýa-da beýleki territoriýalaryň gedogo-geomorfologik gurluşynyň täsiri astynda tebigy toplumlaryň üýtgemegi bilen baglanşyklydyr. Kolesnikow: “Ýer şarynda zolaklylyk hadysasyny ret edýän we oňa garşy durup bilýän güýçli faktorlar. Ol faktorlara azonal diýilýär” diýip belleýär.

Azonallyk – Ýer üstüniň gurluşy bilen bagly bolup, fiziki-geografik toplumlaryň ösüşinde ilkinji wajyp kanunalaýyklykdyr. Azonallygyň ýüze çykmagyna täsir edýän ýagdaýlaryň biri-de tektoniki

güýçlerdir. Ondan başga-da gury ýer üstiniň deňizlere, derýalara görä ýerleşişi diňe bir klimata däl-de, eýsem tebigatyň tutuş durkuna öz täsirini ýetirýändigi mälimdir. Azonallyk kanuna-laýyklygyny käbir geograflar “prowinsial” diýip atlandyrypdyrlar. S.W.Kolesnik şeýle adalga garşy çykyp, Ýer gurluşy bilen bagly ähli kanunalaýyklyklary “azonallyk kanunalaýyklyklary” ýa-da ýöne “azonallyk” diýip atlandyrmaly diýýär. Ol “Ýeriň landşaft gabygynyň ýaşaýşynda zolaklylyk kanunyna boýun bolmaýan, ýagny gün radiasiýasynyň paýlanyşyna bagly däl azonal hadysalaryň bardygyny balläp, bu hadysany şeýle düşündirýär. “Azonal hadysalar – bu ýer gabygynyň hereketidir. Bu hereket deňiz apy-tupanlaryna, dagyň gurluşynda jaýrykdyr köwleriň emele gelmegine, wulkanlaryň atylmagyna, ýeriň titremegine, gury ýerdir deňziň ýerleşişinde üýtgeşmeleriň ýüze çykmagyna getirýär.” S.W.Kolesnik azonallygyň ýüze çykmagyna täsir edýän faktor hökmünde 3 sany esasy sebäpleri öňe sürýär. I. Ýer üstüniň relýefi, II. daglaryň hil düzümi, III. gury ýeriň we deňziň ýerleşişi;

F.N. Milkow bolsa öz gezeginde azonal düzüjilere relýef we geologik gurluşlary, zolaklylygyň düzüjilerine bolsa, klimaty, ösümlik we haýwanat dünýäni degişli edýär.

Azonallyga esaslanyp döredilen fiziki-geografiki toplumlaryň zolaklaýyn däl aratapawutlary şöhlelendirilýär. Kartalarda şeýle etraplary birlik höküminde görkezip, ony hiç hili zolaklara we zolakastlara bölmeýärler. Şeýle ýerlere – Rus tekizligi, Krim–Kawkaz, Kuban-Priozowsk welaýatlary, Dagystan etraplary we ş.m degişlidir.

**3.** Zolaklylyk – zolakdällik düzgüni. Tebigatda diňe zolaklylyk ýa-da azonallyk düzgünine esaslanyp gurup bolmaýan territoriýalar bar, ýagny, tebigatda zonalylyk, hem azonallyk häsiýeti bolan terotorial birlikler bar. Ýeriň çylşyrymly gurluşy ideal giňişlik zonalygyny kabul etmeýär. Zonallyk relýef, gury ýeriň we ummanlaryň ýerleşişi, gün radiosiasynyň ýer üstünde paýlanyşyny pozýar.

Umuman alanyňda, eger-de diňe zonal ýa-da azonal faktorlary aýrybaşgalykda gözöňünde tutsak, onda fiziki-geografiki toplumlaryň ýüze çykarylyşy obýektiw bolmaz. Ondan başgada tebigatyň ösüşiniň kanunynyň esasy aýratynlygy bolan – özarahereket we özarabaglanşyk hadysalaryny ret etmek bolardy.

Zonal we azonal düzgünlere esaslanyp döredilen birnäçe kartalar bardyr. Olara öňki SSSR-iň tebigy-taryhy etraplaşdyrmasynyň, Sibiriň (Suslaw), öňki SSSR-iň Ýewropa bölegininiň (Milkaw), Orta Aziýanyň (Mürzäýew) we ýene-de birnäçe ýerleriň kartalary mysal bolup biler.

**4.** N.A. Solnsew, I.W. Wasilýewa fiziki-geografiki etraplaşdyrmada genetik düzgünine esaslanmagyň has makuldygyny nygtaýarlar. N.A.Solnsewiň pikirine görä, genetik düzgin boýunça etraplaşdyrmada şu aşakdaky meselelere aýratyn üns bermeli:

1). Her bir fiziki-geografiki birligiň emele gelşiniň we soňky ösüşiniň ilki-başky sebäplerini ýüze çykarmak.

2). Umumy paleogeografiki taryhyny we onuň taryhyndaky esasy döwürlere bellemek.

3). Ösüşiň taryhyndaky esasy tebigy şertleri ýüze çykarmak.

N.A. Solnsew genetiki düzgüni esasy hasaplaýar we lanşaftlary giňişlik zonallygyny iňkär edýär. Ol: "Geografiki zolak etraplaşdyrmanyň birligi bolup bilmez, sebäbi ol litogen esasy boýunça bir bütewi däldir" diýýär. N.A.Solnsewiň pikiriçe zolak umumy alanyňda biogenetik we klimatik düşünjedir we hiç hili fiziki-geografik düşünje däldir.

A.G. Isaçenkonyň pikiriçe genetik düzgün territoriýanyň fiziki-geografiki üýtgeýjiligini, toplumlaryň emele geliş sebäplerini, olaryň genetiki umumylygynýn derejesini kesgitlemäge ýardam edýär.

N.A. Solnsew toplumlaryň döreýiş düşünjesi diýip, esasan, geologo-geomorfologik ýa-da litogen şertleriň geneziýasyny (gelip çykyşyny) göz öňünde tutýar. A.G. Isaçenko bolsa, fiziki-geografiki etraplaşdyrmada genetik düzgüniň wajyplygyny öňe sürüp, bu meselede fiziki-geografiki toplumlaryň zonallygyny we azonallygyny gelip çykyşyny derňemekligi dogry hasaplaýar.

Köp alymlar fiziki-geografiki birlikleriň (ýerleriň) ýaşyny göz öňünde tutmaklygy wajyp hasaplaýarlar. Ýöne häzir bir ylmy barlagçyda toplumlaryň ýaşyny haýsy döwründen hasaplamalydygyna takyk jogap berenoklar.

Geologo-geomorfologik ýa-da litogen esaslaryň emele gelşi we ýaşy tutuş toplumyň ýaşyny we emele gelşini kesgitlemeýär, sebäbi her toplumyň düzüjileriniň ýaşy we emele gelşide başga-başgadyr.

N.A. Solnsew "toplumlaryň emele geliş döwri buzluklaryň süýşmeginde ýa-da guraklygyň başlanan pursatyndan başlanýar" diýip hasaplaýar. Gurakçylygyň başlanýan ýaşy – toplumlaryň kemala

gelmeginde wajyp döwürdir. Gurakçylygyň başlanmagy bilen relýefler, organiki düzüjiler ösüp başlaýar.

A.G. Isaçenko bolsa: “adatça landşaftyň taryhynyň başlangyjy şol teritoriýanyň deňiz derejesinden ýokary galyp, buzluklardan, buz örteginden aýrylan wagtyndan başlaýar” diýýär.

Umuman alanymyzda, toplumlaryň ösüş taryhyny kesgitleýän genezis meselesi çözülmedik.

**5.** Kopmlekslilik düzgüni. Fiziki-geografiki etraplaşdyrmada diňe bir zonal we azonal aýratynlyklary dälde, geografik gurşawyň toplumlarynyň goňşy toplumdan tapawutly ösüşini göz öňünde tutmalydyr. Grigorýew: “Tebigy hadysalaryň akymy ýerleşiş we wagt şertlerine laýyklylykda dürli-dürli bolýar. Ýeriň ösüşi dürli giňişliklerde, beýiklikde, dürli guşaklykda, daglarda we pesliklerde, ýylyň dürli pasyllarynda dürlidir” diýýär. N.T. Mihaýylow fiziki-geografiki toplumlaryň differensiasiýasynda geografik gurşawyň zonal gurluşy esasy rol oýnaýar. Zonal we azonal aýratynlyklar uzak ösüş hadysasynda yzygider üýtgeýärler we çylşyrylaşýarlar. Ondan başga-da olaryň hersiniň öz emele gelişi bardyr.

Kolhida pesliginiň mysalynda geografiki gurşawyň zolaklylyk we azonal aýratynlyklary we genozisi boýunça fiziki-geografiki etraplaşdyrylyşyna seredeliň. Klimat şertlerine we onuň bilen bagly fiziki-geografiki hadysalara salgylanyp bu çägi subtropik zolaga degişli edip bolar. Bu ýagdaý ony Uly Kawkazdan çäklendirilmeginiň bir sebäbidir.

## 4.Fiziki-geografik etraplaşdyryş we landşafty öwreniş nazaryýetiň döreýşi we ösüşi.

Fiziki geografiki etraplaşdyryş baradaky ilkinji barlaglaryň we taglymatlaryň emele gelişi. Fiziki geografiki etraplaşdyryş we landşaft hakynda ylmy garaýşlaryň döreýşi we ösüşi.

Landşaftlary öwreniş hakyndaky ylym fiziki geografiỳanyň bir pudagy bolup,ol adamzat jemgiỳetiniň ỳeriň üstünde peỳda bolmagy bilen birlikde döräp başlapdyr diỳsek-de ỳalňyş bolmaz.sebäbi adam tebigatda ỳaşaỳar,ol dogrydan dogry tebigatyň belli bir komponentlerinden öz ỳaşaỳşynda peỳdalanỳar.Galyberse-de,adam haỳsy bolsa-da öz ỳaşaỳşynda tebygatdan özüne gerekli zatlary almazdan,oňa belli derejede täsir edỳär.Emma adamyň tebygata täsiredişi-de her bir jemgiỳetçilik formasiỳasynda:ilkidurmuş,gulçulyk,feodalizim,kapitalizim sosializim jemgyỳetlerinde dürli-dürli derejede bolupdyr.

Adamyň tebygata bolan güỳçli täsir edişi 18 asyryň ilkinji ỳarymynda başlanỳar.Bu döürde ỳewropada senagat kapitalizimi ösüp ugraỳar. Kapitalistik önümçilik aragatnaşygynyň Russiỳada ösmegi-de bu ỳerde hem tebygy resurslary täzeden öwrenmegini,olary hojalykda özleşdirmegi hem-de intensiw peỳdalanmagy talap edỳär.Ynha,şu meseläni ỳokardaky meseläni çözmek maksady bilen,Russiỳa ylymlar akademiỳasy tarapyndan (1768-1774-nji ỳyllarda ) ỳörite akademiki ekispedisiỳa döredildi.Onuň işinda belli rus orientalistleri P.S.Pallas,I.A.Gỳuldenştetdt I.I.Lepihin we başgalar gatnaşdylar.Akademiki ekispedisiỳa Russiỳanyňdürli raỳonlaryna tebygy geografik gözegçilik ediler.1755-nji ỳylda S.P.Kraşennikowyň "Kamçartka ỳazgysy" we 1762-nji ỳylda P.I.Ryçkowyň "Openburg topografiỳasy" çapdan çykdy bu iki sany monografiỳa Russiỳa möçberinde belli bir tebygy territorỳal bölünşiklere ỳazgy berỳän hem-de şu döwürdäki fundamental fiziki-geografik landşaft işleriň kategorỳasyna

degişlidir.1766-njy ỳylda A.F.Bişinganyň Russiỳanyň territorỳasynyň zonal bölünşine degişli işi çapdan çykdy.Şol işde ähli Russiỳanyň terretorỳasy demirgazyk,orta hem-de günorta tebygy zolaklara bölünỳär.

Russiỳada fiziki geografiỳanyň ösmeginde hem-de tebigat kanunlaryny geografik nukdaỳ nazardan düşindirmekde M.W.Lomonosowyň (1711-1765) hyzmaty has hem ulydyr.Ol umumy tebygtyň üỳtgeỳşi hakyndaky ideỳany düşündirmekde ilkinji bolup tebygy-taryhy metody ulandy.M.W.Lomonosow Russiỳanyň terretoriỳasyny topografik karta almakda-da, Arktikany özleşdirmekde-de inisiator hasaplanylỳar.19-asyryň başlarynda Aleksandor Gumboldyň Merkezi we Günorta Amerikany (1799-1804), Middendorfyň Sibiri (1842-1844-nji ỳyllar) öwrenmekde hem-de E.F.Zỳablowskiniň (1807-nji ỳyl),E.B.Konkriniň (1834-nji ỳyl),E.H.Lensiň we başga alymlaryň geçiren barlaglary geografiỳa ylymynyň ösmegine hem-de differensiỳalaşmagyna eltdi.Aỳratyn-da bu döwürde fiziki geogrefiỳanyň ösmeginde hem-de onuň tebygat hakynda ylym bolmagynda A.Gumboldyň (1769-1859) hyzmaty örän ulydyr.Onuň pikiri boỳunça geografiỳa tebygatdaky hadysalary öwrenỳän ylymdyr.Ol ỳer şaryndaky giňişlik boỳunça zonalyk we wertikal guşaklygyň emele gelişiniň kilimat bilen baglanşyklylygyny sbut etdi.A.Gumbold ilkinji bolup,sähra we çöllükde,tropiki tokaỳlara komplekisleỳin ỳazgy berdi.19 asyryň ahyrynda ,20 asyryň başlarynda Russiỳada we Peterburg uniwersitetlerinde ỳörite geografik kaedralaryň peỳda bolmagy onuň ösmegine,ỳene-de differensiỳalaşmagyna eltdi.

Russiỳada landşaft hakyndaky ylymyň düỳbini tutujy W.W.Dokuçaỳewdir.W.W.Dokuçaỳewe çenli toprak näme diỳen soraga ank jogapberỳän belli bir ylalaşykly ideỳa ỳokdy.1870-njiỳylyň ahyrynda W.W Dokuçaỳewtoprak hakyndaky ylymy döretdi.Ol topragyň birtopar geografik faktrlardan: enelik jynsdan,klimatdan,organiki dünỳäniň täsirinden emele gelỳänligini örkezdi.Diỳmek topragyň

geografik kompleksdigini sbut etdi.W.W.Dokuçaỳew (1882-1886ỳ., 1888-1894ỳ., 1892-1898 ỳ.) Niženowogorod, Poltawa guberniỳalarynyň,Rus düzlüginiň sähralyk bölegi öwrenen tebygy kompleks prinsipinden peỳdalandy.Alymyň geografiỳadan tebygy komplekis ideỳasyny onuň okuwçylary N.M.Sibirsew (1860-1900), A.N.Krasnow (1862-1914), G.H.Wysoskiỳ (1865-1940), G.I.Panfilow (1857-1928), G.F.Morozow (1867-1920), W.I.Wernadskiỳ (1863-1945), K.D.Glinka (1867-1920),bulardan başga-da, L.S.Berg (1876-1950), S.S.Nestruỳew (1874-1928), B.B.Polynow (1877-1952) we başga sowet alymlary ösdürdi we häzirem ösdürilỳär.L.S.Berg W.W.Dokuçaỳewi "häzirki zaman fiziki geografiỳasyny esaslandyrjydyr"diỳip görkezỳär.

Landşft hakyndaky okuw W.W.Dokuçaewiň geografik kompleksi we tebigy zonalar hakyndaeky ideyasynyň ýene-de öňe ösýänliginiň şaaýadydyr.Diýmek landşfty öwrenişiň peýda bolmmagy tebigat hakyndaky ylymyň kanuny ösüşiniň şaýady hasaplanyr.Landşft hakyndaky düşünjäni ylymy girizji L.S.Bergdir. 1913-nji ýylda ol özünüň"Russiýanyň Aziýa bölegini Landşft taýdan raýolaşdyrmak"diýen işinde ilkinji bolup, geografiýanyň esasy öwrenýän obýekti "landşaft" bolmaly diýen pikiri orta aldy.Şol wagtlarda, aýratynda ozüniňsonky işlerinde tebygy landşaftyň nämedigini L.S.Berg kesgitledi.OnuN pikiri boýunça tebigy lanşaftyň belli garmonik taýdan tapawutlanýan relýefi, klimaty, tpragy, ösümligi bolmaly. Mundan başga-da L.S.Berg landşaflar bilen tebygy zonalaryň aragatnaşygyny we olaryň bir-birnden tapawudyny kesgitledi.Ol belli bir tebigy oblstda birmeňzeş landşftlaryň duş gelýän ýerlerini lanşawt zonalar diýip atlandyrdy.

L.S.Bergiň landşflar hakyndaky ideýasyna ýakyn ideýany "Tokaý öwreniş" hakyndaky ylymyň düýbini esaslandyjy G.F.Morozow aytdy.Onuň pikiri boýunça tokaý hakyndaky ylymyň özi landşaft-geografik prinsipde düzülmeliü.Ol tolaýy "geografik hadysa" hökmünde alyp, onuň aýratyn geografik

komplekisdigini belledi. G.F.Morozow belli bir territoryany taryhy taydan barlanda, esasy maksat ony aýratyn orografik indiwudumlara ýa-da landşaftlara bölmeginiň zerurlygyny belledi. Onuň bu pikiri L.S.Bergiň Lnadşftlar hakyndaky ideýasyna uly täsir etdi.Şonuň bilen birlikde G.F.morozow özünüň tokaýlar hakyndaky ideýasynyň teoretiki bazasyny ösdürmekde L.S.Bergiň landşftlar hakyndaky işine daýandy.

G.N.Wysoskiý G.F.Morozowyň iň ýakyn pikirdeş ýoldaşy bolupdyr.Onuň aýratyn hem Russiýanyň sähralyk zonasynda tokaýçylygy ösdürmekde bitiren hyzmaty has uludyr. Ol sahra zolagynda tokýçylygy ösdurmek bilen birlikde geobotaniki, toprak, gidologik we başga geogrfik barlag işlrini dowam edipdirler.Iň soňunda barlaglarynyň esasy landşaftlar hakyndaky netijä gelýär we oňa landşaft diýmän "belli bir ýer" ýa-da "tebigy okrug" adyny berýärüher bir okrugyň tapawutly aýratynlygynyň biri-de, onuň pikiri boýunça, okrugyň içerki tapawutly aýratynlygy hasaplanýar.Diymek,her bir ýer ýa-da okrug bir-birinden şol ýerde osýän osümlükleriň ýa bolmasa topragyň aýratynlygy bilen tapawytlanýar.Şonuň ýaly tapawudyň bolmagy ýerli faktorlaryň (relefe, topraga, klimata, grunt suwlaryna) Yagdaýyna bagly.Şoňa göräde bir ýerde otluk, ýene-de bir ýerde tokýlygyň oňat ýagdaýda bolmagy introzonal faktorlara-da baglydyr.Şeýlelik bilen, G.N. Wysoskiý landşawtyň morofologiýasy hakyndaky ylym esaslanýar. G.N. Wysoskiý kem-kemden fito-topologik ideyany, häzirki zaman landşaft kartalaryny düzmek hakundaky ideýany esaslandyrjydyr diýmek bolýar.Şonuň yaly landşaft kartolar oba hojalygynyň dürli pudaklaryny ylymy taýdan ösdürkekde uly rol oýnajakdygy bu alym öňünden görüpdür.

1910-njy ýylda P.I.Baraunow (1852-1927)geografiýa predmetiň esasy öwrenýän obýekti "Ýer üstüniň daşky perdesini"diýip belledi.Onuň ideýasy boýunça "Ýer üstüniň daşky perdesi" litosferadan, gidrosferadan, atmosferadan, biosferadan duryar. Şol sferalar bir-biri bilen aragatnaşykda

bolup, bir-birine täsir edýär.Şu hadysalary öwrenmek fiziki geografiýanyň wezipesidigini hem-de özbaşdak ylymdygyny ol belleýär.

Landşaftlar hakyndaaky meseläni ylymy esasynda çözmekde R.I.Alobiniň bitiren hyzmaty hem az däl. Bu alymlaryň pikiriçe relýef, grunt, toprak, ösümlik we başga tebygy komponetlar bir-biri bilen berk aragatnaşykda bolup, olar epigenemler görüşinde çylşyrymly geografik hadysany emele getirýärlar.Epigenemler, ýagny kompleks landşft perdesi zonalyk prosesine laýyklykda "Epozonalara" bölünýär. Öndan soň bulary belli bir ýeriň geologik taryhyna bagly aýratyn "epioblastlara", soň "epitiplere" (çemenlik, şorluk), iň soňunda bolsa yeriň üstüni bölünmeýän indiwidual landşftlara "efimorfalara" bölüp boljakdygyny R.I.Abolin belläpdi.

Şeýlelik bilen, Beýik Oktýabyr sosiýalistik rewolýusiýasyna çenli döwürde landşaft hakyndaky düşünje tebygaty öwrenjileriň arasynda
populýr bolan hem bolsa, bu hakdaky ylym ol wagtda ýok diýen ýalydy.Diňe Beýik Oktýabyr sosiýalistik rewelýusiýasyndan soň, aýratyn-da ýigriminji ýyllardan başlap,tebygy-geografik kompleksleri öwreniş işleriniň ýaýbaňlanmagy landşaft hakyndaky ideýanyň baýlanşmagyna eltdi. Sowet bäşýyllyklary içinde Soýuzymyzyň täze özleşdirilýän ýerlerinde, meliorasiýa geçiriljek raýonlaryň tebygy ýagdaýyny bilmek üçin täze birinji landşaft kartalary peýda boldy. Şonuň kartalary düzmekde esasy inisiatorlar B.B.Polynow, I.W.Larin, R.I.Abolin boldy.

Wagtyň gemegi bilen, landşafty surata almak işleriniň köpelmegi, kem-kemden geografik komplekisleriň dürlüleşmegi, landşft bilikriniň dürli gradasiýalaryny bellemegiň zerurlygyny ýüze çykardy.Uly landşaftly kartalaşdyrmakda esasy öwreniýän obýekt bolup terretorýanyň elementler kompleks birligi hasaplanýar.Terretorýanyň elementler kompleks birligini B.B.Polinow, I.M.Kraşennikow

elementar landşaft diýip atlandyrylýar. I.W.Larin ony mikrolandşft, R.I.Abolin bolsa epimorf diýip atlandyrdy.

girişi 10.0 köp howanyñ tempiraturasyny G.T. Selýaninowa bolsa köp duş gelýärn ýerleriñ görnüşlerini sanawjy seýrek, duş gelýanleri bolsa, maýdalawjy raýonda ýerleriñ görnüşleriniñ umumy sanyny görkezýärler.

D.L. Armand we F.N. Milkowyñ teklipleri gyzykly bolsada bu häsiyetnamalar toplumlaryñ hakyky düzümini açyp görkezmeýärler we olaryñ köp aýratynlyklaryny umumy görkezmeýärler. Yerleri indekslemek we formulirlemek pikirini etraplaşdyrmagyñ fiziki-geografiki kartasynda toplumlaryñ kontur mazmunyny açyp görkezmek üčin ulansañ bolýar.

Fiziki-geografiki raýonlaşdyrma boýunča barlaglar dürli maştablarda geçirilýär we olaryñ her bir anyk ýagdaýynda akyl ýatirmanka esasy obýekti bilen şol ýa-da başga derejäniñ fiziki-geografiki birligi bilen durýar, ligsal üčin welaýat ýa-da raýondyr, şonuñ üčin şol ýa-da başga birligiñ häsiýetnamasyna esasy üns berilýär. Häsiýetnamalarda bir derejäniñ ähli ýerlari üčin her bir komponentiñ hil we mukdar görkezijileriniñ deñeşdirilmegi hökmandyr. Diñe şu şertde görkezijileriñ deñeşdirme hasabatyny almak bolýar.Elbetde, görkezijileriñ utgaşdyrylmagy dürli görnüşli dag we düzlük ýerler učin dürlüdir.

Seýlelikde, tebigi şertler ýarymčöllükli düzlük toplumlryna,ýagny şor suw we toprak, şor meýdanlar ýaly maglumatlar berilmelidir, emma şu taýda tokaýda ýok ösümlikler barada hič zat berilmeli däl. Sonuñ üčin bir taksonomiki derejäniñ fiziki-geografiki we birgörnüşli ýerli birlikleriñ hem mukdar görkezijileriniñ durnuklylygyny anyklamak gerekdir, mysal učin tokaý düzlikleri daglar, čöl düzlikleriwe ş. m.

Fiziki geografiki etraplaşdyrmagyñ barlaglarynyñ analiz, iñ bärikisi kitaplaryñ ičinde tebigatyñ elementleriniñ 200 sanysy

getirilendigini görkezýär.Düzgünler bilen tanylyşanda, oba hojalyk maksady üčin topragy guratmak üčin, magdanlary čykýan ýerini gözlemekligiñ geohimiki usullary boýunča tebigatyñ dürli elementleriñ san ululuklary boýunčagiñ maglumat almak hökmanydyr.Häzire çenli köp geograflaryň aýtmagyna görä tejribe maksatlar üçin köp mukdar häsiýetnamalaryň bolmagy hökmanydyr.Tebigatyň elementleriniň san ululyklarynyň mukdarynyň az bolmagy,fiziki-geografiki etraplaşdyrmagy tejribe ähmiýetini peseldýär.Suwly we şor ýerlerde magdanlaryň çuň ýerleşişi,fosforyň,kaliý we kalsiniň toprakda ýerleşişi barada görkezijiler getirilýär.Sol bir wagtyň özünde ähli fiziki-geografiki böleklerden,aýratyn hem dag döwletlerden,mysal üçin toprakda köp himiki elementleriň mazmuny,bir usul boýunça alnan köp wajyp mukdar häsiýetnamalar ýokdur.Edebi we beýleki çeşmeler bize öňde goýlan meselä rugsat berýärler,sebäbi olar fiziki-geografiki döwleti däl-de giň ýerdäki aýry-aýry komponentleri häsiýetlendirýärler.Tebigatyň elementleriniň san häsiýetnamalaryny dürli usullar bilen almak aňsat,emma klimatyň we suwuň käbir görkezijileri hasaplamak kynrak,sebäbi ähli fiziki-geografiki birliklerde,aýratyn hem aşaky derejedäkileriň,meterologiki stansiýalaryň we gidrologiki postlaryň ýoklygydyr.Iň bärkisi mukdar häsiýetnamalaryň toplumynyň hil görnüşleriniň utgaşmagy umumylaşdyrmaga kömek berýär.

Hil aýratynlyklaryň hasabaty bilen komponentleriň elementleriniň san ululyklarynyň deňeşdirilmegi fiziki-geografiki raýonlaryň has iri birligine,ýagny okruga we welaýata birikdirilmegini anyklamaga kömek edýar,ilkibaşda esasan agdyklyk edýan landşaftlaryň utgaşmagy we durli komponentleriň hili boýunça ýuze çykýar. Has iri taksonomiki birlikleriň aýratyn hem dag böleginiň fiziki-geografiki etraplaryna degişli dal we natakyk hasiýetnamalaryň mukdar analizine esasy uns berilýar.

Bir fiziki-geografiki etraplaşdyrmakda ulanylýan mukdar görkezijileri 2 topara bölmegi teklip edýaris.Birinji topar komponentleriň ikitaraplaýyn mukdar görkezijileri degişli bolup,olar bir ýa-da durli taksonomiki derejaniň ýer birliginiň hakyky duzumini açyp görkezýar.Komponentleriň ikitaraplaýyn mukdar görkezijiler toplumy döwlet birlikleriň hasiýetnamalarynyň we olaryň mynasyp bahalarynyň deňeşdirilmegine mumkinçilik berýar we tebigatyň şol ýa-da başga kanunalaýyklyklaryny ýuze çykarmaga kömek edýar.Ondan başga-da bu toplumlary barlamakda matematiki usullaryny ulanmak uçin hem wajypdyr.

Ikinji topara spesifiki mukdar görkezijiler bolup,bu dag-çölluk,dag-tokaýlyk,duzluk ýarumçölluk ýaly etraplara mahsusdyr.Sunuň yaly görkezijilere: tokaý önumçiligi,topragyň şorlanmagy,ömurlik doňaklygyň gýçliligi,şor meýdanlar we ş.m. degişlidir.Spesifiki mukdar görkezijiler bir döwletde bolup bilýar,başga-da bolman hem bilýar,emma aýry-aýry ýerlerde şol bir wagtyň özunde regional birlik uçin bir we durli dereje uçin ikitaraplaýyn bolup bilýar,meselem Sibirde ömurlik doňaklyk görkezijisi,Orta Aziýanyň çöllrrinde şorlaryň we ş.m.bolmagy muňa mysal bolup biler.

Mukdar görkezijileri saýlaňda olaryň tejribe ähmiýetini hem göz öňünde tutmak zerurdyr.Bu ýerde iki sany şertleýin görkezijileri görkezmek bolýar:

1. Tejribe ähmiýetli mukdar görkezijiler tejribe ähmiýetli tebigy etraplaşdyrmagy ýerine ýetirmek üçin hökmanydyr (oba hojalyk,meliorasiýa,gurluşyk senagat,ýollar we ş.m.),emma şol ýa-da başga ýeriň tebigy şertlerine baglylykdadiňe bir tejribe maksat üçin hil we mukdar görkezijiler dürli bolup biler,mysal üçin tundralyk,çöllük.

2. Fiziki-geografiki toplumlaryň tebigy baýlyklarynyň mukdar görkezijileri.Häzirki wagtda fizikleriň we geograflaryň tebigy şertleriniň we tebigy baýlyklaryň bahasyna bolan ünsleri gün-günden güýçlenýär.’Tebigy tenleri we hadysalary

bahalandyrmak-bu tebigat bilen jemgyýetiň arasyndaky aragatnaşygy şöhlelendirmegiňbir görnüşidir”(Kunisyn we b.g.,1969.)

L.I.Muhina toplumlaryň tejribe ähmiýetli bahalary barada barlag geçirip, toplumlaryň bahalarynyň şol ýa-da başga önümçilik we tehnologik proses üçin gerekligi we wajyplylygy baradaky soragy orta goýýar. Ol bahalary san ululyklarynda getirmegi (ballarda) ,onuň üsti bilen bolsa özleşdirmegiň çylşyrymly derejesini (1,2,3 ýa-da 10,20,30 bal) , bu bolsa, bahalanýan toplumlary deňeşdirmäge mümkinçilik berer diýip teklip edýar. Sol bir wagtyň özünde ol:”… sintetiki bahalary almak prosesinde esasy kynçylyklar mukdar görkezijilei hasaba almak wajyplygynda çykman,eýsem deňeşdirilmeli bolýan görkezijileri” dürliagramly bolup , aragatnaşuk ulgamynda A-Ä çenli bolup (A-bahalanýan , Ä-talap edilýän) dürli orun oýnaýanlygyndadyr diýip belleýär, ondan başga-da dürli tebigy toplumlarda bir bahasy bolan, şol bir komponentde ornunyň deň bolmazlygy mümkindir.”(Muhina, 1969)

E.B.Lopatiniň,A.A.Minusyň we b.g.pikirine görä , bahalary dürli taraplaýyn işlemek mümkin däl,sebäbi bahada tebigy,şeýle-de sosial-ykdysady sferada integral we tapawutlandyrma proseslerini hem göz öňünde tutmalydyr.Bahalaryň kriteriýalary olaryň maksatlary bilen anyklanyp, ulanylýan görnüş üçin peýdalanylýan meýdanyň tehniki howasyny ýüze çykarmak,şeýle hem şunuň ýaly peýdalanmagyň ykdysady , jemgyýetçilik,sosial netijeliligini ulanmaly.

Hakykatdanam,fiziki-geografiki toplumlaryň hil we mukdar görkezijiler bahalandyrylanda,bu görkezijiler toplumlaryň özleri üçin hem hojalykda ulanmaklyk üçin hem iki ähmiýete eýedir.Sol bir görkeziji kanagatlanarly hem kanagatlanarsyz bolup biler.Tebigatyň elementiniň ýokary mukdar görkezijisi käwagt region üçin hem şeýle-de onuň hojalykda özleşdirilmegi üçin hem kanagatlanarsyz ähmiýete eýe bolýar

.Tersine,kiçi ululyk ähli gatnaşyklarda uly ululyga garaňda örän wajyp orun oýnaýar.

Seýlelikde,dürli eňňitleriň meýdanlarynyň hasaby fiziki-geografiki dag etraplary üçin olaryň özleşdiriş kynçylygyny görkezýär.Uly ýapaşak we gaýalyk ýerlerte özleşdirmäge ýramaz täsir edýärler, sebäbi bu böleklerde fiziki şemallanma bolup, ol ýollary, ýaşaýyş ýerlerinde köp mukdarda döwülen materiýalary bolan çagyl daşlaryny,opurylma emele getirýärler. Dik gaýalyklar, haçanda olaryň gazylyp alynýan magdanlaryň köp bolmagynda kanagatlanarly faktor bolup hyzmat edýär. Emma gazylyp alynýan baýlyklaryň, gurluşyk magdanlaryň, işçi obalarynda has kynrak we beýleki böleklere garaňda.

Bede ýatyrylýan we öri meýdanlarynyň bahasyny anyklamaga mümkinçilik berýän hasyllyk-ot ösümlikleriniň mukdar görkezijileriniň iň wajyplarynyň biridir. Emma otlaryň hasyllylygy ösümlikleriň toparlarynyň üstünliklerini hemişe şöhlelendirmeýärler.Seýlelikde ýokary otlar hasyllygyny (gury ýeriň 25 s/ga çenli ) däneli-dürli otly otluk ýerleri berýärler. Emma olaryň ähmiýeti, ýokary daglarda mallaryň gysga wagtkyk, ýagny ỳylda 3-4 aỳ bakylmaga netijesinde peselỳär. Guryỳerden 3-4 den 12s/ga çenli tutỳan ỳarymçőllűk däneli-dűrliotly, däneli-ỳowşan we şeỳle-de ỳowşanly-duz ỳerleri gaty bir pes ähmiỳete eye däldirler. Yarymçőllűk toplumlarda mallar ýazyna, güýzüne we gysyna bakylýar, ýerleriň köp bölegi bolsa bütin ýylyň dowamynda özi meýdanlary üçin ulanylýar. Ondan başga-da otluk ýerlerinde mallara iýmit boljak otlaryň dürli görnüşleri bar.

Umuman, mukdar, hil görkezijiler häsiýetnamalary, tebigy baýlyklary bahalandyrmak we fiziki-geografiki toplumy etraplaşdyrmak baradaky sorag örän kyndyr.

Köp kitaplarda geçirilen barlaglaryň esasy netijesi bolup durýan etraplaşdyrmagyň kartalary hasap ýetmezden, olarda suratlandyrma materiýalaryň yoklugydyr. Fiziki-geografiki

etraplaşdyrmagyň gutarnykly netijesi-bu etraplaşdyrmagyň kartasy we tekstleýin häsiýetnamalar.

1. Tekstleýin häsiýetnamalar etraplaşdyrmagyň esaslaryny we usullaryny, dürli derejedäki taksonomiki birligiň klassifikasion alamatlaryny, toplumlarynyň faktorlaryny we proseslerini, tebigy proseslere şahsy toplumlaryň täsir etmegini, aýratyn we kanagatlanarsyz we hojalyk üçin ulanylmagyny şöhlelendirmelidir.
2. Komponentleri region birligiň emele geliş faktory hökmünde seridilmelidir.
3. Häzirk regionyň tekstleýin hil häsiýetnamalary mukdar häsiýetnamalary bilen aýratyn goýulupdyr. Seýlelikde, mukdar häsiýetnamalaryň deňeşdirip bolmaýandygyna seredildi.
4. Bir we dürli derejedäki mukdar görkezijileriň toplumy işlenilmändir.
5. Fiziki-geografiki toplum bir mukdar görkeziji bolup bilmeýär, şonuň üçin köp san ululyklaryny getirmeli, ol bolsa onuň hakyky düzümini şöhlelendirip, tebigy baýlyklary ulanmaga kömek eder.
6. Ahli mukdar görkezijileri 2 topara bölmek bolýar:

a. ähli ýerlere mahsus, ikitaraplaýyn mukdar görkezijiler;
b. bir ýere mahsus bolan spesifiki mukdar görkezijiler

7. Tekstleýin häsiýetnamalarda dürli suratlar bilen bezelşine üns berilmelidir.

## 5.Türkmenistanyň çäklerini fiziki-geografiki ýa-da landşaft taýdan böleklere bölmek.

Türkmenistanyň meýdan-çäginiň XX asyryň 50 ýyllaryna çenli fiziki-geografik taýdan öwrenilişi we raýonlaşdyrylyşy. Türkmenistanyň çäginiň XXI asyryň başlaryna çenli öwrenilişi we landşawt taýdan bölünişi. Fiziki-

geografik we landşaft taýdan Türkmenistanyň çägini öwrenmekde öňde durýan wezipeler.

Türkmenistanyň meýdan-çäginiň fiziki-geografik öwrenilişiniň özboluşly taryhy we aýratynlyklary bar. 1948-1950 ýyllarda M.P. Petrowyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň çäginde fiziki-geografik landşaft taýdan etraplaşdyrmaklyga girişilýär. Şol wagtlarda ýaş alymlardan K.K. Weýsow "Demirgazyk Türkmenistanyň fiziki-geografiki raýonlaşdyrylyşy" diýen disertasion işi 1953 ý. Sankt-Peterburgyň geografiýa fakultetiniň alymlar sowetinde gorap, geografiýa ylymlarynyň kandidaty alymlyk derejesi berilýär. Şol ýyllarda onuň kärdeşi we ýoldaşy A.G. Babaýew "Demirgazyk Türkmenistanyň oazis içi çägeleri we olary özleşdirmek meseleleri" diýen mowzuk boýunça 1953 ý. Sankt-Peterburgyň geografiýa fakultetiniň alymlar sowetinde disertasion işini gorap, alymlyk derejesini alýar. 1948 ý. M.P. Petrowyň ylmy ýolbaşçylygynda Ç.B. Köpekow 1948 ý. "Tejen deyasynyň deltasynyň landşaftlary" diýen mowzukdan S. Peterburgyň geografiýa fakultetinde jemagat TSSK ylymlar akademiýasynyň çöller institutynyň (1961ý.) döredilenden soňra Türkmenistanyň çägini fiziki-geografik taýdan öwrenmeklige uly üns berilýär. Türkmenistanyň meýdan-çäginiň esasy bölegi Garagum çoli bolanlygy sebäpli alnyp barylýan işler coli öwrenmek we olary özleşdirmek meselelerine bagyşlandy. Fiziki-geografiki we landşaft taýdan etraplaşdyrmak meselesine degişli ylmy işler Aşgabat şäherindäki M. Gorkiý adyndaky TDU-nyň fiziki-geografiýa we Türkmenabat şäherindäki pedagogik institutynyň geografiýa kafedrasynyň mugallymlary tarapyndan amala aşyryldy. Olardan Ç.H. Hojaýew günorta – gündogar Garagumyň fiziki-geigrafiki etraplaşdyrylyşy diýen mowzuk boýunçä 1976 ý. Baku şäherinde doktorlyk disertasiýa gorady Amyderýanyň orta akymynyň fiziki-geografiki raýonlary barada O.

Atahanow, Murgap derýasynyň ýokary akymynyň fiziki-geografiýasy barada B. Babaýew 1971 ý. Baku şäherinde goradylar.

Anatoliý Grigorýewiç Isaçenkonyň we beýleki alymlaryň fiziki-geografiki etraplaşdyrmak boýunça çap edilen ylmy taglymat işlerine esaslanyp, Türkmenistanyň çäginde şu aşakdaky sebitara fiziki-geografiki birlikleri bölmek bolar.

Türkmenistanyň çägi köp fiziki-geografiýa alymlaryň pikirine görä, Orta Aziýa düzlük we daglyk ýurtlaryň çäginde ýerleşýär. Orta Aziýa düzlük fiziki-geografiki ýurduň içinde iki sany Garagum we Gyzylgum fiziki-geografiki prowinsiýany bölýärler. Bu prowinsiýalar tektoniki we geologiki emele gelişleri, klimaty, agroklimat aýratynlyklary boýunça biri-birinden tapawutlanýar. Orta Aziýa düzlük fiziki geografiki ýurduň çägini çoller zonasy kesip geçýär. M.P. Petrowyň we beýleki alymlaryň pikirlerine görä, çöller zonasy 2 sany kiçi zona: demirgazyk we günorta Garagum kiçi zonalaryna bölünýär. Olaryň ara-çägi Üňüz aňyrsy Garagumyň günortasynda ýerleşýän Üňüz çöketligi bilen araçäkleşýär. Bu çöketlikden günortada Türkmenbaşy aýynyň ortaça temperaturasy dag etegi düzlükde $+1^0$, demirgazykda $+0,8^0$ deňdir.Klimat şertlerine baglylykda günorta Garagum subtropik häsiýetli bolanlygy üçin gyşyna efemerler (otjumak ösümlikler) wegetasiýany (ösüşini) dowam edýarler. Şu efemerleriň ösüşi geljek ýylyň Magtymguly aýyna çenli dowam edýär.

Demirgazyk Garagum kiçi prowinsiýasy (podprowinsiýa) emele gelşi tektonikasy we klimat aýratynlyklary boýunça Günorta Garagumdan tapawutlanýar.

Demirgazyk Garagum kiçi prowinsiýanyň çäginde geologik, tektonik gurluşlary, gipsometriki ýagdaýlary we klimat özboluşlygy boýunça iki sany fiziki-geografiki okrugy tapawutlandyryp bolýar:

1. Üňüz aňyrsy Garagum.

2. Daşoguz ýa-da aşak Amyderýa fiziki-geografiki okruglary.

Günorta Garagum kiçi prowinsiýanyň jümmüşinde şu aşakdaky bölmek bolar:

1. Merkezi Garagum, Orta Amyderýa, Günorta – Gündogar Garagum, Günorta Garabil belentligi, Demirgazyk demirýoldan araçäk geçýär, Murgap, Tejen derýasynyň aşak akymy. Köpetdag etegi düzlük, günorta – günbatar Garagum (Hazar kenaryna çenli).

Orta Aziýa daglyk ýurduna Köpetdag, Kiçi Balkan Bathyz, Garabil belentlikleri degişli edilýär. Bu daglyk oblastlaryň çäginde Günbatar Köpetdag, Merkezi Köpetdag (Arçmandan Artyga çenli), Gündogar Köpetdag (Artykdan Sarahsa çenli), Bathyz, Garabil fiziki-geografiki okruglary bölüp bolýar. Pamir-Alaý daglyk oblastyň Köýtendag Magdanly fiziki geografik daglyk okrugy Türkmenistanyň çäginde ýerleşýär.

Türkmenistanyň demirgazyk – günbatar özbaşyna daglyk oblast. Ol ýerde hem 2-3 sany fizik geografik okrugy bölýarler.

## 6. Ykdysady we durmuş geografiýanyň ösüşi

**1.** Ykdysady geografiki aňyýetiň we düşünjeleriň emele gelmegi.

Gadymlardan, adamzadyň emele gelen döwürlerinden bäri, adamlar tebigy şertler we baýlyklar barada aňyýetini, düşünjelerini baýlaşdyrmak isläpdirler. Sebäbi, irki döwürlerde adamlar tokaýlardaky miweler, ir-iýmişler bilen iýmitlenipdirler. Sonuň üçin iýmit ýetmezçiligi sebäpli, ilat göçüp-gonup ýörmeli bolupdyr. Şeýlelikde, adamlarda tebigy baýlyklar(ýerüstüniň gurluşy, howa ýagdaýy, suwlar, ösümlik

we haýwanat dünýäsiniň wekilleri, olardan öndürilýän önümler) barada aňyýetiň we düşünjeleriň ösmegine olary durmuş şertleri mejbur edipdir. Dünýäniň ilatynyň arasynda düşünjeli adamlaryň ýolbaşçylygynda “sergezdançylyk durmuşdan” dynmak maksady bilen oturymly hojalyk emele gelip başlapdyr. Dünýäniň ilatynyň aňyýetiniň we düşünjeleriniň ösmegi we artmagy bilen oturymly hojalyk ösmegini we kämilleşmegini dowam etdiripdir. Adamlar ýuwaş-ýuwaşdan ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanyp başlapdyrlar. Adamzadyň hojalygynyň ösmegi bilen dürli ykdysady-jemgyýetçilik gurluşlar emele gelipdir. Gul eýeçilik jemgyýetiniň döremegi bilen ykdysady durmuş geografiýa hakda dürli düşünjeler peýda bolýar. Adamlaryň gury ýer bölegini özleşdiren ýerlerinde ilatyň sanynyň artmagy bilen, täze giňişlikler özleşdirilip başlanýar. Özleşdirilen ýerleriň tebigy şertlerini we baýlyklaryny ilat öz hojalygyny ösdürmek üçin ulanýar. Tebigy şertleriň we baýlyklaryň dürlüligi, ilatyň aňyýetiniň we düşünjeleriniň, başarnyklarynyň birmeňzeş bolmazlygy jemgyýetiň arasynda zähmet bölünişigi emele getirýär. Gul eýeçilik döwletleri emele gelip başlapdyr. Zähmet bölünişigine görä ilat özüne gerek azyk we hojalyk harytlaryny goňşy ýerlerdäki ilat mesgenlerden getirmeli, ýa-da haryt çalşygyny amala aşyrmaly bolupdyrlar. Şeýlelikde, ilatyň arasynda dürli harytlary öndüriji ilat mesgenleri, obalar hakda maglumatlar emele gelýärler. Durmuş we ykdysady geografiýa degişli ilkinji maglumatlar gadymy gul eýeçilik döwrüniň döwletlerinde emele gelýärler. Döwletleriň we olaryň sebitlerinde emele gelen jemgyýetçilik zähmet bölünişigi hojalygyň meýdan-çäkler boýunça dürlüligi hakyndaky düşünjäni emele getirýär.

Gadymy döwürde geografiýadan has köp ylmy iş eden grek alymlarynyň biri Strabon (biziň eýýämimizden öň 64/63 we biziň eýýämimiziň 23/24-nji ýyllary) özüniň “Geografiýa” diýen işinde adamzadyň ýerleri özleşdirişine, ýazgy beren

döwletleriniň hojalyk pudaklaryna, olaryň arasynda söwdanyň guralyşyna häsiýetnama beripdir. Oh(häzirki Tejen, Amyderýa, ýa-da Etrek) derýasynyň golaýynda nebitiň, aşgarly suwlaryň, asfaltyň, ýelimiň, kükürdiň çykýandygy barada ýazypdyr. Ýokarda görkezilen üç derýanyň golaýynda ýeriň üstüne nebitiň çykyp duran ýerleri henize çenli ýok. Emma geçen döwürlerde we asyrlarda Çeleken (1920-nji ýyllara çenli ada bolan) adasynda, Nebitdagda ýeriň aşagyndan öz-özünden nebitiň çykyp, gatap galan ýerlerine gabat gelip bolýar, diýip barlagçylar aýtýarlar. Köp alymlar Strabonyň "Ohy" häzirki Çeleken ýarym adasy bolmaly diýip pikir edýärler. Şol wagtlar ýazgy berýän ýerlerimiz Gündogaryň üç döwletiniň: Parfiýa imperiýasynyň, Köneürgenç döwletiniň we Beýik Kuşan patyşalygynyň garamagynda bolupdyr. Ö.Gündogdyýewiň(2006, sah. 7) maglumatyna gögä, taryhçy Pliniý(Starşiý) biziň eýýämimizden öň 1-nji asyrda Parfiýa döwletiniň Astauen sebitinde(Günbatar Türkmenistanda) nebitiň gazylyp alnandygy barada ýazypdyr. Gazylyp alnan nebit öz döwründe metjitlerde, patyşalaryň köşklerinde jaýlary ýagtyltmak we uruş maksatlary üçin ulanylypdyr. Parfiýa goşunlarynyň esgerleri okýaýyň ujuna esgi orap, oňa nebit siňdirip, otlap duşmana atypdyrlar. Orta asyrlarda nebit harby ýörüşlerde giňden ulanylypdyr. YIII-XI asyrlarda türkmen goşunlarynda ot atýan ýörüte "Naffatin" atly bölümler bolupdyr. Beýan edilen maglumatlardan görnüşi ýaly, häzirki eýýämiň başlarynda döwletleriň geografiki ýerleşişi, tebigy şertleri we baýlyklary, hojalyk düzümleri, öndürilýän önümleri barada ilkinji maglumatlar, ýazgylar emele gelipdir. Jemgyýetçilik zähmet bölünişigi emele gelenden soň döwletleriň, sebitleriň arasynda söwda, dürli ykdysady gatnaşyklar ösüp başlapdyr. Şeýlelikde, geografiki edebiýatlarda söwdanyň geografiýasyna bagyşlanan ylmy işler we ýazgylar peýda bolupdyr.

## 2. Ykdysady we durmuş geografiýa degişli düşünjeleriň we ylmy işleriň Ýewropa döwletlerinde emele gelişi.

XII-XIII asyrlarda ýerine ýetirilen ylmy işlerde ykdysady we durmuş geografiýa degişli ilkinji maglumatlara gabat gelinýär. Şol ýyllarda geografiýa degişli ylmy işlerde döwletlere häsiýetnama berlende, olaryň ykdysadyýetine degişli maglumatlar getirilýär.

M.M.Golubçigiň we beýlekileriň ýazmagyna görä(2003, sah. 62-84) 1333-nji ýylda italiýaly Pegolottiniň "Söwda tejribesi"(Praktika torgowli) işi çap edilipdir. Onuň işinde esasy öndürilýän harytlaryň hili, taýýarlanyş tehnologiýasy, agramy, ölçegi, döwletleriň pul birlikleri, gümrük tölegleri, ulag çykdajylary, Azow deňzinden Hytaýa çenli kerwen ýollary görkezilipdir. XYI asyryň başlarynda jemgyýetçilik ösüşiň kapitalistik ýola ugrukmagy bilen uly geografiki açyşlar amala aşyrylýar. Geografiki açyşlar bilen baglanyşykly ýerine ýetirilen ylmy işlerde döwletleriň tebigy şertlerine, baýlyklaryna, öndürýän önümlerine, söwdanyň geografiýasyna uly ähmiýet berilipdir. Mundan başga-da döwletleriň ykdysadyýetine mukdar taýdan baha berilip, statistiki maglumatlar esasy orny eýeläpdir. Şeýlelik-de, dowam edip gelýän ýeke-täk geografiýa ylmynyň ikä bölünmegi dünýäniň döwletleriniň ykdysadiýetiniň ösüşi bilen bagly. Kapitalistik hojalygyň ösmegi, ykdysady gatnaşyklaryň ýitileşmegi, ykdysady we durmuş geografiýasynyň umumy geografiýa ylmynyň bir şahasy hökmünde bölünmegine sebäp bolupdyr. Ilkinji ykdysady geografiýa degişli ylmy işler XVI-njy asyrda Fransiýada, Italiýada, Gollandiýada peýda bolupdyr.

1566-njy (Dikeldiş-Wozrojdeniýa) ýyldan başlap Fransiýaly **Jan Bodeniň**, italiýaly **Lýudowik Gwiççardininiň** ýazan ylmy işleri bellemäge mynasypdyr. Lýudowik Gwiççardininiň 1567-nji ýylda "Niderlandlaryň ýazgysy"(Описание Нидерландов) ady bilen ykdysady geografiýa degişli kitaby çykýar. Bu kitap 7 dilde 35 gezek çap

ediľýär. Kitap 2: pudaklaýyn we raýonlaşdyryş bölümlerden ybarat bolupdyr. Birinji bölüminde döwletiň ady, geografiki ýerleşişi, klimaty, ýerüstüniň gurluşy, şol wagtlarda Nidelandlaryň çägine girýan Gollandiýanyň, Belgiýanyň, Lýüksemburgyň, Demirgazyk Fransiýanyň topraklaryň hasyllylygy, derýalary, deňizleriň we tokaýlaryň ähmiýeti, ilatyň durmuşy, ahlagy, senetçiligi, söwdasy we ýurduň dolandyrylyşy barada ýazgy berilipdir. Ikinji bölüminde döwletiň 17 prowinsiýasyna, olaryň hojalygynyň ösüşine mukdar taýdan häsiýetnama we prowinsiýalaryň şäherlerine, ilat mesgenlerine ýazgy beriľýär. Kitaby okan hünärmenler oňa ilkinji ykdysady we durmuş geografiýa degişli iş diýip belleýärler.

L.Gwiççardiniden ýüz ýyla golaý soňrak, 1650-nji ýylda Gollandiýaly **Bernhard Wareniusyň (Waren)** (1622-1650) "Geografiýa generalnaýa….."(ýa-da "Ähliumumy geografiýa") kitaby çykypdyr. Milleti boýunça nemes, Gamburg, Kýonisberg uniwersitetlerinde okap, 25 ýaşynda Gollandiýa göçüp gelýär. 1649-njy ýylda onuň Ýaponiýa we Siam hakda kitaby çykýar. 1649-njy ýylyň güýzünde ýazyp başlap 1650-nji ýylyň baharynda gutarypdyr. Soňra kitap bolup cap edilipdir.

Waren geografiýa barada birnäçe kitap ýazmagy maksat edinipdir. Emma ol 29 ýaşyň içinde Leýden şäherinde aradan çykypdyr. Onuň "Geografiýa generalnaýa…." kitaby XVII-asyrda latyn dilinde Gollandiýada 4 gezek kitap edilip çykarylypdyr. Angliýada 2 gezek **Isaak Nýutonyň** redaksiýasy bilen çap edilipdir. XVIII-asyrda kitap iňlis we Pýotr 1-niň buýrugy boýunça rus diline 1718-nji ýylda terjime edilipdir. Rus dilinde **Fýodor Polikarpow** tarapyndan çap ediľýär. Warenius öziniň kitabynda 3 bölüme: "ýer" bilen baglanyşykly döwletiň geografiki ýerleşişine, araçäklerine, ýeriniň konfigurasiýasyna, meýdanyna, relýefine, magdanlaryň gazylyp alnyşyna, suwlaryna, toprak we ösümlik örtügine, haýwanat dünýäsine aýratyn ähmiýet beripdir. 2. "Asman"

bilen baglanyşykly ýeriň giňligine we günüň beýikligine, ýyl pasyllarynyň dowamlylygyna, klimat zonalaryna, meteorologik hadysalara, astronomiki gözegiliklere; 3. Ülkäni öwrenmekligiň ykdysady geografiki taraplarynyň biri “Adamzat” meselelerini: ilatyň düzumini, ýaşaýyş aýratynlyklaryny(iýmit we suw ýagdaýy), girdejisini, bilimlilik derejesini, senetçiligiň we söwdanyň ösüşini, syýasy gurluşyny, şäherlerini öwrenmeklige üns beripdir.

Belli iňlis alymy “Syýasy ykdysadyýetiň atasy” diýlip atlandyrylan **Uilýam Petti**(1623-1687) deňiz söwdasynyň täsiri bilen ýerli zähmet bölünişiginiň getirýän peýdasyny seljeripdir. Eger-de, M.M.Golubçigiň we beýlekileriň(2003, sah. 64) pikirlerine görä, Warenius XYII asyrda deňiz söwdasynyň janlanmagynyň tebigy tarapyny ylmy taýdan esaslandyran bolsa, **U.Petti** onuň ykdysady tarapyny esaslandyrypdyr, diýip ýazýarlar. U.Petti ilatyň ýeleşişi barada taglymat meseleleri bilen çykyş edipdir. Ol geografiki edebiýata “Öndüriji işgärler” diýen adalgany girizipdir.

**Syýasy geografiýa** degişli ilkinji ylmy işleri **Şarl Lui Monteskýe** (1689-1755) 1748-nji ýylda “Kanunlaryň ruhy hakynda” (О духе законов) atly kitabynda (1900-nji ýylda rusça terjime edilen) tropik we subtropik guşaklyklarda ýaşaýan halklar yssy klimata görä olar ýalta bolýarlar. Belli döwletleri bolmaz, olar döwleti dolandyrmaga ukypsyzdyrlar diüip ýazypdyr. Beýle diýmek bilen şol döwürdäki kolonial syýasaty goldap çykyş edipdir.

Tebigatda we jemgiýetde bar bolan kanunlary, kanunalaýyklary ykrar edýän filosofiýanyň akymyna **“determinizm”** diýilýär. Şonuň bilen bir hatarda **“fatalizm”** diýen akym emele gelýär. Fatalizm – ykbalyňa näme ýazylan bolsa şoňa ynanmak – diýmeklikdir. Fatalizm – ähli dinlere mahsusdyr.

Feodalizmden kapitalistik önümçilige geçilenden soňra geografiki determinizm we fatalizm günbatar döwletlerde

esasy aňyýet (ideologik) ýaragyna öwrüldi. Geografiki fatalizmi nemes klassiki filosofiýasynyň baştutany **Immanuil Kant** (1724-1804) ösdürdi. Ol Kýonisberg uniwersitetinde filosofiýa, logika, matematika, mehanika, fizika, geografiýa, antropologiýa, umumy tebigatyň taryhy boýunça okuw okadypdyr. Onuň pikiriçe akyl, pikirlenmek, düşünje – ilkinji, tebigat bolsa ikinji orunda görlüpdir.

Günbatar Ýevropada ykdysady we durmuş geografiýanyň ösmegine Germaniýaly **Iogann Týuneniň**(1783-1850) goşan goşandy ulydyr. Ol 1826 –njy ýylda «Изолированное государство …»(Üzňeleşdirilen döwlet) öz döwründäki ylmy garaýyşlardan has öňe gidip, häzirki wagtda ulanylýan matematiki modelirlemäniň usullaryny işläp düzüpdir. Oba hojalyk ulgamynyň(kärhanalarynyň) öndürýän önümlerini sarp ediji bazaryň töwereginde giňişleýin ýerleşişiniň modelini düzüpdir. Bazara çenli bolan aralykda hyýaly «Üzňeleşen döwleti» göz öňüne getiripdir. Ondan daşlaşdygyňça oba hojalyk pudaklaryň ýerleşişiniň, ösüşiniň üýtgeýändigini belläpdir. Şeýlelikde, ol geografiýa ylmynda ilkinjileriň hatarynda giňişlikler boýunça ykdysady ulgamlaryň zonasynyň matematiki modelini düzmekligi açypdyr. Bu usul öz döwründe däl-de, XX asyryň ikinji ýarymynda ykdysady we ykdysady geografiki barlaglarda ulanylyp başlandy.

**I.Kantyň we Fridrih Gegeliň** (1770-1831) täsirleri netijesinde geografiýanyň aňyýet (idealistik) akymy emele gelýär. Käbir günbatar geograflary **Karl Ritteri** (1779-1859) "häzirki zaman geografiýanyň atasy" diýip atlandyrýarlar. Onuň pikiriçe ýer we älem hudaý tarapyndan döredilen. Hudaý ýeri, materikleri döretmek bilen adamlaryň ykbalyny kesgitläpdir. Günbatar, Merkezi Ýewropa ýurtlaryna beýleki kontinentleriň, olardaky döwletleriň üstünden agalyk sürmek ykbaly hudaý tarapyn berlen diýip belläpdir.

X1X asyryň başynda ABŞ-larynda tebygy baýlyklardan kapitalistik hojalyklaryň açgözlülik bilen peýdalanylýanlygy

sebäpli tebigatdan peýdalanmaklygyñ ykdysadyýetine degişli ylmy işler peýda bolup başlapdyr. Şolardan ilkinjileriñ biri amerikan alymy **Jorj(Georg) Perkins Marşyñ**(1801-1882) 1864-nji ýylda çap edilen "Adam we tebigat, ýa-da adamzadyñ hojalyk işi netijesinde üýtgedilen Fiziki geografiýa"(1866-njy ýylda rus diline çap edilipdir) uly ähmiýete eýedir. Ylmy işlerinde adamzadyñ tebigy baýlyklardan tygşytly ulanmalydygyny hygtapdyr.

K.Ritteriň okuwçysy **Fridrih Ratsel** (1844-1904) Leýpsig uniwersitetiniñ professory "Ýer we ýaşaýyş", "Antropogeografiýa", "Syýasy geografiýa" we "Halklaryñ öwrenilişi" başga-da birnäçe ylmy işleri ýazypdyr. Ol adamzat jemgyýetiniñ geografiýasyny biogeografiýanyñ bölümi hökmünde seredipdir. Ol antropogeografik mekdebi döreden. Ol adamzat jemgiýetiniň ösüşinde esasy orny geografiki sreda tutýar diýen netijä gelipdir. Ol esasan özüniň ýazan ylmy işlerinde urşa taýýarlanýan Germaniýanyň syýasatyny we ideologiýasyny gorap çykyş edipdir. Germaniýa döwletini ol biologiki görnüş, janly organizm bilen deňeşdiripdir. Germaniýa janly organizm ýaly ösýär, ulalýar, diýmek bilen has konserwatiw pikirleri öňe sürüpdir. Şol sebäpli ol ýaşlygyndaky eşiginde gezip bilmez. Oňa özüniň çäklerini giňeltmek zerurdyr diýip belläpdir. **Ratseliň** pikiriçe :uruş, adam öldürmek, beýleki halklary ýok etmek, tebigatyň kanuny tarapyndan öňünden kesgitlenen, ol gutarnyksyzdyr diýip kesgitläpdir. Ol adamzadyň daş keşbi üýtgewsizdir. Klimaty amatly, oňat şertlerde "ýokary rasa"(akýagyzlar) ýaşaýar, olar şol ýerlerde emele gelen we dünýäniň galan böleginiň üstünden höküm sürmelidir, diýip belläpdir. Ratseliñ ylmy garaýyşlary ösdürilip, ***possibilistik we geosyýasy*** iki sany ugur emele gelipdir. ***Possibolistik ugur*** (latyn sösünden possibilis- mümkin bolan) "Adamyñ geografiýasy" atly fransuz mekdebiniñ düýbüni tutujy **Pol Widal de la Blaş(1845-1918)** tarapyndan esaslandyrylypdyr. Bu mekdebiñ ylmy tarapdarlary

adamyñ hojalygynyñ we durmuşynyñ daşky gurşawa bolan gatnaşygynyñ ülñüni(modelini) düzüpdirler.

**Geosyýasatyň** ABŞ-daky pionerleri **Alfred Mehen** (1840-1914) bolup, onuň 1890-njy ýyldaky «Влияние морской силы на историю» diýen ylmy işi dünýä mälimdir. Mehen özüniň bu işinde we soňky ylmy işlerinde "deňiz güýjüniň teoriýasyna" esaslanypdyr. Onuň pikiriçe, diňe deňizde harby-deňiz ýaragly güýçler floty bolan döwlet öz agalygyny berkidip biler" diýip ýazypdyr.

**Meheniň** bu ylmy pikiri ABŞ-nyň syýasatyna örän uly täsirini, işjeň içeri syýasatyny ýola goýdurdy. 1898-nji ýylda ABŞ, Filippiny eýelemek ugrunda amerika-ispan urşuny dünýä taryhynda ýola goýdy. Mehen imperial syýasatyň ideologiýasyny düzen hökmünde ylymda çykyş etdi.

Soňraky döwürlerde geosyýasatyň giňemegine üns beren, ony baýlaşdyran angliýaly geograf **Halford Makkinder** (1861-1947) bolupdyr. Onuň 1904-nji ýylda "Taryhyň geografiki esaslary", soňra 1919-njy ýylda "Demokratiki ideal we taryhy real" ady bilen neşir edilen ylmy-işi alyma uly abraý getirýär. Onuň konsepsiýasyna görä, geografiki inersiýa döwletiň ösüşinde örän aýgytly orun tutýar. Hut şonuň üçinem döwletiň syýasaty onuň hökmany suratda geografiki ýagdaýyna bagly bolup durýar diýip, belläp geçipdir.

Makkinderden soňra, onuň okuwçylary **(Dewis, Broudi, Findeserold, Ist Speýt)** onuň taglymatyny ösdüripdirler. Olar geografiki faktorlar netijesinde Günbatar Ýewropanyň, ABŞ-nyň, Kanadanyň üstünden "Atlantik ýekelik" diýen pikir bilen hökümlik etmeklige syrygypdyr. **Dewis** bu barada "Angliýany ýeriň, älemiň merkezi hasaplaýaryn" diýmek bilen Atlantikada harby bazanyň esasy diýip Angliýany göz öňüne tutupdyr."Geosyýasat" adalgany ilkinji bolup şwed sosiology **Ýuhop Çellen** (1864-1922) ylymda ulanyp başlady. Onuň 1910-njy ýylda "Beýik döwletler" ady bilen kitaby çapdan çykýar. Çelleniň pikirine

görä, ýurtlaryň käbiri özüniň geografiki ýagdaýyna laýyklykda birnäçe döwletleri özüne tabyn edýärler. Şeýle “kompleksli” Çellen ABŞ, Russiýa we Britan imperiýasynyň birleşdirenligini ýazypdyr. Geopolitikanyň meselesi – ol hem Çelleniň pikirine görä, Germaniýanyň baştutanlygynda “Ýewropa kompleksini” döredip, Ýewropanyň merkezi kontinentiniň üstünden agalyk etmekligini ündeýär.

Amerikan geosyýasatçysy **Spikmeniň** 1941-nji ýylda “Serhetde howpsuzlygyň meseleleri hakynda” diýen leksiýa bilen Nýu-Ýorkda çykyş edipdir. Emma 1942-nji ýylda bolsa “Amerikan strategiýasy we dünýä syýasaty” atly kitabynda **Spikmen** dünýä syýasatynda geografiki faktoryň aýgytlaýjy rolunyň barlygyny belläp geçipdir. Spikmen özüniň geografiýasynda ABŞ-nyň içeri reaksion syýasatyny işläp düzenligi bilen dünýä meşhurdyr.

Ikinji jahan urşundan soň geosyýasat ideýasy ABŞ-nyň geograflarynyň agalyk edijiligine öwrüldi. Munuň hut şeýledigine “Politiçeskaýa nauka” (“Syýasy ylym”) žurnalynda çap edilen “Geopolitika i amerikanskaýa poslewoýennaýa politika” (“Geosyýasat we amerikanyň uruşdan soňky syýasaty”) diýen bölümçede has aýdyň düşünmek bolýar. Şeýlelikde, geosyýasat halkara arenasynda amerikan diplomatiýasynyň usullaryny doly açyp görkezdi. 1945-nji ýylyň Gurbansoltan aýynda ABŞ-da prezident **Franklin Ruzwelt** ölenden soň, ýerine gelen **Garri Trumen** ABŞ-nyň döwlet doktrinasynda geosyýasatyny kesgitledi, ýagny “dünýäniň üstünden agalyk” düşünjesini ýüze çykardy. **Trumeniň** şeýle alyp barýan syýasatynyň netijesinde ABŞ ýer şaryndaky döwletleriň üstünden agalyk etmek ideýasy soňky döwürde bolsa “sowuk urşyň” başlamagyna getirdi. Şeýle ýagdaýda ABŞ-da çuňňur geosyýasat we onuň amerikan warianty – **geostrategiýa** işlenilip düzüldi.

**E.Džonston** dünýä derejesinde 2 ulgamyň mümkingadarlygyny şeýle beýan etdi: “Meniň pikirime görä,

ABŞ we SSSR ikisi hiç wagt bir planetada ýaşap bilmegi mümkin däl". "Sowuk urşuň" döwürleri barada propogandirlemek ABŞ-nyň geografiki edebiýatlarynda uly orun tutýar. Bu barada has giňişleýin maglumatlary **Kifferiň** 1952-nji ýylda çapdan çykan "Realnosti mirowogo moguşestwa" diýen kitabynda has aýdyň görünýär. Kifferiň pelsepesinde geosyýasat dinamiki ylym hökmünde – ol dünýä güýjine we dünýä agalygynda adýan ýoluna düşünilýär. Onuň pikiriçe: "Geosyýasat – bu şalyk. Onuň esasy : daýanjy psihologiki we fiziki güýçdir".

1975-nji ýylda Nýu-Ýorkda **P.Klaýnyň** "Güýç ulanylyşynyň dünýädäki orny, strategiki dreýfiň derňewi" atly kitaby çapdan çykýar. Klaýn bu ylmy işinde ABŞ-nyň agalygy bilen "esasy soýuz birleşmelerini" göz öňünde tutýar. Ol özünde Kanadany, Beýik Britaniýany, GFR, Fransiýany, Izraili, Italiýany, Niderlandiýany, Ýaponiýany, Taýwany, Awstraliýany, Täze Zelandiýany birikdirmegi ündeýär(Семевский. Теоретическая экономгеография. M., 1981, sah.87-100).

Geografiki fatalizmiň esasy tarapdarlarynyň biri amerikaly **Elsuort Hantington** (1876-1948) hasaplanýar. Onuň pikiriçe tebigy şertler (esasan hem klimat) jemgiýetiň ösüşini, onuň ykdysadyýetini, medenýetini, durmuşyny kesgitleýär. Ol tehniki ösüşiň (progresiň) garşysyna çykyş edýär. Onuň pikirine görä tehniki progres ykdysady krizislere getirýär. Ol kolonial döwletleriň, olardaky geografiki zähmet bölünişigiň saklanmagyny, ol döwletlerde industriýanyň ösdürilmezligini goldap çykyş edýär. Ol elmydama monopolistik kapitalyň (ABŞ-nyň) edýän işlerini we olaryň dünýäde agalyk sürmelidigini goldap çykyş edýär.

Geografiýanyň syýasy ugryndan başga Germaniýada ykdysady ugurlar boýunça hem ylmy işler alnyp barylypdyr. Şol döwürde, ýagny X1X asyryň aýagynda döwletleriň arasynda içki we daşky söwda gatnaşyklary ösýänligi üçin

statistiki geografiýa degişli işler peýda bolýar. Iñlis geografy J.Çisholm tarapyndan ösdürilipdir. Kapitalistik gatnaşyklaryñ ösmegi bilen täze senagat kärhanalarynyñ köpelmegi bilen haryt daşamakda ulag çykdajylaryny azaltmak bilen girdejini artdyrmak barada ylmy işler köp ýazylypdyr.Şeýlelik-de "Ştandort ugury"(nemesçe **"Standort" ýerleşen ýeri** – diýmekdir. **Iogann Týuneniñ** ylmy işi oba hojalygyñ ştandortyna bagyşlanan bolsa nemes ykdysatçysy **Alfred Weberiñ(1868-1958)** "Senagaty ýerleşdirmegiñ taglymaty" ylmy işi 1909 –njy ýylda çap edilipdir. Rus diline 1926 –njy ýylda terjime edipdirler. Onuñ bu işinde senagat kärhanasy çig mal çeşmesine, işçi güýjüniñ bazaryna ýakyn ýerleşdirilmeli diýip belläpdir.

1930-1990-njy ýyllar aralygynda syýasy geografiýada ýerine ýetirilen ylmy işleriñ netijeleri iki ulgamyň (sosialistik we kapitalistik) arasynda ideologiki göreş üçin ulanyldy. Bu mesele has hem günbataryň ösen kapitalistik döwletlerinde giñ gerime eýe boldy. Sosialistik döwletleriñ garşysyna gönükdirlen gazetler, žurnallar, dürli kitaplar çykaryldy. Onuň hem esasy sebäbi dünýäniñ hiç bir halky hem kolonial zulumda ýaşamak islemeýärdi. Eýýäm, XX-asyryň başlarynda olarda işçi-daýhan hereketleri başlandy. Köp kolonial döwletlerde kolonizatorlaryň garşysyna rewolýusiýalar başlanyp, bu bütündünýä herekete öwrüldi. Şol sebäpli ABŞ-nyň ýolbaşçylygynda kolonial döwletlere gönükdirilen radiostansiýalar işläp ugrady.

2-nji jahan urşundan soň dünýäniñ syýasy kartasy düýbünden üýtgedi. Ondan öň dünýäde iki döwletde sosializm gurlan bolsa indi Ýewropanyň köp döwletleri sosializme tarap ýola düşdüler. Sosialistik döwletleriñ täsiri netijesinde Aziýanyň, Afrikanyň köp döwletleri garaşsyzlygyny gazananlaryndan soňra sosialistik ösüşe höwes bildirdiler. Netije-de ABŞ-nyň ýolbaşçylygynda Amerikanyň, Ýewropanyň döwletleri 1949-njy ýylda NATO (Demirgazyk

Atlantika harby bileleşigi) döretdiler. Onuň döredilmeginiň esasy sebäbi dünýäniň döwletleriniň arasynda kommunistik wagyz-nesihatlary ýaýratmazlyk bolup durýardy. NATO döwletleri sosialistik döwletleriň garşysyna, olara golaý ýerleşen döwletlerde, deňizlerde, adalarda 1500-e golaý nokatlarda harby bazalary döretdiler. Muňa garşy durar ýaly sosialistik döwletler 1955-nji ýylda Warşawa şertnamasyna gatnaşyjy döwletler (OWD) bolup goranyjy harby bileleşigi emele getirdiler. Şeýlelikde iki sistemanyň arasynda sowuk uruş başlandy. Ýaraglanyşyga uly üns berdiler.

1945-nji ýylda dünýäde ilkinji gezek amerikanlylar atom ýaraglaryny Ýaponiýanyň iki şäheriniň üstüne oklap synagdan geçirdiler. Soňra SSSR hem gysga möhletde 1949-njy ýylda şol ýaragy synagdan geçirdi we ikinji atom bombaly döwlet boldy. Soňra amerikanlaryň ýardam etmegi bilen şol ýaragy Angliýada, Fransiýada öndürdiler. SSSR-iň kömegi bilen Hytaý hem atom bombaly döwletleriň hasabyna degişli boldy. Netije-de adamzadyň üstüne atom urşy howp salyp başlady. Iki ulgamyň arasynda sowuk uruş we syýasy göreş dowam edýärdi.

Kapitalistik döwletlerde syýasy geografiýadan edilen işler ideologik göreş üçin ulanylýardy. Şonuň üçin sowet ýyllarynda ýazylan syýasy geografiýa degişli işleriň köpüsinde şol ýazylan işleri seljermek häsiýetli. Şol sebäpli SSSR döwründe syýasy geografiýa degişli ýazylan işleriň köpüsi taglymat esaslara degişli. Sebäbi daşary döwletlerde çap edilýän işleriň taglymat esaslarynyň esassyzdygyny, ýokdygyny elmydama subut etmeli bolýardy.

### 3. XYIII-XIX asyrlarda Russiýada ykdysady we durmuş geografiýa bilen baglanyşykly ilkinji ylmy işler.

**B.Wareniusyň** geografiýa baradaky kitabynyň Ýewropanyň köp halklarynyň dillerine terjime edilmegi

geografiýa ylmynyň ösmegine ýardam edipdir. Onuň geografiki akyl ýetirme meseleleriniň döwletlerde «ülkäni öwrenişiň» “Adamzat” bölümine girizilmegi, geografiýa boýunça hünärmenleriň ünsüni özüne çekipdir. Russiýada we beýleki döwletlerde Durmuş we ykdysady geografiýa barada düşünjeleriň toplanmagyna sebäp bolupdyr. Bu ýagdaý Durmuş we ykdysady geografiýa barada ylmy işleriň sanynyň artmagyna getirdi. Russiýada geografiýa ylmynyň ösmegi, onuň ykdysady ýerleşişi bilen baglanyşykly boldy. **Ýu.G.Sauşkiniň**(1980, sah. 31) pikirine görä Günbatar Ýewropa döwletlerinde geografiýa ylmynyň wekilleri deňiz gämi gatnawynyň we deňiz aňyrsy söwdanyň tejribe we amaly isleglerini kanagatlandyrmaga hyzmat edýärdiler. Russiýada geografiýa ylmy bilen meşgullanan ylmy işgärler onuň giň-giden(giňişliklerini: tokaýlar, sähralar, çöller zonalary, okeanlara çenli ýerleri) meýdan-çäklerini ilatlaşdyrmak, tebigy baýlyklaryny özleşdirmek meseleleriň üstünde işleýärdiler. Ural daglaryndan gündogardaky giňişlikler barada geografiki maglumatlar ýok diýen ýalydy, bolsa-da azlyk edýärdi. Durmuş we ykdysady geografiýanyň XYIII asyrda Russiýada emele gelmegi umumy geografiki barlaglar, ýörüte gurnalýan ekspedisiýalaryň ýerine ýetiren işleri we tebigy baýlyklaryň özleşdirilişi bilen baglanyşyklydyr. Täze ýerleriň we tebigy baýlyklaryň özleşdirilmegi kartografiýanyň, ykdysady statistikanyň ylmyň pudaklary hökmünde abraýyny galdyrdy. Bu pudaklar Durmuş we ykdysady geografiýanyň gözbaşynda durýarlar. Russiýanyň ilkinji ykdysady geografiýasy hakynda ylmy işi ýazan **Iwan Kirilowiç Kirilow**(1689-1737) hasaplanýar. 1727-nji ýylda ol özüniň “Bütinrussiýa döwletiniň gülleýän döwri…(Цветущее состояние Всероссийского государства…)” atly işini ýazypdyr we 1831-nji ýylda çap edilipdir. Onuň bu kitaby ykdysady durmuş geografiýa degişli ilkinji ýazlan ylmy iş hasaplanylýar. Kirilow köp ýyllaryň dowamynda Russiýada kartografik işlere ýolbaşçylyk edipdir.

Onuň ýolbaşçylygynda Bütinrussiýa imperiýasynyň atlasy… taýýarlanylypdyr we 1745-nji ýylda Sankt-Peterburgda çap edilipdir. Wareniusyň rus diline terjime edilen kitaby rus alymy **Wasiliý Nikitiç Tatişewe** (1686-1750) uly täsir edipdir. Ol özüniň ylmy işlerinde häzirki geodeziýanyň we kartografiýanyň esasyny düzýän matematik geografiýany, fiziki we syýasy(hakykatda ykdysady) geografiýany belläpdir. Ol özüniň ýazan ylmy işlerinde ilat mesgenleriniň torlaryna, ilaty öndüriji güýç hökmünde, ýerlerde dürli hojalyk pudaklarynyň ösüşine, önümçiligiň ykdysady netijeliligine, wagtyň geçmegi bilen önümçiligiň üýtgeýşine uly üns beripdir. Administratiw birligiň geografiki ýerleşişini, tebigy päsgelçilikleri, zähmet bölünişigini, hojalygyň ýörüteleşişini, söwdanyň geografiýasyny öwrenipdir(Tatişev, 1950, s. 211).

Russiýada geografiýa ylmynyň gözbaşynda **W.N.Tatişew** bilen bir hatarda **M.W.Lomonosow** (1711-1765) durýar. M.W.Lomonosow 1763-nji ýylda rus dilinde çapdan çykan "Ýeriň gatlaklary" diýen işinde Ýeriň emele geliş taryhyny häzirki döwür bilen deňeşdirip ýazýar. M.W.Lomonosow 1755-nji ýylda Moskwa döwlet uniwersitetiniň düýbini tutan-filosof, fizik, himik, şahyr, ykdysatçy, kartograf, geolog, geograf hökmünde tanalýar. 1758-nji ýylda ony Russiýa akademiýasynyň Geografiýa departamentiniň başlygy edip belleýärler. Oňa çenli departamentde daşary ýurt alymlary işläpdir. Ol 1736-1741 –nji ýyllarda Germaniýada Marburg uniwersitetinde okapdyr. Ol 1758-nji ýyldan Peterburg Ylymlar akademiýasynyň Geografiýa departamentiniň başlygy bolup işläp başlan ýyllarynda Russiýada geografiýa ylmynyň ösmegine uly üns berýär. Ol dünýäde ilkinji gezek 1760-njy ýylda ylyma **"ykdysady geografiýa"** diýen adalgany girizýär. M.W.Lomonosow Geografiýa departamentine ýolbaşçylyk etmäge başlan ilkinji günlerinden Russiýanyň guberniýalaryna, prowinsiýalaryna Ylymlar akademiýanyň adyndan 1761-nji

ýylyň başynda 30 soragdan ybarat “Sorag” ýazgylary ýollap şäherlerde, obalarda ýerleşen zawodlaryň, fabrikleriň näme öndürýändigini, deňizlerde söwdanyň, gämi gatnawyň guralyşyny, deňizlerde nähili haýwanlara aw edilýändigini görkezmegi haýyşt edipdir. Şolaryň esasynda dünýäde ilkinji gezek Russiýada öndürilýän önümleriň geografiki atlasyny döretmegi maksat edinipdir. **M.W.Lomonosow** – ykdysady geografiýany ykdysady mazmunly, ykdysady kartografiýa bilen baglanyşykly ylym bolmaly diýip pikir edipdir. Ykdysady geografiýanyň esasy meselesi diýip ol Russiýanyň tükeniksiz tebigy baýlyklaryny özleşdirmek, täze önümçilik merkezlerini döretmegi, ýerlerde zähmet bölünşigini guramagy düşünipdir. Lomonosow Russiýanyň giňişliklerini öwrenmek we özleşdirmek üçin geografiki ekspedisiýalaryň taslamasyny düzüpdir. Emma Ylymlar akademiýasy onuň geografiki taslamalatyny diri wagty durmuşa geçirmändir. 1768-1774-nji ýyllarda onuň taslamalary boýunça akademiki ekspedisiýalar guralypdyr.

M.W.Lomonosowyň döwürdeşi **S.P.Kraşeninikow** (1711-1755) Kamçatkany öwrenen we onuň tebigatyna, hojalygyna we geljekde özleşdirilmegine ilkinji ýazgy beren geograf hasaplanýar.

Tatişewiň we Lomonosowyň döwürdeşi alym-geograf **Bagrationi Wahuşti** (1696-1772) “Gruziýanyň geografiýasy” diýen ylmy işini ýazýar. Ol Lomonosow bilen MDU-ni döretmeklige işeňňir gatnaşan adam. Häzir Gruziýadaky geografiýa instituty onuň adyny göterýär.

Russiýada geografiýa ylmynyň ösmegine **Aleksandr Gumboldt** (1769-1859) we **Karl Ritter** öz goşantlaryny goşan alymlar hasaplanylýar. A.Gumboldt Russiýada we GO Amerikada köp syýahat eden. Ol öz ýazgylarynda geografiki deňeşdirme usuly köp ulanan we adamzadyň tebigata eden täsirlerini öwrenen alym. K.Ritter kabinet alymy bolanlygy

sebäpli adamzadyň ösüş taryhy bilen geografiki sredanyň özara baglanyşygyny öwrenen.

## 4. X1X asyryň aýagynda we XX – asyryň başlarynda ykdysady geografiki garaýyşlaryň esasy ugurlarynyň döremegi.

X1X asyryň birinji ýarymynda XX – asyryň başlarynda Russiýada kapitalistik önümçilik gatnaşyklaryň ösmegi bilen ykdysady-durmuş geografiýa degişli ylmy garaýyşlar ösüp başlaýar. Russiýada täze senagat kärhanalary gurulýar, oba hojalyk raýonlary döredilýär. Prowinsiýalarda we guberniýalarda hojalykara zähmet bölünişigi emele gelip başlaýar. Öndürilýän önümler ýerli ilatyň islegini kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, daşary bazarlara hem çykarylýar. Russiýanyň hojalyk geografiýasyna degişli ylmy işleriň sany we möçberi artýar. Ýurt boýunça ykdysady-geografiki maglumatlar köp jemlenýär. Guberniýalar, prowinsiýalar öndürýän önümleri boýunça ýörüteleşip başlaýarlar. Şeýlelik-de, dünýä ýüzünde ilkinji ykdysady-geografiki raýonlaşdyrmaklyga degişli ylmy işler Russiýada peýda bolýar. Şolaryň arasynda **Konstantin Iwanowiç Arsenýewiň** (1789-1865) ýazan ylmy işleri bellemäge mynasypdyr. Ol 1818-1819-njy ýyllarda «Начертание статистики Российского государства» diýen ylmy işinde tebigy we hojalyk alamatlarynyň jemi boýunça Russiýanyň meýdan-çägini ilkinji gezek ykdysady raýonlaşdyrmaklygyň tejribesini geçiripdir. Geografiki ýerleşişini, tebigy baýlyklarynyň hojalyk ähmiýetini, hojalygynyň ösüşiniň öňki we geljekki ýagdaýlaryny göz öňünde tutup Russiýanyň çäginde 10 sany «Giňişligi», ýa-da ykdysady raýony bölüpdir. Soňra, 1848-nji ýylda şol işiniň dowamy hökmünde «Статистические очерки России» işinde esasy orun tebigy(Russiýany topografik nukdaý nazardan klimaty we topragynyň hili boýunça) we ykdysady(toprak we ýer

baýlyklary boýunça) taýdan raýonlaşdyrmaklygy amala aşyrypdyr. K.I.Arsenýew dünýäde ilkinji gezek ykdysady geografiýanyň täze ugruna, ýagny şäherler ulgamynyň taryhy ösüşini seljermek boýunça ylmy işi ýerine ýetiripdir. Ol 1832-1834-nji ýyllarda 1637-nji ýyldan başlap, 200 ýylyň dowamynda Russiýanyň şäherleriniň ösüşini ýzarlaýan «Гидрографическо-статистическое описание городов Российской империи…» atly ylmy işini ýazypdyr. Onuň bu ylmy işi şäherleri öwrenmek üçin hünärmenlere gollanma bolup hyzmat edipdir. Konstantin Iwanowiç Arsenýew we **K.F.German** (1767-1838) Russiýany ykdysady taýdan raýonlaşdyrmak boýunça işlän alymlar hasaplanylýar. Bularyň kömegi bilen Russiýada 1845-nji ýylda "Imperator geografiýa jemgiýeti" döredilýär. 1821-nji ýylda Parij, 1828-nji ýylda Berlin, 1830-njy ýylda London geografiýa jemgiýetleri döredilipdir.

MDU-niň işgäri, şahyr, publisist **Nikolaý Platonowiç Ogarew** (1813-1877) 1847-nji ýylda ykdysady raýonlaşdyrmanyň taglymat esaslaryna şu aşakdaky bellikleri girizipdir: 1) rayon –bu ýurtda hakyky bar obýekt, ol «ýönekeý akyl oýny däl»; 2) raýonlary geçen, häzirki we geljekki zaman ösüşinde(dinamikasynda) seretmek gerek; 3) meýdan-çägi raýonlaşdyranda «esasy maddy güýçleriň» ösüşine ser salmaly; 4) ýerlerde haýsy hojalyk kärhanalaryň ýerleşenini, olaryň ösüşini, kärhanalaryň we tebigy hadysalaryň arabaglanyşygyny hasaba almaly; 5) ykdysady raýonlaşdyrmak syýasy ykdysadyň kanunlaryna esaslanmalydyr, sebäbi rayon emele geliş hadysasy –jemgyýetçilik durmuşynyň obýektiw prosesidir; 6) hojalygy ýöretmegiň ugruny we ýerli-durmuş aratapawutlary kesgitlemek zerurdyr(Ogarew, 1952, s.95-100). Ykdysady taýdan raýonlaşdyrmagyň taglymatyna onuň goşan goşandy biziň günlerimizde-de öz ähmiýetini ýitirenok.

**Pýotr Petrowiç Semenow** (1827-1914) 41 ýyllap Russiýa geografiýa jemgiýetiniň prezidenti bolupdyr. Ol Berlin

uniwersitetinde okap K.Ritteriň we A.Gumboldtyň leksiýalaryny diňlän. Ol K.Ritteriň "Землеведение Азии" diýen kitabyny rus diline terjime edipdir. Soňra Merkezi Aziýa (şol sanda Týan-Şana) köp ekspedisiýalara gatnaşan. Ol 1871-nnji ýylda Russiýanyň Ýewropa bölegini ykdysady taýdan raýonlaşdyrypdyr. Onuň 1880-nji ýylda ykdysady taýdan raýonlaşdyrmak boýunça täze işi çap bolýar. 1864-nji ýylyň 1-nji Turkmenbaşydan başlap Merkezi statistika komitetinniň direktory bolup, 1887-nji ýyla çenli işleýär. Onuň 1880-nji ýylda çykan 2 sany raýonlaşdyrmak baradaky işlerini K.Marks okap haýran galypdyr. Ol birnäçe gezek Týan-Şan daglaryna syýahat edip ony gowy öwrenenligi sebäpli, oňa **Týan-Şanskiý** lakamy berilýär.

Russiýada ykdysady geografiýanyň ösmeginde **D.I.Mendeleýewiň** bitiren işleri uly. 1893-nji ýylda çap edilen "Фабрично-заводская промышленность и торговля России" uly ykdysady geografiki iş hasaplanýar. Ol işinde ilatyň gürlügine, dänäniň artyk öndürilen we ýetmeýän ýerlerine, adambaşyna senagat önüminiň öndürilişine (pul hasabynda), her bir raýonda öndürilýän harydyň ady, hili boýunça ýoriteleşişine baha berýär. Ykdysady yaýonlary bölende ilatyň gürlügine, çig mallary getirmek, taýýar önümleri äkitmek üçin ýol ulgamlarynyň amatlylygyna, arzan ýangyç almak mümkinçiligine seredipdir. Söwdanyň derejesine baha berýär. Döwleti ykdysady taýdan raýonlaşdyranda atlary agzalan görkezijiler boýunça geçirilmelidir diýip belleýär.

Amerikan alymy Jorj Perkins Marşyň ylmy garaýyşlary we ylmy-amaly usullary bilen, onuň döwürdeşi **Aleksandr Iwanowiç Woýekowyň**(1842-1916) ýerine ýetiren ylmy işleri adamzadyň tebigata edýän täsirlerine bagyşlanan. Woýeýkowyň ýazan ylmy işlerinde esasy orny adamzadyň zähmediniň tebigata amatly we ýaramaz täsirleri eriş-argaç bolup geçýär. Onuň 1884 –nji ýylda "Искусственное орошение и его применение на Кавказе и в Средной Азии,"

1892 –nji ýylda “Климат и народное хозяйство”, 1894 – nji ýylda “Воздействие человека на природу”, 1908 –nji ýylda “Орошение Закаспийской области с точки зрения географии и климатологии” we beýleki ýazan ylmy işlerinde meliorativ-geografiki meselelere hem seredilýär.

Geografiýanyň **ykdysady ugry** öňki boluşy ýaly statistiki maglumatlary yzarlamak bilen çäklenýärdi. X1X asyryň ahyrynda nemes alymy **W.Gots** tarapyndan “Ykdysady geografiýa” adalga ulanylyp başlanypdyr. 1882 –nji ýyldan başlap Günbatar Ýewropada statistika adalganyň ýerine iňlis geografy **J. Çishol** tarapyndan “Руководства по коммерческой географии” diýen ylmy işinde rus ykdysatçysy, ykdysady geografy professor **W.E.Den** häzirki ady bilen ykdysady geografiýadan umumy okuwlar okadylyp başlanylypdyr. Geografiýanyň ykdysady ugry boýunça edilen ylmy işlerde öňki boluşy ýaly dünýäniň döwletlerine, hojalyk pudaklaryna, önümçiliginiň tehnologik ulgamlaryna, söwdasyna ýazgy berilende statistiki maglumatlar ulanylypdyr.

1884-nji ýylda MDU-nyň taryhy-filologiýa fakultetinde geografiýa kafedrasy açylyp, oňa **Dmitriý Nikolaýewiç Anuçin** ýolbaşçylyk edýär. Ol fiziki geografiýa, ýer öwreniş, Russiýanyň etnografiýasy, antropologiýa boýunça köp ylmy işler edipdir. X1X asyryi ýarymynda XX asyryň başynda dürli döwletlerde we Russiýada dürli geografiki ylmy-barlag işleri amala aşyran geograflaryň irginsiz zähmetleri netijesinde “Ykdysady geografiýa –geografiýa ylmynyň aýratyn şahasy hökmünde” emele geldi. Onuň esasy ugry hökmünde – jemgyýetiň öndüriji güýçleriniň ýerlerde guralyşyny öwrenmek meselesi durýardy. Öndüriji güýçleri öwrenmekde esasy kriteriýa hökmünde meýdan-çäk we giňişleýin garaýyş höküm sürýärdi. Beýleki döwletlere garanda Pussiýada döwletiň meýdan-çägini ykdysady sebitlere(raýonlara) bölmek taglymaty has ösüpdi. Öň bellenilişi ýaly ilatyň geografiki ýerleşişi, olary

ýerleşdirmekligiñ kanunalaýyklyklary, adamzadyñ tebigy gurşaw bilen arabaglanyşygyna köp üns berilipdi.

## 5.Ykdysady we durmuş geografiýanyň SSSR döwründäki ýagdaýy.

SSSR döremeginiñ öň ýany Russiýa Birinji jahan urşuna gatnaşypdy. Uruş entek gidýärkä Petrogradda 1915-nji ýylda Russiýa ylymlar akademiýasynyň ýanynda akademikler topary tarapyndan Tebigy öndüriji güýçleri öwrener ýaly komissiýa (KEPS-комиссия по изучению естественных производственных сил) döredildi. Oňa beýik rus alymy Dokuçaýewiñ okuwçysy W.I.Wernadskiý ýolbaşçylyk edipdir. Onuň ýerine ýetiren işlerini Patyşa Russiýasy peýdalanmandyr. Soňra 1918-nji ýylyň Magtymguly aýynyñ 4-inde KEPS-iň ýanynda Senagat-geografiýa bölümi döredilipdir. Bu bölümiň alym-sekretary edilip ýaş antropogeograf, ykdysady-geograf we ülkäni öwreniji A.A.Grigorýew bellenýär. Ol 1911-1914 –nji ýyllarda Geýdelburg uniwersitetinde okan A.Gettneriň okuwçysydyr.

Oktýabr rewolýusiýasyndan soň **W.I.Lenin** geografiýa ylmyny ösdürmäge uly üns berýär. Onuň ykdysady geografiýa degişli birnäçe ylmy işleri bar. Ol 1920-nji ýylda onuň görkezmegi bilen GOELRO planyny işläp düzmeklik **G.M.Kržižanowskä** tabşyrylypdyr. Bu plan Russiýany elektrikleşdirmek hakda barýar. Bu plan Russiýada ykdysady geografiýanyň ösmegine goltgy berýär. Soňra 1921-nji ýylyň Baýdak aýynyñ 23-inde Gosplan (Gosudarstwennaýa planowaýa komissiýa) döredilip oňa ýolbaşçy G.M.Krjijanowskiý bellenýär. Gosplan ýurdy raýonlaşdyrmaklygy (ykdysady sebitlere bölmekligi) **I.G.Aleksandrowa, L.L.Nikitine, Ýe.Ýa.Şulgine, N.N.Kolosowskiý** daga tabşyrýar. Netije-de, Russiýanyň çäginde 21 sany ykdysady raýony(sebiti) bölýärler. Ýurduň öndüriji güýçlerini ösdürmeklik şol raýonlar boýunça amala

aşyrylýar. Bu işler bilen bilelikde 1919-njy ýylda ekerançylyk boýunça Halk komissarlykda Russiýany oba hojalyk taýdan raýonlaşdyrmaklyk işi başlanýar. Oňa **D.N.Anuçin, S.G.Grigorýew, A.A.Kruber, I.S.Şukin** ýolbaşçylyk edýärler. Petrograd-da 1916-njy ýylda Dokuçaýewiň toprak komitetinde döredilen Ýokary geografiýa kursy 1918-nji ýylyň 23-nji Ruhnamada Geografiýa instituty diýip yglan edilýär. Bu geografiýa boýunça dünýäde ilkinji institut hasaplanylýar. Onuň ilkinji rektory I.D.Lukaşewiç, soňra belli geolog, minerolog, geohimik, geograf-A.Ýe.Fersman bellenilýär. Ol Institutda geograf **L.S.Berg, A.A.Grigorýew, geologlar A.Ýe.Fersman, A.A.Borisýak, okeanograf Ýu.M. Şokalskiý, geomorfolog Ýa.S.Edelşteýn, geobotanikler B.A.Fedçenko,, W.N.Lýubimenko, biogeosenolog W.N.Sukaçew, toprakçy S.S.Neustruýew** dagylar işläpdirler.

1921-nji ýylda **W.I.Lenin** ykdysady geografiýany Russiýanyň ähli ýokary okuw jaýlarynda okatmagy talap edýär. Ýa.M.Swerdlow adyndaky Kommunistik uniwersitetde geografiýa kafedrasy döredilip, oňa belli bolşewik--rewolýusioner **"Nikolaý Bolşoý"-N.N.Baranskiý** bellenilýär. 1926-njy ýylda N.N.Baranskiniň ýazmagynda ilkinji gezek "SSSR-iň ykdysady geografiýasy" okuw kitaby çap edilýär.1925-nji ýylda Leningraddaky Geografiýa instituty Döwlet uniwersitetiniň fakulteti edilýär.

SSSR-iň Gosplany tarapyndan 1920-nji ýylda **G.M.Krijijanowskiniň** ýolbaşçylygynda **L.L.Nikitiniň** başlyklyk etmeginde SSSR-iň halk hojalygyny ösdürmegiň birinji bäşýyllyk plany işlenilip düzüldi. Bu işe görnükli alymlar **W.M.Çetyrkin, W.I.Lawrow, N.N.Kolosowskiý** gatnaşdylar.

1929-njy ýylda **N.N.Baranskini** Moskwa döwlet uniwersitetine işe çagyrýarlar. Onuň ýolbaşçylygynda ykdysady geografiýa kafedrasy döredilýär. Leningradda SSSR Geografiýa jemgiýetine **L.S.Berg** we **N.I.Wawilow**

ýolbaşçylyk edýärler. L.S.Berg ykdysady geografiýany "Geografiýa ylmynyň täji" diýip baha berýär.

1934-nji ýylyň 16-njy Magtymgulyda Partiýanyň merkezi kommiteti we Sowet hökümeti SSSR-iň başlangyç we orta mekdeplerinde geografiýanyň okadylmagy hakynda karar çykarýarlar. Şol ýylda hem "Mekdepde geografiýa"(География в школе) jurnaly çykarylyp başlanýar.

1930-njy ýylda döredilen Geomorfologiýa instituty, 1934-nji ýylda fiziki geografiýa instituty, 1936-njy ýylda Akademiýanyň Geografiýa instituty diýilip atlandyrylýar. 1930-njy ýyllarda SSSR Ylymlar akademiýasy Leningraddan Moskwa göçýär.

SSSR ýyllarynda ähli respublikalarda geografiýa degişli laboratoriýalar, ylmy-barlag institutlar döredildi. Ykdysady we fiziki geografiýanyň bütewiligi hakda **N.N.Baranskiniň** bitiren işleri uly. Soýuz respublikalaryň merkezi şäherlerinde Kiýewde, Daşkentde, Alma-Atada, Minskde, Aşgabatda, Tbilisidi, Bakuda, Ýerewanda soňra Rigada, Tartuda, Lwowda we beýleki şäherlerde geografiýa merkezleri döredildi. Azerbaýjanda, Gruziýada, Türkmenistanda (Çöller), Irkutskde (Uzak Gd we Sibir), Wladiwostokda (Ýuwaş okean) institutlary açyldy. Netije-de SSSR-de dünýä belli geograflar, ylmy-barlag institutlar döredi. SSSR-iň geograf alymlary Bütündünýä, Halkara geografiki kongresleriň işlerine gatnaşdylar. 1976-njy ýylda XXIII Halkara geografiki kongresi Moskwada geçirildi. Onuň esasy bölümleriniň biri Aşgabatda geçdi. SSSR-de geografiýa ylmynyň we ykdysady geografiýanyň ösmegi netijesinde ýörüte geografiýa ylmy mekdepleri döräp başlady.

**6. XX- asyrda dünýä ykdysady-durmuş geografiýanyň emele gelmegi.**

XX asyr ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýanyň ösýän asyry hasaplanýar. Dünýäniň köp döwletlerinde täze senagat, oba senagat, ylaglar, aragatnaşyk ulgamlaryň döremegi täze

tebigy baýlyklary özleşdirmekligi, ilatsyz ýerlere ilatyň göçürilmegini talap edipdir. Döwletleriň arasynda ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi netijesinde dünýäniň syýasy kartasynda ykdysady taýdan has güýçli, orta derejede we has gowşak ösen döwletler emele geldiler. Durmuş we ykdysady geografiýa degişli esasy ylmy-barlag işler ösen döwletlerde **1920 –nji ýyllardan soň** köpçülikleýin häsiýete eýe boldy. Şol ýyllarda geçirilen ylmy-barlag işler Durmuş we ykdysady geografiýanyň şu aşakdaky ugurlary boýunça amala aşyryldy: 1. Dünýäniň syýasy kartasynda SSSR—iň döremegi we kolonial döwletlerde azat edijilik hereketleriň başlanmagy bilen syýasy geografiýa degişli ylmy barlaglar artyp ugrady; 2. Dünýäniň ykdysady taýdan ösen döwletlerde durmuş, içerki we daşarky söwda, jahankeşdeligiň geografiýasyna, içerki we daşarky halkara integrasiýa degişli ylmy işlere uly üns berildi; 3. Dünýäniň döwletleriniň ykdysadyýetiniň ösmegi bilen senagat çig-mallaryna, energiýa çeşmelerine, öndürilýän senagat harytlary ýerleşdirmek üçin täze bazarlara isleg artyp başlady; 4. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde döwleti dolandyrmaklygy kämilleşdirmek, ykdysady, syýasy we durmuş taýdan sebitlere bölmek barada ylmy ugurlar peýda boldy. Şu taryhy döwürde dünýäniň ösen döwletlerinde geografiýa ylmynda "Ykdysady geografiýa" adalgasy, şol sanda ylmy ugur emele geldi. 1925 –nji ýyldan başlap ABŞ-da "Ykdysady geografiýa"(Ekonomic Geography) jurnaly yzygider çap edilip başlandy.

**M.M.Golubçigiň we beýlekileriň**(2003, sah. 79) bellemeklerine görä XX asyryň 30 –njy ýyllarynda ykdysady geografiýada geçirilen ylmy barlaglar özboluşlylygy bilen tapawutlanýarlar. Şol döwrüň ykdysady geografiýadan işlän härmenleri öndüriji güýçleriň giňişliklerde ýerleşişiniň kanunalaýyklyklaryny we ilatyň ýerleşişini öwrenmeklik bilen meşgullanypdyrlar. Ykdysady geografiýanyň bu ylmy ugury hakda gürrüň edilende nemes alymlary **Walter**

**Kristalleri**(1893-1969) we **Awgusta Lýoşy**(1906-1945) ýatlaman geçmek bolmaz. Bu alymlar özleriniñ ylmy işlerinde "Merkezi ýerleriñ taglymaty"(Теория центральных мест) ady bilen ilatyñ geografiýasy, önüm öndürmeýän durmuş hyzmaty kärhanalaryñ ýerleşişi bilen gyzyklanyp, ilat mesgenleriniñ ýerleşiş kanunalaýyklyklaryny açmak isläpdirler. Ylmy-barlag işlerinde matamatiki usullary giñden ulanypdyrlar.

Ikinji jahan urşunyñ başlanmagy bilen ykdysady geografiýanyñ ylmy-barlag işleri harby-geografiki meselelere bagyşlanypdyr. Günbatar Ýewropanyñ we SSSR-iñ ykdysady geograflary özara hyzmatdaşlyk esasynda harby-geografiki ylmy-barlag işleri amala aşyrypdyrlar.

Ikinji jahan urşy gutarandan soñ 1970 –nji ýyllara çenli ylmy-tehniki ösüş esasynda ykdysady geografiýanyñ **durmuş(sosial) meseleleri**(ilatyñ geografiýasy, medeniýetiñ geografiýasy, uruşdan soñky ýyllarda ilatyñ hal-ýagdaýy we beýleki durmuş meseleleri) geografiýasyna bagyşlanan problemalar agdyklyk edipdir. Ykdysady sebitlere(regionlara), ýagny dürli sebitlerde hojalygy ýerleşdirmekligiñ guralyşy, olaryñ ýerleşdirilişini giñişlikler boýunça seljeriş işlerine esasy orun berilipdir. 1950-70 –nji ýyllarda ABŞ-da ykdysady geograflar **B.Berri, U.Bunge, W.Garrison, iñlis alymlary P.Hagget, D.Harweý, R.J.Çorli** we beýlekiler ylmy-barlag işlerinde statistiki, kompýuter programmalaryny ulanyp matematiki geografiýany ösdüripdirler. P.Haggetiñ 1968 –nji ýylda rus dilinde (Пространственный анализ в экономической географии. М.,), D.Harweýiñ 1974 –nji ýylda (Научное объяснение в географии. М.,) ylmy işleri çap edilipdir. Soñky ýyllarda Günbatar Ýewropa döwletlerinde we ABŞ-da geograflar regionalizm(sebitleýin) konsepsiýalara(taglymatlara) uly üns beripdirler. Soñky ýyllarda ABŞ –da ykdysady geograflar ýurduñ ykdysady raýonlaşdyrylyşy we ştatlary boýunça hojalyk kärhanalary ýerleşdirmek barada ylmy işleri amala aşyrypdyrlar. Soñra

1954 –nji ýylda belli amerikan ykdysadçysy **Walter Izardyñ** ýolbaşçylygynda ykdysadçylar, geograflar, sosiologlar topary halkara guramasy hökmünde **Sebitleýin ylymyñ assosiasiýasyny** döredipdirler. ABŞ-da Pensilwan uniwersitetinde geografiýa fakultetiniñ adyny sebitleýin ylmyñ fakulteti diýip atlandyryp, oña Izard ýolbaşçylyk edipdir. Şeýlelikde Izardyñ usullaryny peýdalanyp amarikan we Günbatar Ýewropa alymlary şäherleriñ, bazarlaryñ geografiýasyna, rekreasion we agro-geografiýa, syýasy geografiýa uly üns beripdirler. XX asyryñ 70-80-nji ýyllarynda dünýäniñ ilatynyñ sanynyñ çalt artyşy bilen baglanyşykly halkara derejede ilat meseleleri (ilatyñ tebigy artyşy, oba we şäher ilaty, milli mesele, sosial ýagdaýy, milletparazlyk syýasaty) oñyn çözmeklik üçin köp ylmy-barlag işler geçirildi

XX asyryñ soñky onýyllygynda ösen döwletlerde geografiýa ylmynyñ öñünde tebgatdan peýdalanmak, hojalygyñ meýdan-çäk düzümini kämilleşdirmek, ilaty ýerleşdirmek, jemgyýet bilen tebigatyñ arasyndaky arabaglanyşygyñ bütindünýä we sebitleýin meselelerini çözmek döwrüñ talabyna laýyk gelýärdi. Demirgazyk Amerikada, Günbatar Ýewropada halkara monopolistik birleşmeleriñ döremegi bilen halkara ykdysady gatnaşyklary, bütindünýä bazarlary öwrenmeklige uly üns berilip başlandy. Sosialistik ulgamyñ dargamagy bilen öñki sosialistik döwletlerde bazar ykdysadyýetine geçmek bilen baglanyşykly meseleleri öwrenmeklige girişdiler. XXI asyryñ başynda ykdysady durmuş geografiýanyñ: adamzadyñ ýaşaýşy, işsizligiñ, jenaýatçylygyñ, bilimiñ, sportyñ, menejmentiñ, sebitleýin dolandyryşyñ, syýasy we saýlawlar geografiýasy, dürli keselleriñ ýaýraýyş, aýallaryñ ýaşaýyş we zähmet geografiýasy ýaly täze ugurlary peýda boldy.

## 7. Ykdysady we durmuş geografiýanyň Türkmenistanda öwrenilişi we ösüşi.

Türkmenistanyň häzirki meýdan-çägi Russiýa birikdirilenden soň geografiki barlag işleri başlanýar. 1884 –nji ýyldan başlap A.M.Konşin Merkezi Garagumda gözleg işlerini geçirip Üňüz boýunda kükürt käniniň bardygyny we Nebitdagda nebitiň kändigini habar beripdir. Russiýanyň pagtaçylyk senagatyny çig-mal bilen üpjün etmek maksady bilen, 1906-1914 –nji ýyllarda M.N.Ýermolaýew Amyderýa, Murgap we Tejen sebitlerinde barlag geçirýär. Amyderýanyň suwuny Tejen-Murgap raýonlaryna akdyryp boljakdygyny subut edýär. 1908-1914-nji ýyllarda täze özleşdiriljek ýerlere tebigy-ykdysady nukdaýnazardan baha bermek maksady bilen S.S.Neustruýewiň we L.I.Prasolowyň ýolbaşçylygynda toprak-botaniki barlag işleri geçirilýär. 1912-nji ýylda meşhur klimatolog A.W.Woýeýkow barlag işlerini geçirip, "Pagtaçylyk nukdaýnazardan Zakaspi oblastyny suwaryş" diýen işini çap etdirýär. Türkmenistanyň (Zakaspi oblastynyň) ykdysady-geografik beýany ilkinji gezek K.M.Fedorowyň ("Zakaspi oblasty", Ashabat, 1901), W.I.Masalskiniň ("Türküstan ülkesiň geografiýasy we taryhy", Daşkent, 1914)işlerinde beýan edilipdir.

1924 –nji ýylda Soýuzyň düzüminde Türkmenistan respublikasynyň döredilmegi bilen onuň Durmuş we ykdysady geografiýasyna degişli maglumatlar peýda bolup başlaýar. 1930 –njy ýylda Türkmenistanda ilkinji döredilen ylmy-barlag edara TSSR Gosplanynyň ýanynda Ykdysady barlaglar institutydyr. Institut tarapyndan 1937 –nji ýylda çykarylan ylmy monografiýada ilkinji gezek Türkmenistanyň raýonlaryna ykdysady-geografiýa taýdan häsiýetnama berilýär.

1931 –nji ýylda Aşgabatda pedagogik institut, 1935-nji ýylda onuň düzüminde geografiýa kafedrasy açylýar. 1940 –njy ýylda Çärjew pedinstitutynda, 1941 –nji ýylda Daşoguz mugallymçylyk institutynda, 1949 –njy ýylda W.I.Lenin

adyndaky Türkmen döwlet pedagogik institutynda geografiýa kafedralary açyldy. Bu kafedralaryň kömegi bilen ýokary bilimli müňlerçe ykdysady we fiziki geografiýadan hünärmenler taýýarlanyldy.

Beýik Watançylyk urşunyň başlarynda Moskwanyň we Odessanyň döwlet uniwersitetleri wagtlaýynça Türkmenistana geçirilýär. Moskwa uniwersiteti Aşgabatda, Odessa uniwersiteti Baýramalyda ýerleşdirilýär. 1941 –nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 1-inde SSSR Ylymlar Akademiýasynyň Türkmenistan filialy döredilýär. Şol uniwersitetleriniň alymlarynyň kömek bermegi netijesinde Aşgabat pedagogik institutynyň we SSSR Ýlymlar Akademiýasynyň Türkmenistan filialynyň köp işgärleri kandidatlyk soňra doktorlyk dissertasiýalary goraýarlar. SSSR Ylymlar Akademiýasynyň akademikleri N.M.Gubkiniň, S.G.Strumiliniň, W.A.Komarowyň, N.S Kurnakowyň, B.A.Kelleriň, D.W.Naliwkiniň, A.E.Fersmanyň, D.I.Şerbakowyň ylmy ýolbaşçylygynda Türkmenistanda köp ylmy-barlag işler geçirildi. SSSR Ylymlar Akademiýasynyň Türkmenistan filialynda Türkmenistan YA-nyň akademigi, biologiýa ylymlarynyň doktory, professor M.P.Petrowyň ýolbaşçylygynda ykdysadyýet we geografiýa sektory döredilýär. Şonuň esasynda 1957 –nji ýylda Ykdysadyýet instituty açylýar. 1950-nji ýylda Aşgabat pedinstitutynyň çäginde Türkmen döwlet uniwersiteti döredilýar.Geçen asyryň otuzynjy ýyllaryndan başlap mekdeplerde geografiýa dersi okadylypdyr. 1934-35-nji ýyllardan başlap pespublikanyň şäherlerinde we obalarynda hökmany ýediýyllyk okuw girizilýär.

1951-1953 –nji ýyllarda Baş Türkmen kanalyny geçirmek maksady bien Demirgazyk Türkmenistanda, Amyderýanyň aşak akymyndan Uzboýyň ugry bilen Etrege çenli, Aral-Kaspi kompleks ekspedisiýasy, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň we Geologiýa uprawleniýesiniňençeme ekspedisiýalary barlag işlerini geçirdiler.

Ekspedisiýalaryň ylmy netijeleri “Aral-Kaspi ekspedisiýasy”(3 göýberiliş, M., 1954) we başga-da birnäçe ylmy makalalarda beýan edilipdir. Türkmenistanyň ykdysadyýetine we ykdysady geografiýasyna degişli monografiýalar, statistiki ýygyndylar we ylmy-populýar kitaplar dürli ýyllarda çap edildi. Olara A.Artykowyň “Türkmenistan SSR-niň senagaty 25 ýylda”(Aşgabat, 1950), Z.G.Freýkiniň “Türkmenistan SSR-I”(Aşgabat, 1957), A.Babaýewiň we başgalaryň “Sowet Türkmenistany”(Asgabat, 1958), A.Saakýanyň we L.Kurbanowyň “Türkmenistan SSR-niň ykdysady ösüşiniň gysga oçerki”(Aşgabat, 1957), A.Annagylyjowyň “TSSR-iň çig mal resurslary we olaryň senagatda peýdalanylyşy”(Asgabat, 1958), W.I.Rodýukowyň “Sowet Türkmenistanynyň ykdysady aragatnaşyklary”(Aşgabat, 1963), Ýe .Ýe. Leýzerowiçiň “Çölleri özleşdirmegiň ykdysady-geografik problemalary” (Moskwa, 1968), B.Baýramowyň Türkmenistanyň energetikasynyň ösüşi”(Aşgabat, 1971), J.Alladatowyň we B.Meredowyň “Türkmenistanyň senagaty ösüş ýolunda” (Aşgabat, 1972), A.G.Babaýewiň we beýlekileriň “Türkmenistan SSR-niň geografiýasy” (Aşgabat, 1978), A.B.Batyrowyň, D.Amanekowyň, K.Weýsowyň, S.Weýisowyň, N.Oraýewiň, B.Orazmyradowyň, Ä.Berdiýewiň, B.Nepesowyň, E.Ýegengeldiýewiň, Ýo.Itibaýewiň, M.Kurambaýewiň, A.Ataýewiň H.R.Baýramowyň, H.Orazowyň, M.Hudaýýarowyň, A.Magtymowyň, B.Çaryýewiň, G.Täjibaýewanyň, M.Allakowyň, başga-da birnäçe hünärmenleriň ýüzlerçe ylmy işleri türkmen we rus dillerinde çap edildi.

Türkmenistan özüniň garaşsyzlygyny gazanan gününden başlap, ykdysady we durmuş geografiýa degişli ylmy barlaglar ýurdumyzyň ykdysadiýetini ösdürmek, halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak meselelerini çözmeklige bagyşlandy. Döwletimiziň hojalygyny ösdürmek üçin “On ýyl Abadançylyk-agzybirlik, asudalyk, jebislik”, “Täze oba

syýasaty”, “Bilim”, “Galla”, “Pagta”, “Nebit we gaz” syýasatlary kabul edildi.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap yza-galak ykdysadiýeti bolan Türkmenistany dünýä derejesine ýetirmek barada köp aladalar edi. Şonuň üçin öň gurulman ýatan kärhanalary tiz wagtyň içinde gurmak, öňki bar bolan senagat kärhanalaryň durkuny täzelemek, öndürýän önümini dünýä ölçegine laýyk getirmek esasy meseleleriň biri bolup durdy.

Netije-de 2000-2010-njy ýyllar aralygyna Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň “Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2010-njy ýyla çenli baş ugry” milli maksatnamasy kabul edildi. Şu Maksatnama laýyklykda döwletimiziň hojalyk pudaklary ep-esli ösdi. 2000-nji ýyldan bäri döwlet boýunça ykdysady ösüş 17-22 aralygynda boldy. Bu dünýä boýunça iň ýokary ykdysady ösüş hasaplanýar. Garaşsyzlygyň geçen ýyllarynda ykdysadyýeti ösdürmekde uly üstünlikler gazanyldy.Netije-de gysga wagtyň içinde galla meselesi çözüldi. Döwletimizde göz öňüne tutulan azyk we ykdysady howpsuzlygy üpjün etmek meselesi ýakyn ýyllarda çözüler. Bu meseleleri ylmy nukdaý nazardan çözmeklige döwletimiziň dürli ylmy-barlag institutlarynda işleýän ykdysatçy alymlar bilen birlikde ykdysady geograf alymlar hem öz goşantlaryny goşýarlar. Soýuz döwründe Türkmenistanda ykdysady we durmuş geografiýanyň ösmeginde ylymlar akademiýasynyň ykdysadiýet, Türkmenmillihasabat, Çöller we beýleki ylmy-barlag institutlaryň ylmy işgärleriniň goşan goşantlary has uludyr.

Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Türkmenabat şäherinde ýerleşen Mugallymçylyk institutyň geografiýa kafedralarynyň professor-mugallymlarynyň bitiren işleri bellemäge mynasypdyr. Olaryň we Çöller institutynyň alymlarynyň ykdysady we durmuş geografiýa degişli ylmy işlerine häli-şindi gabat gelip bolýar. Bu babatda edilen işler

köp hem bolsa edilmeli, ýerine ýetirilmeli we çözülmeli meseleler ondan hem köp.

**Edebiýat.**

Огарев Н.П. Избранные социально-политические и философские произведения. Москва, 1952. Т. 1.

Oraýew N. Türkmenistanyň ykdysady-sosial geografiýasy (okuw gollanma) Aşgabat, Magaryf, 1996

Саушкин Ю.Г. Геогафическая наука в прошлом, настоящем, будущем. Москва, «Просвещение», 1980

Семевский Б.Н. Теоретическая экономгеография. Москва, «Наука», 1981.

Татищев В.Н. Избранные труды по географии России. – Москва, 1950.

Гундогдыев О. "Черное золото" Древного Хорезма. Ж. Туркменистан, № 7-8, 2006, стр. 4-15.

Голубчик М.М., Э.Л.Файбусович и др. Экономическая и социальная география: Основы науки.Москва, «Владос», 2003.

## 7. Döwleti ykdysady taýdan sebitlere (raýonlara) bölmek nazaryýeti we ýerlerde önümçilik toplumlarynyň döremegi.

### 1.Ykdysady sebitleri (raýonlary) döretmek nazaryýetiniň hojalyk ähmiýeti.

Geografiki raýon diýilýän adalga ir wagtlardan bäri geografiýa ylmynyñ iki şahamçasynda hem ulanylýar. Fiziki geografiýada geologiki, geomorfologiki gurluşy boýunça biri-birinden tapawutlanýan bir bütewi meýdan-çäklere rayon, ýa-da landşaft diýilýär. Fiziki geografiki raýon geologiki,

geomorfologiki gurluşy boýunça administratiw-territorial gurluşyga boýun egmeýän meýdan-çäkleri özüne birleşdirýär. Ykdysady we durmuş geografiýada –**ykdysady-durmuş rayon,** ýa-da **sebit(H.M., O.N.)** bu belli-bir meýdan-çägiñ hojalygynyñ ýörüteleşişi we onuñ köptaraplaýyn ösüş aýratynlygy, özboluşly geografiki ýerleşişi, tebigy we zähmet baýlyklary boýunça beýleki goñşy ýerlerden tapawutlanýar. Emma fiziki-geografiki raýondan tapawutlylykda ykdysady sebitde ähli hojalyk işler administratiw raýonlaryñ(etraplaryñ, welaýatlaryñ) çäklerinde alnyp barylýar. Şonuñ üçin etrabyñ, welaýatyñ hojalyk taýdan özleşdirilmedik ýerlerini, ýagny administratiw-territorial birlikleriñ doly araçäkleriniñ çägindäki meýdanyny ykdysady sebit özüne birleşdirýär.

Ykdysady we durmuş geografiýanyñ esasy öwrenýän obýektleriniñ biri jemgyýetiñ meýdan-çäklerde emele getiren önümçilik we önümçilik däl kärhanalarydyr. Ykdysady taýdan sebitlere bölmek – bu ykdysady we durmuş geografiýanyň esasy ugurlaryndan biri bolup, ykdysady sebitleriň emele gelişini, ösüşini we sebit dörediji faktorlaryny, olaryň geljekde ösüş aýratynlyklaryny öwrenýär. Islendik döwletiň ykdysadyýetinde we durmuşynda ykdysady we durmuş taýdan sebitlere bölmek örän uly ähmiýete eýedir.

Ykdysady sebitleriň emele gelişi öndüriji güýçleriň ýerleşişi, önümçilik gatnaşyklary, ýerlerde zähmet bölünişigi, zähmet we tebigy baýlyk ätiýaçlyklary önümçilik we önümçilik däl sferany ösdürmek üçin ylmy taýdan seljeryar. Ýurduñ çäginde toplanan maddy baýlyklar, ilatyň milli aýratynlyklary, tebigy şertler we baýlyklar, administratiw bölünişikler, döwletiň dolandyrylyşy we ş.m. bilen aýrylmaz baglanyşykly.

Her bir sebit dörediji faktor ýerli häsiýetlere we taryhy aýratynlyklara bagly bolýar. Her bir döwletiň taryhy ösüş döwürlerinde ykdysady sebitler öndüriji güýçler, önümçilik gatnaşyklar, olaryň döreden maddy-tehniki bazasy, döwlet gurluşy, döwletiň dolandyrylyşy öz döwrüne görä çäklendirilen

bolýar. Olaryň giňişligi tutuşy ylmy-tehniki ösüşe, onuň derejesine baglydyr. Häzirki döwürde ykdysady sebitler ösen ýerli önümçilik toplumlardan ybarat bolýarlar. Olaryň döreýiş we ösüş kanunalaýyklaryny, ýerlerde önümçilik gatnaşyklaryň we olaryň dolandyryş aýratynlyklaryny sebitara ykdysadyýet (regionalnaýa ekonomika), durmuş we ýuridiki ylymlar öwrenýärler.

Ykdysady sebitleriň emele geliş prosesini we olaryň ýüze çykarylyşynda dürli ylymlaryň gatnaşmagy zerur hasaplanýar. Häzirki zaman ykdysady we durmuş geografiýasynyň esasy öwrenýän ugrunyň biri ykdysady we durmuş taýdan sebitlere bölmek hasap edilýär. Ykdysady we durmuş geografiýanyň hünärmenleri hojalyk ýerli ulgamlaryň jemgiýetçilik gatnaşyklaryny ösdürmekligi ykdysadyýetiň tehniki ösüş, tebigy şertler we baýlyklar, zähmet ätiýaçlyklary bilen baglanyşdyryp, durmuş meselesini hem öwrenýärler.

## 2. Ykdysady sebitleri dörediji faktorlar.

Ykdysady we durmuş geografiýanyň hünärmenleri şu aşakdaky sebit emele getiriji meseleleri(faktorlary) çözmeklige gatnaşýarlar:

1.Ylmyň, tehnikanyň gazananlaryna esaslanyp gurlan senagat we obasenagat kärhanalary özaralarynda anyk önümçilik gatnaşyklary amala aşyrýarlar. Olar etraplarda, welaýatlarda öndüriji güýçleriň ýerleşişine, içki düzüminiň üýtgemegine, ykdysady ösüş derejesine, ykdysady sebitleriň hojalygynyň ýörüteleşişine, olaryň ösüş aýratynlyklarynyň döremegine öz täsirini ýetirýärler. Önümçilik gatnaşyklary ir döwürlerden bäri dünýäniň ähli döwletlerine mahsusdyr. Ykdysady geograflaryň we taryhçylaryň berýän maglumatlaryna görä gadymy döwürlerde ýönekeýje ykdysady sebitler ilkinji halkara zähmet bölünişigi emele gelenden soň döräpdirler. Kapitalistik gatnaşyklaryň ösmegi bilen döwletleriň içinde içerki, olaryň arasynda halkara zähmet bölüňişigi döredi. Soňky ýyllarda ykdysady taýdan ösen

döwletlerde pul-haryt gatnaşyklaryñ ýitileşmegi bilen hojalygyñ çylşyrymly pudaklaýyn düzümi bolan we içki aragatnaşyklary boýunça ykdysady sebitler emele geldiler.

2.Döwletiñ çägindäki ýerli-dolandyryş birliklerde(Etraplarda, welaýatlarda) şol ýerler üçin häsiýetli zähmet bölünişigi emele gelýär. Ugurdaş ýörüteleşen önüm öndürýän etraplarda kärhanalaryñ arasynda ykdysady gatnaşyklar ýola goýulýar. Ýörüteleşen senagat kärhanalary ýerleşen ýerlerindäki etraba, welaýata, döwlete ýa-da hususy eýeçilige berkidilýär.

3. Önümçiligiñ maddy-tehniki bazasy we döredilen maddy gymmatlyklar. Bu faktor ykdysady sebitleriñ emele gelmegine iki ugur boýunça täsir edýär(Golubçik we başgalar, 2003, sah. 243). **Birinjiden,** döredilen maddy gymmatlyklar ykdysady sebitleriñ ýörüteleşişiniñ ösmegine we ykdysady esasynyñ berkemegine getirýär. Meselem, Balkan welaýatynda nebit-himiýa, gaz, elektroenergetika pudaklaryñ ösmegi sebitde çig-mal çeşmeleriñ we döredilen maddy gymmatlyklaryñ bolmagy bilen baglanyşyklydyr. **Ikinjiden**—ykdysady sebitiñ hojalygynyñ ösmegi öñ döredilen maddy-tehniki baza laýyklykda häzirki wagtda esasy önümçilik serişdeleriñ kämilleşmegi bolup geçýär.

4.Öñ belläp geçişimiz ýaly, tebigy şertler we baýlyklar ykdysady sebitleriñ ýörüteleşişine öz täsirini ýetirýär. Haýsy-da bolsa bir tebigy baýlygyñ baý gorlarynyñ döwletiñ çäginde bolmagy pudaklaýyn(metallurgiýa, maşyn gurluşygy, nebit-gaz, gurluşyk, himiýa) ykdysady raýonlaryñ döremegine sebäp bolýar. Tebigy baýlyklaryñ bolmagy ir döwürlerde döwletiñ ykdysadyýetini ösdürmeklige uly kömek edipdir. Häzirki döwürde tebigy baýlyklaryñ bolmagy ösýän döwletler üçin has amatlydyr. Olar tebigy baýlyklaryny özleşdirip, belli-bir bölegini dünýä bazaryna çykarýarlar. Şeýdip ýuwaş-ýuwaşdan ykdysadyýetini ösdürýärler. Ylmy-tehniki ösüş döwründen soñ, käbir döwletlerde ylmyñ-tehnikanyñ ösmegi bilen tebigy

baýlyklaryñ we amatly tebigy şertleriñ bolmagy ýa-da bolmazlygy uly ähmiýete eýe däldir. Ösen döwletler ylmyñ-tehnikanyñ gazanan üstünliklerini önümçilige ornaşdyryp, gerekli çig-mallary ösýän döwletlerden getirip, senagat kärhanalaryny ösdürýärler. Emma, ýokarda belleýşimiz ýaly, köp döwletlerde senagaty we oba hojalygy ösdürmek üçin tebigy şertleriñ, baýlyklaryñ ähmiýeti örän ulydyr. Oba hojalyk pudaklary üçin tebigy şertleriñ ähmiýeti çäksizdir. Amatly tebigy şertler bolmasa oba hojalyk pudaklary ösdürip bolmaýar.

5. Ykdysady sebitleriñ emele gelmeginde zähmet baýlyklar we ilatyñ iş endikleri esasy faktor hökmünde seredilýär. Bu faktor ykdysady raýonyñ ýörüteleşişine, ösüş derejesine öz täsirini ýetirýär. Tebigy baýlyklary bar bolan döwletlerde dag-magdan senagaty ösen bolýar. Bu hili döwletlerde, tebigy baýlyklary garyp bolan ýurtlara garanda, işçi güýçlerine bolan isleg az bolýar. Işe ýaramly hünärmenleriñ az ýerlerinde zähmedi köp talap edýän önümçiligi ýerleşdirmek we ösdürmek üçin ýurduñ beýleki ýerlerinden işgärleri çagyrýarlar. Işçi güýjüniñ ýeterlik edýän ýerlerinde el zähmedini köp talap edýän önümçilik pudaklary, esasan hem maşyngurluşyk, dokma, azyk senagat kärhanalary emele gelýärler. Ykdysady sebitleriñ ýörüteleşişi diñe zähmet gorlary(hünärmenleriñ ýeterlik bolmagy) bilen baglanyşykly bolman, eýsem olaryñ hil tarapy bilen: sowatlylyk derejesi, jyns we ýaş aýratynlygy bilen hem baglanyşyklydyr.

6.Administratiw-ýerli bölünişikli döwlet-hukuk faktory. Bu faktor administratiw-ýerli bölünişigiñ ykdysady sebit bilen bütewidigini görkezýär. Bu bütewilik halk hojalyk pudaklarynyñ ösmegine, döwlet tarapyndan hemaýat edilmegine uly mümkinçilikleri döredýär. Ykdysady sebitiñ çäginde gurulýan döwlet we hususy kärhanalar etrap, welaýat we umumydöwlet dolandyryş edaralary(ministrlikler, assosiasiýalar) tarapyndan hasaba alynýar, hem-de edara edilýär. Önümçilik kärhanalar administratiw-ýerli bölünişigiñ

çäklerinde döwlet hukuk kadalaryny berjaý etmek bilen dürli ykdysady-önümçilik gatnaşyklary amala aşyrýarlar. Ykdysady sebitleriň kärhanalarynyň doly güýjünde işlemekleri üçin administratiw-ýerli bölünişigiň we ykdysady sebitleriň araçäkleriniň biri-birine gabat gelmegi zerurdyr. Şeýle bolanda ýerli administratiw dolandyryş guramalar tarapyndan çakde döreýän durmuş-ykdysady meseleleri çözmeklik ýeňil bolýar.

7.Döwletiň, ykdysady sebitiň, welaýatyň, etrabyň ykdysady taýdan ösmegine olaryň geografiki ýerleşişi öz täsirini ýetirýär. Taryhy geografiýadan belli boluşy ýaly deňizleriň ortalarynda, kenarýakalarda ýerleşen döwletlerde ir wagtlardan bäri deňiz floty ösüpdir. Özlerinde bar bolan tebigy baýlyklary özleşdirip, ýoklaryny beýleki döwletlerden getirip zawod-fabrikleri gurupdyrlar. Şeýlelikde, döwletleriniň ykdysadyýetini ösdüripdirler. Olara mysal hökmünde Angliýany, Ýaponiýany we beýleki döwletleri aýdyp bolar.

### 3. Ykdysady sebitleri bölmekligiň edähetleri(prinsipleri).

XX asyryň 20-nji ýyllaryndan başlap ykdysady we durmuş geografiýada ykdysady sebitleri bölmekligiň edähetleri(prinsipleri) işlenip düzülýär. GOELRO plany işlenilip taýýarlananda we soňky ýyllarda döwletiň meýdan-çäklerini ykdysady sebitlere bölmekde şu aşakdaky edähetler göz öňüne tutulypdyr(M.M.Golubçik we beýlekiler, 2003, sah. 244-245).

**1. Ykdysady** edähet. Ykdysady sebit ýurduň halk hojalygynyň ýörüteleşen meýdan-çäk bölegidir. Ýörüteleşen halk hojalyk pudaklaryna kömekçi kärhana toplumlary we edaralary hyzmat edýärler. Ýkdysady sebitiň ýörüteleşen hojalyk pudagynyň öndürýän önümi beýleki ykdysady sebitlerdäki ugurdaş kärhanalaryň öndüren önümlerine seredende has arzan düşýänligi bilen tapawutlanýar. Şolar ýaly

senagat, oba hojalyk kärhanasy ykdysady sebit üçin we şol ýerde ýaşaýan ilat üçin ykdysady taýdan düşewüntli bolýar.

**2. Energetiki** edähet. Ykdysady sebiti döretmekde energetiki çig mallaryñ ähmiýeti örän ulydyr. Oña gazylyp alynýan, geljekde ulanylmagy mümkin bolan ýerasty baýlyklaryñ, ýel, gün, akar suwlaryñ energiýasy degişlidir. Kä ýagdaýlarda bu edähet sebitde ýerleşýän hojalyklaryñ(senagatyñ, oba hojalygyñ, ulaglar we aragatnaşyk ulgamlarynyñ, durmuş hyzmaty toplumyñ) öndürýän önümleri az zähmet we serişde sarp edilip ýokary netije gazanylmagyna hem aýdylýar.

**3. Ykdysady sebitiñ ilatynyñ milli düzümi.** Ykdysady sebitiñ hojalygynyñ ösmeginde ýurduñ ilatynyñ milli düzüminiñ ähmiýetine ykdysady geograflar aýratyn orun berýärler. Milletleriñ zähmet endikleri, ýaşaýyş durmuşy, medeniýetiniñ ösüş derejesi zähmet öndürijiligine we onuñ netijeliligine öz täsirini ýetirýärler.

**4. Ykdysady sebitiñ hojalygynyñ köptaraplaýyn ösdürilmegi.** Bu mesele hakda 10-njy temada hem durup geçipdik. Hojalyk pudaklary köpugurly, köptaraplaýyn ösdürilse ykdysady sebitde ýaşaýan ilat üçin amatly bolýar. Sebit we onuñ ýaşaýjylary senagat we oba hojalyk önümlerine mätäçlik çekmeýärler. Gerekli önümler sebitiñ çäginde öndürilse, uzagyndan önümçilik ýörüteleşip, tehnologik taýdan kämilleşdirilip goñşy sebitlere, uzagyndan daşary döwletlere önümler haryt görnüşinde çykarylar.

**5. Ýurdy ykdysady sebitlere bölenlerinde** tebigy şertler, baýlyklar, ilatyñ umumy sany, gürlügi, milli düzümi, ýaş we jyns aýratynlyklary, kär düzümi, sebitiñ maddy-tehniki üpjünçiligi, senagatyñ, oba hojalyk kärhanalaryñ ýerleşişi, ulag ulgamlarynyñ gürlügi, konfigurasiýasy, hojalykara ykdysady gatnaşyklar, administratiw-çäk bölünişikler göz öñünde tutulýar.

**6. Dolandyryş-çäk bölünişigi.** Öñ belläp geçişimiz ýaly hojalygy dolandyrmak ýeñil bolar ýaly, dolandyryş-çäk bölünişik ykdysady sebitleriñ araçäkleri biri-birine gabat getirilýär. Federatiw (Russiýa we beýlekiler) döwletlerde milli-ýerli bölünişikler hem göz öñüne tutulýar. Bu ýagdaý döwleti sebitleýin dolandyrmak üçin gerek bolýar.

**7. Ykdysady sebitiñ geljegi bolmalydyr.** Ýurduñ we dünýäniñ ylmynyñ, tehnikasynyñ gazanan üstünliklerini hojalyga, durmuşa ornaşdyryp durmagy başarýan ykdysady sebitiñ geljegi uly bolýar. Seýle döwletlerde hojalygy ösdürmekligiñ 5-10-15-20 ýyllyk meýilnamalary işlenip düzülýär.

**8. Etraplaryñ we ykdysady sebitleriñ arasyndaky ykdysady gatnaşyklar.** Etraplaryñ we sebitleriñ hojalyk kärhanalarynyñ arasynda üznüksiz ykdysady gatnaşyklar zähmet bölünişigine baglylykda amala aşyrylýar.

Etrabyñ hojalyk düzüminde birnäçe senagat, oba hojalyk, ulag we aragatnaşyk, durmuş hyzmaty kärhanalary bar. Ol kärhanalar etrabyñ, ykdysady sebitiñ zähmet bölünişigini emele getirýärler. Olar M.M.Golubçigiñ we beýlekileriñ pikirlerine görä (2003, Sah. 245-246) hojalyk ähmiýeti boýunça aşakdaky toparlara bölünýärler: **1. Esasy kärhanalar.** Etrabyñ önümçilik ugruny kesgitleýän zawodlar we fabrikler esasy kärhanalar hasaplanýarlar. Olar öndürýän önümleri bilen etrabyñ, ykdysady sebitiñ ilatyñ harytlara bolan isleglerini kanagatlandyrýarlar. Belli bir bölegini goñşy sebitlere we daşary döwletlere çykarýarlar. **2. Çig-mal çeşmeleri bilen üpjün edýän kärhanalar**. Esasy we ugurdaş kärhanalary çig mal we ýangyç bilen üpjün edýän önümçilik kärhanalary ikinji topara degişlidirler. Olara ýangyç-energetika, metallurgiýa, himiýa, tokaý-himiýa senagat toplumlary girýärler. Bu kärhanalar etrabyny, ykdysady sebitini ýangyç we çig mal baýlyklary bilen üpjün edip, köp halatlarda goñşy döwletlere hem çykarýarlar. Şeýle halatda ol kärhanalary esasy

kärhanalaryñ hataryna hem goşýarlar. **3. Ugurdaş kärhanalar.** Olar ýangyç, energiýa çeşmelerini we önümçilik zyñyndylaryny bilelikde özleşdirýärler. Bu kärhanalar ýokarda atlary tutulanlar bilen bilelikde ykdysady sebitiñ hojalygyny kötaraplaýyn ösdürmäge şert döredýärler. Bu kärhanalara Türkmenbaşy şäheriniñ nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda ugurdaş nebit gazyny işläp suwuk ýangyç we polipropilen öndürýän zawodlar mysal bolup bilerler. Olar nebit arassalaýjy zawodlarda goşmaça gurlan kärhanalar hasaplanýarlar. Şol zawodlaryñ önümleri(suwuklandyrylan gaz we polipropilen) daşary döwletlere hem çykarylýar. **4. Goşmaça kärhanalar**—bular ykdysady etrabyñ ýörüteleşen kärhanasy hökmünde, emma esasy we ugurdaş kärhanalar bilen bagly bolmadyk kärhanalar hasaplanýarlar. Goşmaça kärhanalara Ahal ykdysady sebitiniñ sement önümçiligi, Gündogar ykdysady sebitiñ buýan köki zawody mysal bolup bilerler. **5. Sebiti azyk we ýeñil senagat önümleri bilen üpjün edýän kärhanalar**—bular sebitiñ ýörüteleşen kärhanalary bolman halkyñ islegini kanagatlandyrýan we durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrýan hasaplanýarlar. **6. Hyzmat ediji kärhanalar**(infrastruktura)—müña önümçiligi we önümçilik däl edaralary elektroenergiýa, ýylylyk, suw bilen üpjün edýän pudaklar, maşynlary, mehanizmleri abatlaýan, çig mallary we taýýar önümleri saklaýan ammarlar degişlidir. Atlary agzalan pudaklar düzüminden başdaky üç topar kärhanalar ykdysady sebitiñ ýörüteleşişini kesgitleýärler. Ykdysady sebit çylşyrymly, bir bütewi ulgam bolup, meýdan-çäk düzümini emele getirýär. Meýdan-çäkde ýerleşen her bir düzümi belli-bir işi(funksiýany) ýerine ýetirýär.Ýerine ýetirilýän işler ulaglar ulgamynyñ(maşynlaryñ, mehanizmleriñ, turba, suw we elektrik geçirijileriñ, aragatnaşyk ulgamlaryñ) üsti bilen amala aşyrylýar. Meýdan-çäk düzüminiñ esasy komponentleri ykdysady çatryk, ykdysady merkez we ykdysady nokatlardyr. **Ykdysady çatryk**—uly bolmadyk meýdan-çäkde ykdysady,

durmuş we ekologiki taýdan ykjam ýerleşen, bir-birleri bilen ykdysady, tehniki-önümçilik gatnaşyklary saklaýan, durmuş we önümçilik infrastrukturasy bolan senagat merkezi diýmekdir. Ykdysady çatryklaryň arasynda senagat, agrosenagat, ulag, industrial-gurluşyk, rekreasion toplumlary jemlenýärler. **Ykdysady merkez**—bir şäheriň çäginde ýerleşýän önümçilik toparyny we onuň töweregindäki bagly-bakjaly, ýolly, gurluşykly obany özüne birikdirýär. Onuň umumy ykdysady-geografiki ýerleşişi, önümçilik, durmuş, ekologiki we bazar gatnaşyklaryny amala aşyrýan infrastruturasy bolýar. **Ykdysady nokat**—oba hojalyk, tokaý hojalyk, magdan gazyp alýan, ýa-da rekreasion işleri amala aşyrýan ilat mesgenine aýdylýar. Türkmenistanyň çäginde ykdysady nokatlar birigip obasenagat, suw we tokaý hojalyklary emele getirýärler.

**4.Ykdysady sebitleriň görnüşleri we hojalyk düzümleri.**

Ykdysady sebitleriň taglymat meselelerinde esasy orny ykdysady sebitiň berk, yzygiderli we hemişelik ösüşini öwrenmek zerurdyr. Öň belleýşimiz ýaly ykdysady sebitleriň pudaklaýyn düzümi ylmy-tehniki ösüşiň esasynda çalt üýtgeýär.Islendik ykdysady sebitiň çäginde bir-iki zawod, ýa-da fabrika gurlany bilen ykdysady sebitiň hojalygynyň pudaklaýyn we meýdan-çäk düzümi birden üýtgemeýär.Ykdysady sebitiň hojalygy giňişlikde we wagt içinde yzygider ösýär. Ykdysady sebitiň hojalygynyň ösüşi N.N.Kolosowskiniň (1969) ýazmagyna gögä bäş sany basgançagy öz içine alýar:

**1). Ätiýaçlykda duran ýerler.** Dünýäniň her bir döwletiniň çäginde hojalykda doly ulanylmaýan ýerler bolýar. Ol ýerler köp döwletlerde öri meýdan hökmünde ulanylýar. Ol ýerler geljekde ilatyň sanynyň artmagy bilen ulanylmagy mümkin. Häzirlikçe ätiýaçlyk ýerler hasaplanylýar.

**2). Ykdysady sebitiň ilkinji özleşdirilen ýerleri.** Tebigy baýlyklaryň ýüze çykarylyp ilkinji özleşdirilip başlanan ýerleri.

Doly özleşdirilýänça ol ýerleriñ özboluşly problemalary bolýar. Işçi güýji ýetmezçilik etmekligi mümkin. Ulaglar we aragatnaşyk ulgamlary doly gurlup gutarylan däldir. Ýaşaýyş jaý, suw, gaz, durmuş meselelerini çözmek zerurlygy bardyr.

**3). Ykdysady sebitiñ uly senagatly merkezleri.** Ykdysady sebitiñ bu basgançakly bölegine uly senagat çatryklary, ulag ulgamlary, daş-töwereginde ykdysady taýdan özleşdirilen ýerler häsiýetlidir. Olaryñ golaýynda entek özleşdirilmedik, ätiýaç erler hem bolmagy ähtimal. Ol ýerler uzagyndan hojalyk dolanşygyna giriziler.

**4). Hojalygyñ has güýçli ösen meýdan-çäkleri.** Biziñ ýurdumyzda bu basgançaga welaýat merkezlerini degişli edip bolar. Emma welaýat merkezlerinde hem entek gurulmaly senagat, durmuş hyzmaty kärhanalary köp. Dünýäniñ beýleki döwletlerinde bu basgançaga hojalyk toplumlarynyñ has ösen şäherleri, şäher aglomerasiýalary, konurbasiýalary degişli edilýär.

**5). Hojalygyñ köptaraplaýyn ösen merkezleri.** Bu basgançak ykdysady sebitiñ hojalyk düzüminiñ doly emele gelip, geografiki zähmet bölünişikde öz ornuny eýelän şäher megalopolislerini degişli edip bolar. Ykdysady sebitleriñ ösuş basgançaklaryndan görnüşi ýaly dünýäniñ döwletlerinde ykdysady sebitleriñ emele gelişi, ösüşi dürli-dürlüdir. Şol sebäpli ykdysady taýdan ösen döwletlerde onuñ dürli basgançaklary bar. Meselem, Rossiýada ykdysady geograflar **Ykdysady zonany** has uly ykdysady sebitiñ basgançagy hökmünde belleýärler. Ykdysady zona birnäçe ykdysady sebitleri(olarda ykdysady raýonlar) degişli edýärler. Rossiýa Federasiýasynda **Günbatar we Gündogar** ykdysady zonalary bölýärler. Günbatar ykdysady zonada zähmedi, ylmy, täze tehnikany we tehnologiýany köp talap edýän maşyn gurluşyk, metallurgiýa, elektroenergetika, himiýa, agaç işläp bejerýän we kagyz-sellýüloza, ýeñil, azyk senagat pudaklary emele gelipdir. Bu zonada ösen agrosenagat, ulaglar we aragatnaşyk, durmuş

hyzmaty toplumlary döredilipdir. Gündogar zona—Rossiýanyñ esasy ýangyç-energetika, mineral çig-mal bazasy hasaplanýar. Oña Günbatar we Gündogar Sibir, Uzak Gündogar ykdysady raýonlary degişli edýärler.

**5. Ykdysady sebitleriň hakykylygy barada garaýyşlar.**

Ykdysady taýdan sebitlere bölmekligiň kyn meseleleriniň biri ol hem bölünen ykdysady sebitleri hakykata laýyk getirmek. Amerikan we nemes alymlarynyň arasynda ykdysady sebitleri iňkär edýänleri bar. Olaryň pikirlerine görä döwleti ykdysady taýdan sebitlere bölmek adamlaryň, alymlaryň, ylmy işgärleriň oýlap tapan zady. Olar hakykatda ýok, diýip nygtaýarlar. Amerikan alymlaryň häzirki döwürde hem hakyky ykdysady sebitler ýok we bolup hem bilmez diýip çykyş edýänlerine gabat gelip bolýar.

Patyşa Russiýasynda we Sowet Soýuzy döwründe ykdysady taýdan sebitlere bölmek barada birnäçe alymlar işlediler we olar özleriniň ylmy işleri bilen ykdysady sebitleriň (raýonlaryň) hakykatda ýerlerde emele gelýändigini subut etdiler. Ykdysady sebitleriň hakykatda, durmuşda bardygyny şeýle zatlar subut edýärler:

1.Hakyky sebit döredijі faktorlaryň kömegi bilen anyk ýerlerde döwletiň dürli ösüş döwürlerinde ýüze çykýan prosess. Ykdysady sebitleriň emele gelişine, olaryň ýuwaş-ýuwaşdan döreýşine we hojalygynyň bütewi ösüşine raýonara ykdysady gatnaşyklaryň çylşyrymlaşyşyna, köne ykdysady sebitleriň ýerine täze ykdysady sebitleriň emele gelişine syn etmek bolýar.

2.Döwletiň ýörüteleşen bölekleri hökmünde özara ykdysady taýdan baglanyşykly ulgamlaryň bolmagy, olaryň kömegi bilen hakyky ykdysady netijeleri gazanyp bolýar. Döwletde zähmet öndürijiligi ýokarlanýar.

3.Ykdysady sebitiň geljeginiň bolmagy, onuň ösüşini wagt(ýyllar) içinde durmuş tejribesiniň gözkezmegi, ösüşiniň geljegini hakykat bilen deňeşdirmek – onuň dogrudan hem bardygyny görkezýän alamatlardyr.

Şol zatlar esasynda olaryň araçägine häsiýetnama berip bolýar.

4.Ykdysady taýdan sebitlere bölmek barlagçylar tarapyndan dürli wagtda geçirilip, bir-birinden ylmy garýyşlary boýunça tapawutlanýan hem bolsa hakykaty görkezýär.

## 6. Ykdysady taýdan sebitlere bölmek nazaryýetiniň we tejribesiniň ösüşi.

Ykdysady taýdan sebitlere bölmek hakda gürrüň açanymyzda rus alymlarynyň eden işlerini ýatlaman geçip bolmaz. Bu meselä degişli ilkinji ylmy işler Pýotr 1-niň döwürdeşi beýik rus akyldary W.N.Tatişewiň eden işleri bellemäge mynasypdyr. Ol özüniň ylmy işinde Russiýanyň çäklerinde hojalygyň ýerleşişiniň dürlüligini, olaryň belli bir ugurlar boýunça ýörüteleşişini belläpdir. Soňra XIX asyryň başynda rus alymy K.I.Arsenew Russiýanyň ykdysady bölünişini görkezýän 2 sany karta düzüpdir. Şol döwürde ýaşan we işläp beýik rus alymy M.W.Lomonosowyň bitiren işleri uludyr. Soňra P.P.Semenow-Týan-Şanskiý, D.I.Mendeleýew, N.P.Ogarew, P.I.Pestel, N.P.Murawýow, Pawel Krýukow we beýlekiler bellemäge mynasyp alymlardyr. Olar özleriniň işlerinde Russiýanyň çäklerinde zähmet bölünişigini, öz döwrüne mahsus ykdysady sebitlere bölmek nazaryýetlerini işläp düzen alymlar hasaplanylýarlar. Olaryň ylmy işlerinde yykdysady sebitleriň hakykatda barlygy we döreýänligi, senagat kärhanalarynyň sebit döredijilik ähmiýeti, sebitleriň belli bir senagat, oba hojalyk önümlerini öndürmekde ýörüteleşýýändikleri barada ýazypdyrlar. Ondan başga-da Russiýada ýaşaýan ilatlaryň milli aýratynlyklary, senagat kärhanalarynyň ýerleşdirilişinde kanunalaýyklaryň göz

öňünde tutulyşy, ykdysady sebitleriň geljekde ösüşi, öndüriji güýçleriň ýerleşdirilişi we başga-da birnäçe problemalara seredilipdir.

P.P.Semenow-Týan-Şanskiniň we statistik Ýu.E.Ýansonyň Russiýany ykdysady taýdan sebitlere bölmek barada ylmy işleri bilen öz döwründe K.Marks hem gyzyklanypdyr. Soňra W.I.Leniniň hem bu babatda ýazan ylmy işleri bar. Ol özüniň "Russiýada kapitalizmiň ösüşi", "Sowet hökümetiniň nobatdaky wezipeleri" we beýleki işlerinde Russiýany we ABŞ-ny ykdysady taýdan sebitlere bölmekligi amala aşyrypdyr. Halk hojalygyny ösdürmekligi planlaşdyrmak üçin Döwlet plan komitetini (Gosplan SSSR) 1921-nji ýylda döredýärler. Ylmy taýdan esaslandyrylan ykdysady sebitler bolmasa hojalygy ösdürmekligi planlaşdyryp bolmaýar diýen netijýa gelindi. Gosplana G.M.Krjijanowskiý ýolbaşçylyk edip döwleti ykdysady taýdan sebitlere bölmekligi I.G.Aleksandrow, L.L.Nikitin işeňňir gatnaşdylar.

G.M.Krijijanowskiý ykdysady we durmuş taýdan sebitlere bölmekligi döwletiň ösüşini planlaşdyrmaklygyň esasy guraly hökmünde seretdi.

GOELRO planynda ýurduň hojalyygyny dikeltmeklik, onuň durkuny täzelemeklik esasy 3 sany ugur: önümçilik elektrikleşdirmek, ulag ulgamlaryny döretmek we ykdysady, durmuş taýdan sebitlere bölmek – boýunça alnyp barylmaly edildi. Şu nukdaý nazardan döwletde elektrostansiýalar, täze gara we demir ýollar gurlup başlanyldy. Bular sebitleriň ykdysadiýetiniň ösmegine, sebitara ykdysady gatnaşyklaryň gowulanmagyna, hojalyklaryň ykdysady we durmuş taýdan ýörüteleşmegine, peýdaly zähmet bölünişiginiň emele gelmegine täsir etmelidirler. Başda GOELRO plany boýunça Sowet döwletiniň çäklerinde 8 sany ykdysady raýon (şol sanda Türküstan) boýunça ykdysadiýet ýöredildi. Soňra M.I.Kalininiň ýolbaşçylygynda ykdysady sebitlere bölmekligiň täze usullary we usulyýetleri kabul edildi. Öň 1920-nji ýyllara çenli

ykdysady sebitler bölünende tebigy-taryhy şertler göz öňünde tutulan bolsa, indi ykdysady ýagdaýlara, ýagny ykdysady sebitleriň önüm öndürişi we önüm öndürmekde ýörüteleşişi, ýaşaýan halklaryň we halkyýetleriň durmuş ýagdaýynyň gowulandyrylmagy, dünýä ylmynyň we tehnikasynyň gazanan üstünlikleriniň hojalyga ornaşdyrylyşy, öndüriji güýçleriň peýdaly ösüşiniň ýola goýluşy we ş.m . göz öňünde tutulýar.

Ýurdy ykdysady taýdan sebitlere (raýonlara) bölmek Partiýanyň XI gurultaýynda (1922), XII gurultaýynda (1923) seredildi we degişli kararlar kabul edildi. 1929-njy ýylyň başyna çenli ýurduň çägini sebitlere bölmek tamamlanyldy. Birinji bäşýyllyk plan (1929-1932) 21 ykdysady raýon boýunça kabul edildi.

1930-njy ýylda Partiýanyň XYI gurultaýynda döwleti ykdysady taýdan sebitlere bölmek ýene-de gaýdyp gelindi. Öňki uly oblastlaryň (Ural, Dg.Kawkaz, Merkezi gara toprakly oblastlar) ýerine kiçiräk ýerli oblastlary döretmek karara gelindi. Öňki käbir oblstlaryň düzüminde 100-den gowrak aadminiistratiw rýonlar bolup dolandyrmak meselesi kynlaşýardy. Şeýlelikde SSSR-de köp sanly oblastlar döredildi. 1940-njy ýyldaa SSSR-de 9 ykdysady raýon toparlary döredildi. Halkara ýadaýlar göz öňüne tutulyp ykdysadyýeti "Harby ykdysayýete" öwürmek göz öňüne tutuldy. Ýurtda ýerli önümçiligi ösdürmeklige, ykdysady raýonlaryň her biri özüni özi üpjün etmeli mesele goýuldy.

1946-1950-ýyllar (4-nji bäşýyllyk plan) 13 sany topar raýonlar boýunça plan-laşdyryldy (Merkez, Dg Gb,Dg,Gb,Go,Dg Kawkaz,Powolžýe,Ural,Zakaw-kazýe,Gazagystan we Orta Aziýa, Gb Sibir,Gd Sibir,Uzak Gd).

Bu raýonlar özüni ýangyç, energiýa, metal, maşin, gurluşyk enjamlary, ýeňil we azyk senagat, oba hojalyk önümleri boýunça özüni-özi üpjin etmeli diýlen mesele goýuldy. 1957-njy ýyldan başlap pudaklaýyn dolandyrmaklykdan ýerli hojalyk ýolbaşçylara geçip soýuz,

awtonom respublikalaryň, ülkeleriň oblastlaryň “ykdysady administratiw raýonlaryň” çäginde (sownarkom) ýurdy dolandyrmaklyga girişildi. SSSR-de 100-den gowrak Sownarkom döredildi. Soňra 1961-nji ýylda SSSR-de 17 sany “ykdysady administratiw raýonlar” döredildi: Merkezi, Merkezi Gara toprakly, Wolga-Wýatha, Gazag-n, Orta Aziýa, Donbass-Pridneprowýe, Go, Go-Gb, Dg-Gb, Belorusiýa, Pribaltika, Zakawkazýe, Dg Kawkaz, Powoljýe, Ural, Gb Sibir, Gd Sibir, Uzak Gd. 1965-nji ýylda Sownarkomlar ýazydyldy. Senagat, oba hojalyk, ulag kärhanalaryna ministrlikler ýolbaşçylyk etdiler.

Ykdysady taýdan raýonlaşdyrmaklygyň nazaryýetini ösdürmekde N.N.Kolosowskiý we T.M.Kalaşnikowa köp işler etdiler. N.N.Kolosowskiý “Ýerli önümçilik toplumlaryň” nazaryýetini işläp düzdi.

Raýonyň tebigy, ykdysady, ulag şertlerine, ykdysady geografiki ýerleşişine baglylykda ykdysady taýdan ugurdaş kärhanalaryň bir ýerde jemlenmegine – ýerli önümçilik toplumy diýilýär diýen kesgitlemäni N.N.Kolosowskiý berýär. Onuň pikirine görä “Ýerli önümçilik toplumlar” ykdysady taýdan raýonlaşdyrmaklygy çalyşmaýar. Onuň ýerlerde bütewi senagat, oba hojalyk, ulag toplumlarynyň emele gelmegine, ösmegine, raýonlaryň önüm öndürmekde ýörüteleşmegine alyp barýar.

N.N.Kolosowskiý ýerli önümçilik toplumlar nazaryýetinde energiýa önümçilik siklleri (energoproizwodstwennyýe sikly) hakda hem ýazýar. Ol gazma baýlyklaryň şol sanda energetik çig mallaryň gazlyp alnandan tä taýýar önüm öndüriliş prosesini öz içine alýar. Bu pikir soňky ýyllarda köp ykdysady geograflar tarapyndan goldanylmady we ösdürilmedi.

## 7. Döwletiñ meýdan-çägini ykdysady we durmuş taýdan sebitlere bölmek.

Türkmenistany ykdysady taýdan raýonlaşdyrmak döwlet döredilenden soň başlandy. Soýuz wagtynda ol mydama uly Orta Aziýa ykdysady raýonyna degişli edildi. Onuň ýerini, hojalygyny ykdysady taýdan raýonlaşdyrmaklyga edilen synanyşyklary N.N.Baranskiniň, Z.G.Freýkiniň, A.G.Babaýewiň, D.A. Amanekowyň we beýleki alymlaryñ işlerinde hem görmek bolýar. Türkmenistany ykdysady taýdan raýonlaşdyrmaklygy ylmy nukdaý nazardan has çuňňur öwrenen alym N.O.Oraýewdir.

Islendik döwletiň çäginde ykdysady we durmuş sebitleriň (raýonlaryň) döremegine sebäp bolýan faktor ol hem hojalygynyň ýörüteleşmegidir. Önümçiligi ýerleşdirmekligiň köp dürli görnüşleriniň biri bolan ýörüteleşmek ykdysady we durmuş sebitleriň (raýonlaryň) biri-birinden tapawudyny ýüze çykarýan alamatlaryň iň zerurydyr. Ýörüteleşmek bu şol ykdysady we durmuş sebitde näme önüm öndürilýär-diýildigidir. Her bir ykdysady we durmuş sebit önümiň 1-2, kä halatda 3-4 görnüşini öndürýär. Eger ykdysady we durmuş sebit köp görnüşli önümler öndürip, onuň belli bir ugry-ýörüteleşen pudagy bolmasa, ol doly bahaly ykdysady sebit bolup bilmeýär.

Ykdysady sebitleriň ýörüteleşişini döredijileriň 3 sany görkezijisini subut etmek bilen kesgitlemek bolar (N.O.Oraýew, 1992, sah. 162-163):

1.Ykdysady sebitleriň ýörüteleşen pudagynyň şol ykdysady sebitiň umumy önüminde tutýan orny (uzel agramy) kabul edilen kada laýyklykda ýörüteleşen (öndürilýän) önüm ähli öndürilýän önümiň 50 %-inden ýokary bolmaly.

2.Ykdysady sebitiň ýörüteleşen pudagynyň öndürýän önüminiň belli bir bölegi başga raýonlara çykarylmalydyr, ýa-da haryt häsiýetli bolmalydyr. Eger ýörüteleşen önüm ykdysady sebitiň

daşyna çykarylmasa, ol ykdysady sebit diňe ýerli ähmiýetli (lokal) ykdysady sebit bolýar.
3.Ykdysady sebitiň ýörüteleşen pudagynyň önüminiň jan başyna düşüş derejesi beýleki ykdysady sebitleriňkiden ýokary bolmalydyr.

Ykdysady sebitiň ýörüteleşen pudagynyň udel agramyny kesgitlemek üçin indeks usulyny peýdalanmak zerurdyr. Onuň üçin şu aşakdaky formulalar peýdalanylyp bilker:

$$S_i^y = \frac{P_i^y}{P_y} : \frac{P_i}{P}; \qquad L_i = \frac{P_i^y}{p_I} : \frac{P_y}{P}.$$

Bu ýerde
S - ýörüteleşiş koeffisiýenti (koeffisiýent spesializasii)
i - ýörüteleşen pudak
y - ykdysady sebit
P - ykdysady sebitde ýörüteleşen pudagyň önümi
$P^y$ - ykdysady sebitde umumy öndürilen önüm
$P_y$ - Döwletde ýörüteleşen pudagyň umumy önümi.
Li - ykdysady sebitde ýörüteleşen pudagyň jemleniş derejesi (itogowaýa stepen spesializasii otrasli ekonomiçeskogo raýona).

Ýöriteleşen pudagyň ähmiýeti, onuň ykdysady sebitiň hojalygynyň düzüminde tutýan orny önümiň sebitara harytlylyk koýefisiýentiniň kömegi bilen kesgitlenilýär. Ol sebitde umumy öndürilen önümiň näçe mukdarynyň başga etraplara, sebitlere çykarylandygyny bilmek arkaly ýüze çykarylýar, onuň üçin şu aşakdaky formuladan peýdalanylýar.

$$a_i^y = \frac{w_i^y - v_i}{H_i^y}$$

a - sebitara harytlylyk koeffisiýenti

i - ýörüteleşen pudaklar
y - ykdysady sebitler
W - ýörüteleşen pudagyň önüminiň ykdysady sebitden çykarylan möçberi
Vi - ykdysady sebitde ýörüteleşen pudagyň önüminiň başga ýerden getirilen
mukdary.
H - ykdysady sebitde ýörüteleşen pudagyň öndüren önümi.

Ykdysady sebitiň ýörüteleşen derejesini kesgitlemekde bu sebitde ýörüteleşen pudagyň önüminiň şol welaýatda ýaşaýan ilatyň jan başyna düşüşi zerur görkezijileriň biridir. Adatça ýörüteleşen önümler beýleki sebitler bilen deňeşdirilende ilatyň jan başyna has köp düşýär we hut şonuň üçin ol sebit, etrap ýörüteleşen pudagyň ady bilen häsiýetlendirilýär.

## 8. Ýerlerde kärhana toplumlarynyň emele gelmek nazaryýeti.

Ykdysady we durmuş sebiti emele getiriji faktorlaryň arasynda hojalygyň hemmetaraplaýyn ösüşi möhüm ähmiýete eýedir. Bu faktor ýörüteleşiş bilen berk baglanyşyklydyr. Çüňki toplum ýörüteleşen pudagyň esasynda döreýär. Onuň ösmegine ýardam edýär. N.O.Oraýewiň (1993, sah. 164-165) pikirine görä toplum (kompleks) bu ykdysady we durmuş sebitiň çäklerinde ýerleşen önümçiligiň özara baglanyşygydyr we olaryň önümçilik gatnaşyklary biri-biriniň içinden eriş-argaç bolup geçmeginiň netijesidir. Topluma girýän hojalyk pudaklary özleriniň tutýan orunlaryna baglylykda dört topara bölünýär:

1.Toplumyň esasy özine häsiýetli bolan ýörüteleşen pudak, beýleki pudaklar şu pudagyň esasynda emele gelýärler.
2.Kömekçi pudaklar. Olar ýörüteleşen pudagyň ösmegine ýardam edýärler.

3.Goşmaça pudaklar – ýörüteleşen pudagyň esasynda dörän täze hojalyk pudaklary.
4.Hyzmat ediş pudaklary – ýörüteleşen esasy, kömekçi we goşmaça pudaklara hyzmat edýän pudaklar (durmuş hyzmaty, ulag, aragatnaşyk, söwda, saglygy saklaýyş we ş.m.).

**Toplum**-belli bir giňişlikde, aslyýetinde ykdysady sebitiň (raýonyň) çäklerinde döreýär. Oňa şol ýerdäki önümçilik we önümçilik däl sfera degişli pudaklaryň hemmesi girýär. Bu bolsa öz gezeginde öndüriji güýçleri ýerleşdirmegiň täze görnüşiniň döremegine getirýär, ýagny ýerli-önümçilik toplumy döreýär. Ýerli önümçilik toplum belli bir giňişlikde biri-biri bilen baglanyşykly önümçilik kärhanalaryň sazlaşykly, utgaşykly işlemegine we ösmegine aýdylýar. Ýerli önümçilik toplum 3 sany düşünjäni özünde jemleýär:
1.Ýer-islendik zawodyň, fabrigiň ýerleşen ýeri, ýagny onuň geografik adresi.
2.Önümçilik-şol ýerde ýerleşen zawod, fabrikler, oba hojalyk, ulag kärhanalary we olaryň toplumy.
3.Toplum-önümçilik pudaklarynyň özara baglanyşygy, utgaşykly, sazlaşykly işlemegi we ösmegi.

Ine şeýle toplum her bir ykdysady we durmuş sebiti üçin häsiýetlidir. Olar ösüş derejeleri boýunça gutarnykly emele gelen, döreýän, doly gutarylmadyk, ýagňy döräp başlandiýilýän toparlara bölünýärler.

Ýerli önümçilik toplumlar tutýan masştaby (meýdany, önüminiň mukdary, işgärleriň sany we ş.m.) boýunça uly (umumydöwlet), sebitara (regional-ykdysady sebitiň çäginde), ýerli (local) ähmiýetli diýen toparlara bölünýär.

Ykdysady sebitiň çäklerinde durmuş hyzmat ediş obýektleri hem ep-esli orny eýeleýär. Olar önümçilik toplumynyň ygtybarly ösmegine, işlemegine uly goldaw berýärler.

Bazar ykdysadiýetinde geçilýän döwürde durmuş hyzmaty kärhanalarda işleýän adamlaryň sany artýar. Kiçi we

Orta kuwwatly kärhanalar döreýärler. Olar hojalyga degişli dürli hili önümleri öndürýäler. Netije-de, ol kärhanalar ýerlerde önümçilik toplumyň döremegine we ösmegine gowy täsir edýärler.

**Edebiýat.**


Голубчик М.М. и др. Экономическая и социальная география. Москва, ВЛАДОС, 2003.

Колосовский Н.Н.Теория экономического районирования. Москва, 1969.

Колотиевский А.М. Вопросы теории и методики экономического районирования(в связи с общей теорией экономической географии). Рига, «Зинатне», 1967.

Oraýew N.O. Türkmenistanyň ykdysady we sosial geografiýasy. Aşgabat, Magaryf, 1992

Сдасюк Г.В. Индия: география хояйства. Москва, «Наука», 1975.

Шарыгин М.Д., Федорцов Н.П. Основы учения о территориально-производственных комплексах. Саранск, «Университетское» 1993.

## Mazmuny

1. Geografiki etraplaşdyrmagyň maksady we öňünde durýan wezipeleri…………………………………………7
2. Fiziki-geografik etraplaşdyrmanyň döreýiş we ösüş taryhy…………………………………………………………16
3.Fiz-geografik etraplaşdyrmagyň esasy edähetleri………………………………………………………34
4.Fiziki-geografik etraplaşdyryş we landşafty öwreniş nazaryýetiň döreýşi we ösüşi……………………………..36
5. Türkmenistanyň çäklerini fiziki-geografiki ýa-da landşaft taýdan böleklere bölmek..................................................44
6. Ykdysady we durmuş geografiýanyň ösüşi……………….47
7. Döwleti ykdysady taýdan sebitlere (raýonlara) bölmek nazaryýeti we ýerlerde önümçilik toplumlarynyň döremegi...........................................................................77
Mazmuny...........................................................................98